TMGI

Ş. Geldyýewa.

# Totynyň hekaýatlary.

Aşgabat – „2004.

## Sözbaşy

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy baryp 1989-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 19-ynda edebi mirasymyzy öwrenmek barada karar çykardy. Şol kararyň netijesinde, medeni genji hazynamyzdan gaýdýan bulaklarnyň, çeşmeleriň ýoly arçaldy. Beýik Ýurtbaşymyzyň şol karary gadagan edilen eserleriň çapa taýýarlanylmagyny hem düýpli öwrenilmegini edebiýatçy alymlaryň öňünde gaýragoýulmasyz meseleleriň biri edip keserdip goýdy. Edebi, medeni ýadygärlikleriň ähmiýeti hakynda şu mesele bilen bagly çykyşlarynda gymmatly pikirleri öňe sürdi:

"Edebi mirasymyza ýygy-ýygydan ýüzleneliň! Olar size hakykata göz ýetirmegi, halaly haramdan saýgarmagy, ata Watany, ene topragy, halkyňy, ata-eneňi söýmegi öwreder" (Saparmyrat Türkmenbaşynyň pähimleri we sargytlary, Aşgabat, Ruh, 1995, 61 sah.).

Iňňän uly ylmy hem öwredijilik ähmiýeti bolan bu setirler diňe bir edebi mirasymyza berlen ýokary baha däldir. Ol mirasyň gymmatynyň uly şahsyýet, köptaraplaýyn alym tarapyndan açylmagydyr.

"Eziz halkym!

Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr". (Mukaddes Ruhnama, 98 sah.).

Ogullyk borjuny turuwbaşdan ilkinji bolup amala aşyran, türkmen edebiýatynyň gözbaşyny, gadymyýetden gelýän paýhas bulaklarynyň ýollaryny arçan, olaryň edebi esaslaryny, köküni anyklan, ähmiýetini, gymmatyny açan beýik Alym köklerini uzak geçmişden alyp gaýdýan ata-babalarymyz, danalarymyz tarapyndan döredilen, uzak ýyllar paýhas eleginden geçirilip timarlanyp-timarlanyp şu günlere ýetirilen, her hili ýagdaýlarda hem ýüreklere kuwwat berýän edebi ýadygärliklerimiziň gözlegine çykdy. Olaryň milli hazynamyza gowuşmagy üçin uly tagallalar etdi. Şol sanda özümizde öň bar bolan dürli-dürli sebäpler bilen gulp astynda saklanan şeýle hem neşir edilip, emma olara ýüzleý ýa-da nädogry

baha berlen eserleri häzirki Garaşsyzlyk döwrümiziň ruhy bilen täzeden neşir edilmegine mümkinçilik döretdi.

Edebi mirasymyzy öwrenmekde, ony neşire taýýarlap halka ýetirmekde uly hem gymmatly ýörelge bolan bu mümkinçiliklerden peýdalanyp, edebi hazynamyzda saklanýan nusgalaryň esasynda "Totynyň hekaýatlaryny" täzeden neşire taýýarlamaklygy maksat edindik.

"Totynyň hekaýatlary" birinji gezek 1945-nji ýylda, ikinji gezek 1962-nji ýylda dil we edebiýat ylymlarynyň doktory Baýmuhammet Garryýew tarapyndan neşire taýýarlanyp halka ýetirilipdir. Alym "Totynyň hekaýatlaryny" haýsy çeşmeden taýynlandygyny, onuň belgisini görkezmändir. Ýöne onuň Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň 730 F belgili bukjasynda saklanýan nusganyň esasynda taýýarlanandygyny çaklamak bolýar.

Ýygyndynyň 1962-nji ýylda neşir edilen nusgasy gysgajyk sözbaşy bilen üpjün edilipdir. Sözbaşyda "Totynyň hekaýatlary" barada gysgajyk maglumat berilýär. Hekaýatlaryň kysymy babatda ertekilere degişlidigi aýdylýar. Ýygyndy 1945-nji ýylyň neşiri bilen deňeşdirilende birneme ýylmanypdyr, ýöne "Totynyň hekaýatlaryna" şol döwrüň ruhy, talaby bilen baha berlipdir.

Totynyň hekaýatlarynyň sözbaşysy häzirki döwrň talabyna görä täzeçe ýazyldy. Hekaýatlara giňräk baha berildi. Şol sanda ýygyndynyň içindäki hekaýatlar talaba laýyk tutuşlygyna diýen ýaly täzeden işlendi.

Şu ýerde bir mesele nygtalsa maksada laýyk boljak. Halkyň kalbyny täzelejek, ruhuny baýlaşdyrjak, olary gelejege ruhlandyrjak eserleri öwrenmeklige, neşir edip halka ýetirmeklige iňňän jogapkärli çemeleşýän Beýik Serdarymyz käbir çeşmeleriň, olarda wakalaryň başga-başga ýurtlarda bolup geçmegini şertli ýagdaý hasap edip, eger-de olarda türkmen halkynyň milli häsiýetlerine, däp-dessurlaryna, ata-baba ýörelgelerine laýyk gelýän esasy alamatlar ýeterlik bolsa, onda bu eserlere öz hazynamyz, baýlygymyz hökmünde garalmalydygyny aýratyn nygtady.

Türkmen edebiýatyna, halk döredijilik eserlerine onuň bilen uzak ýyllar goňşuçylykda oturan halklaryň şol sanda uzakda bolsa-da dürli ýollar bilen aralarynda medeni, durmuşy gatnaşyklary bolan, dünýägaraýyşlary, ýaşaýyşlary,

durmuşa garaýyşlary, käbir babatda gylyk-häsiýetleri, däp-dessurlary biri-birine kybapdaş gelýän halklaryň täsiri bolupdyr. Galyberse-de, her bir halk beýleki halkdan alan edebi gymmatlyklaryna meselem, ertekimi, hekaýatmy, ýa dessanmy tapawudy ýok, öz täsirlerini siňdiripdir. Olary öz durmuş şertlerine, milli garaýyşlaryna, däp-dessurlaryna, gylyk-häsiýetlerine laýyklykda gaýtadan işläpdir, hatda olary milli diliniň ülňüsine salypdyr. Bu ýagdaýda aýratyn hem halk döredijiligine degişli eserleriň haýsy halkyňkydygyny anyklamak ýeňil düşenok. Aslynda ony anyklamak hökman hem däl, haýsy halk ony özüne kybapdaş işlän bolsa, şol eserler ol halkyň baýlygyna öwrülýär.

Aslynda-ha ertekiler, hekaýatlar bir halkdan beýleki halka göçüp-gonup, düşen ýerine uýgunlaşypdyr, şol halkyň islegine görä kämilleşipdir. Onsoň her halk ony öz baýlygy hasap edipdir.

Şeýlelikde, "Totynyň hekaýatlary" türkmenleriň arasynda, türkleriň ýa araplaryň we beýleki halklaryň arasynda döräpmi tapawudy ýok, biziň öz edebi baýlygymyza öwrülip gidipdir. Sebäp diýseň, "Totynyň hekaýatlarynda" ynsanyýete, şol sanda türkmen halkyna mahsus bolan iň ajaýyp häsiýetler: ynsanperwerlik, watanperwerlik, şaha adyllyk, dosta-ýara wepalylyk, sahawatlylyk, myhmanparazlyk, ygrarlylyk, jomartlyk, şahandazlyk ýaly häsiýetler jemlenipdir. Aýratyn hem "Hekaýatlaryň" zenan gahrymanlaryny türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan milli häsiýetler: geçirimlilik, ugurtapyjylyk, maşgala ojagyna wepalylyk, ygrarlylyk, paýhaslylyk, agraslyk, gaýratlylyk, ar-namyslylyk, ahlak päkligi ýaly häsiýetler bezeýär.

"Totynyň hekaýatlary" gurluşy boýunça araplaryň meşhur "Müň bir gijesini" ýadyňa salýar. Ýöne "Müň bir gijäniň" her taraplaýyn has kämildigini aýtmalydyrys.

"Totynyň hekaýatlarynda" her hekaýadaky wakalar bir gijäniň dowamynda jemlenýär. "müň bir gijede" wakalar bir gijeden ikinji gijä geçýär. Onuň-da özüne görä sebäbi bar.

"Totynyň hekaýatlarynda" dilewar, akylly totynyň maksady adamsy syýahata giden soň, meslikden hem ýalňyzlykdan başga bir erkege göz gyzdyrýan aýalyň şol

niýetini adamsy gelýänçä başa bardyrmazlyk üçin, ony her gije bir erteki aýdyp berip güýmemekden ybaratdyr. Emma "Müň bir gijede" her gije bir ýaş gyz bilen bolup, ony ertesi ölüme höküm edýän zalym Şähriýar patyşadan paýhasly ertekiçi Şährizada öz ýaş ömrüni halas etmek üçin, erteki aýdyp berýär. Şonuň üçin hem eger ol erteki daňdan jemlense, onda ýaş gyzyň ömrüniň paýawlanjakdygy ikiuçsyz. Şonuň üçin hem akylly gyz zalym şanyň päline tor gurup, ertekidäki wakalary daňa golaý iň dartgynly, täsirli ýerinde kesýär. Şähriýar gyza berilmeli jezany unudyp, ikinji gijä, şol wakany diňlemeklige howlukýar.

Şeýlelik bilen "Hekaýatlardaky" toty, Hüjestäni erteki bilen güýmäp ony adamsy Meýmun gelýänçä bet niýetinden saklaýar, "Müň bir gijede" Şährizada zalym şany erteki bilen güýmäp, özüni ölümden halas edýär.

Uzak ýyllaryň dowamynda halkyň arasynda söýlüp okalyp gelinýän bu iki sany ajaýyp halky eserleriň  öz içine alýan ertekilerinde sýužetlerinde, hekaýatlarynda ülňi taýdan-da, taglym, mowzuk taýdan-da biri-birine kybap gelýän meňzeşlikler bar. Meselem "Hekaýatlardaky" aýalyny dünýäden gabanyp, arkasyna alyp ýören pil (piliň asly adam) bilen "Müň bir gijedäki" aýalyny gabanyp, şahynda gezdirip ýören döwüň hereketlerinde-de meňzeşlik bar. Bu hekaýatlaryň ikisinde-de zenanlar birmeňzeş hereket edýärler. Biri her gezek keseki erkek adama duşanynda onuň sanyny takyklamak üçin, ýüpden düwün edýär. Beýlekisi ("Müň bir gijede") duşan adamynyň ýüzügini alyp galyp onuň sanyny bäş ýüz ýetmişe ýetirýär.

Hekaýatlaryň ikisinde-de pälini ýamana tutany hiç bir güýjüň, hereketiň saklap bilmejekdigi nygtalýar. Muňa meňzeş mysallar ertekiler hem hekaýatlar toplumynyň ikisinden hem getirip deňeşdirseň, mysal ýeterlik, ýöne biz ony şu çaklaňja sözbaşyda zerur hasap edemzok. Sebäp diýseň, meňzeşlikler diňe bir olaryň mazmunynda ýa taglymynda däl, etsem, öň hem nygtaýşymyz ýaly, olaryň beýan edilişinde-de hekaýa içinden hekaýa çykaryp, wakalary bir uçlyýüpe düzüp gitmek, gahrymanlarynyň häsiýetleriniň açylşynda-da, garşylyklaryň ýitileşip hem soňlanylyşynda-da meňzeş.

Eserleriň ikisine-de söwdagärler, şalar, wezir-wekiller, baýlar, garyplar, serkerdeler gatnaşýar. Haýwanlaryň, jadyly zatlaryň üsti bilen ynsan häsiýetleri açylýar.

"Totynyň hekaýatlary" "Totynama" ady bilen Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutymyzyň hazynasynda 6409, 3813, 512, 2060 we 730 F belgili bukjalarda saklanýar. Çeşmeleriň 730 F we 2060 belgili bukjalarda saklanýan nusgalary doly. Galanlarynyň ýa başy ýok, ýa yzy ýok. Aslynda olaryň 2060-njy belgili bukjadaky nusga bilen meňzeşligini anyklap bolýar. Sebäbi "Totynyň hekaýatlarynyň" bu nusgasy hem bölek-bölek doly bolmadyk nusgalar arap elipbiýinde daşbasma usulynda  çap edilen.

Hazynamyzdaky 2060 belgili nusga-da saklanýan „”Totynama” 35 sany hekaýaty öz içine alýar. Ýygyndynyň girişinde hekaýatlaryň türki dilde gepleýän halklara düşnükli bolmagy üçin, türki dilde ýazylandygy aýdylýar. Onuň kimiň dilinden göçürilip alnandygy belli däl. Ýöne ol hijri hasaby bilen 1324-nji ýylyň baýram aýynyň 21-inde göçürilip gutarylypdyr. Ony milady hasabyna öwürseň 1906-1907-nji ýyllara gabat gelýär.

Golýazmany göçüren kätip Şaşy diýlip eseriň soňlamasynda görkezilipdir.

"Totynyň hekaýatlarynyň" ikinji doly nusgasy hazynamyzyň 730 F belgili bukjasynda saklanýar. Türkçe ýazylan, sözlüksiz düşünmesi kyn sözleri ýeterlik 2060 belgili bukjada ýerleşýän nusgadan tapawutlylykda, bu çeşme türkmençe hem rus elipbiýinde ýazylan. Ol 1943-nji ýylda Garabekow tarapyndan ulag işgäri Satdarowanyň dilinden ýazylyp alnypdyr. Biz "Totynyň hekaýatlaryny" şu nusga esasynda çapa taýýarladyk.

"Totynyň hekaýatlary" ähli nusgalarynda öň hem nygtaýşymyz ýaly, dessan atlandyrylýar, emma olarda dessana mahsus alamatlar, häsiýetler ýok. Olar ownuk hekaýatlardan durup, hersi özüçe bir taglyma gulluk edýär. Hekaýatlarda boýdan-başa mazmun birligi saklananok. Wakalarda bir taglyma gulluk edýän garşylyk ýitileşip gidenok. Şeýlelikde, birinji gijäniň hekaýaty bolaýma-sa, olaryň ýerleri çalşanda-da üýtgeýän zat ýok.

Hekaýatlaryň boýdan-başa içinden geçýän belli bir gahrymany ýok, tersine, her hekaýatyň öz gahrymany bar.

Ýöne "Totynyň hekaýatlarynda" iki gahryman – toty bilen Hüjeste biri aýdyjy, beýlekisi diňleýji bolup bütin hekaýatlaryň içinden geçýär.

Otuz bäş gijäniň hekaýatlaryny öz içine alýan ýygyndynyň başynda edil dessanlarda bolşy ýaly, başda bir ýurduň hökümdarynyň perzentsizliginden söz açylýar.

Soň Ahmet Soltanyň gije-gündiz Perwerdigäre doga-dileg etmegi, ýalbarmaklary netijesinde Hudaýtagala oňa bir hoşsurat ogul peşgeş berýär.

Hekaýatlarda waka Meýmun atly şol oglanyň özi bilen däl-de, onuň eslije pul berip satyn alan totysy hem onuň öz aýaly Hüjeste bilen bagly gidýär.

Ýygyndyda totyny irginsiz hekaýa aýtmaklyga, Hüjestäniň uguny ýekelemek üçin ýüregindäkini gizläp, onuň ýüzüne başga zatlary diýmeklige mejbur edýän wakalar şundan başlanýar.

Ýygyndyda boýdan-başa wakalar, rowaýatlar dilewar, akylly ertekiçi totynyň dilinden gürrüň berilýär. Toty Meýmun uzak ýola şikara gidende, özüne tabşyran aýalyny – Hüjestäni ýaramaz niýetlerden saklamak üçin her gije ony bir hekaýat bilen güýmeýär.

Elbetde, bir şäherden öz ýurduna düşen syratly, görmegeý ýigide aşyk bolan, oňa ýetjek bolup her gün dyzap duran aýaly saklamak tota ýeňil düşenok.

Şu ýerde bir meseläni aýratyn nygtamaly. Ol-da bu ýygyndyda totynyň keşbiniň iňňän ussatlyk bilen çekilmegidir.

Gara günde galyp, her gün bir hekaýaty oýlap, iňňän ökde artistiň roluny oýnaýan, kalby bir zat, dili  bolsa başga zat diýýän toty ýygyndynyň dowamynda iňňän akylly, dilewar, ugur, ýol tapyjy, gaty zerur ýerinde duzak gurmagy başarýan bir akylly adamy ýadyňa salýar.

Bir mysal.

Başda Hüjeste özüniň edýän işiniň telekdigine düşünýär. Emma yşka düşüp aklyny aldyran, edebiň, paýhasyň jylawyny elden gideren Hüjeste zenan hökmünde Şärige (totyny ýalňyz goýmazlyk üçin Meýmunyň satyn alyp giden guşjagazy) sala

salýar. Akyllyja Şärik öz hojaýynynyň hem Hüjestäniň abraýyny gorap, ýüregindäkini aýdýar. Şärik özüniň kapasadan çykarylyp, tüýdüm-tüýdüm ediljekdiginden bihabar bu işi telekdigini, yzynyň ýaramaz gutarjakdygyny düşündirýär.

Bigünä Şärigiň düşen ýagdaýy totyny oýlandyrýar. Ol şu wakadan soň bikesine iňňän seresaply çemeleşmelidigine, ony pälinden gaýtarmak üçin başga ýoly gözlemelidigine akyl ýetirýär. Şundanam ol biwepa aýala tor gurup başlaýar. Öňi bilen bigünä Şärigiň üstünden daş togalap, bikesiniň ýanynda ony ýazgarýar. Aýallar nakys hem namysjaň bolansoň, göwnündäkini aýdýandyklary üçin, olardan öýkelemeli däldigini düşündirýär. Bikesini hak hossary hökmünde ynandyrmak üçin, toty hakyky dilewarlygyna başlaýar we oňa şeýle diýýär: "Sen hiç bir zadyň pikirini we aladasyny etme, tä janym tenimden çykýança, men seniň işiňden we bu baradaky duýgularyňdan habardar bolaryn, hem seniň tarapdaryň bolaryn. Bu hili gizlin syryň paş bolup, ile we äriňe äşgär bolsa, Hudaý hem halamaz. Bardy-geldi bu gizlin işiňi ahyrda äriň bilip, araňyza agzalalyk we awaralyk düşse hem öň bir zamanda bolup geçen Perruh begiň totysynyň ýaraşdyryşy ýaly, sizi hem ýaraşdyrar men".

Ine, şundan soň Hüjestäniň imrinip, ýolundan galyp, höwes bilen diňleýän hekaýatlary başlanýar.

Toty birinji hekaýatda biwepalyk etmek isleýän aýalyň ynamyna girmek üçin, biwepalyk eden aýalyň etmişini onuň ärinden gizlän başga bir totynyň hekaýatyny aýdyp berýär. Bu bir, ikinjiden, toty Meýmunyň aýalyny öz hekaýatlary bilen güýmäninde, ony bet niýetlerden saklaýandygyny duýdurman, tersine, Hüjestäni aşygyna gowuşmak arzuwyna ýetmäge howlukdyryp oňa hemaýat edýän kişi bolan bolup gussasyny paýlaşyp, süýji sözler bilen duzak gurýar.

Şeýlelik bilen, ilkinji, ýagny, Perruh begiň habarçy totusy bilen baglanyşykly hekaýat Hüjestä ynanmazlyga ýol goýmaýar. Sebäp diýseň, totynyň Hüjestä aýdyp beren ilkinji hekaýatynda Perruh Keýik atly toty ähli malyny-mülküni, özüne tabşyryp, uzak ýurda giden söwdagäriň onuň aýalynyň yzynda edýän dönükligini, söwdagär habar gaýdyp gelende ondan gizleýär. Bu waka söwdagäre kesekiden

ýetende, aýaly ony bigünä totydan görüp, Perruh Keýige ölüme barabar sütem edýär. Haçanda  aýalyň özi totynyň ýagdaýyna düşende bir sebäp bilen ölmän galan totynyň  "ýamanlyga ýagşylyk" etmek, isläp ýalan sözlemegi, netijesinde adamsy bilen ýaraşdyrýar.

Elbetde, kim tarapyndan bolsa-da biwepa hatynyň aklanjak bolunmagy ündelmeli ýa oňlanmaly mesele däl. Ýöne bu ýerde toty görgüli ol hekaýaty Hüjestäniň ynamyna girmek üçin getiripdir. Bu hekaýat ikinji bir erbetligiň ýüze çykmagyna böwet basmak üçin hyzmat etdirilipdir.

Durmuşy ertekilere gaty çalymdaş bu hekaýatlaryň aňyrsynda kämil zehin ýatyr. Sebäbi wepasyz bir aýal, başga bir aýalyň şol ýola düşmezligine gurban edilýär. Onsoňam biwepa aýalyň "aklanyp" maşgalasyna gowşup, ýaşap başlamagy  meseläniň çözüldigi däl. ÝÝalançy biwepa zenan öz ynsabynyň, iliniň öňünde abraýdan düşdi. Bu akyly bolana uly jeza. Iň bolmanda adamy ynsaby horlap başlanda, oňa gaçyp gutulmaga ýer galmaýar.

Ýokarky hekaýatyň tersine, esgeriň aýaly bilen emirzada hakyndaky hekaýatda esgeriň akylly-paýhasly, ugurtapyjy, namysjaň aýalynyň edýän hereketlerinde, gylyk-häsiýetlerinde tüýs türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan durnuklylyk, maşgala ojagyna, ýara wepalylyk, päklik, namysjaňlyk, çusluk, sabyrlylyk, edeplilik, adamkärçilik ýaly häsiýetler jemlenipdir.

Beýlekilerden uzak bu hekaýatda hekaýa içinden hekaýa çykarylyp, maşgalada birek-birege berk ynam bolmaly, eger şol ynam bolmasa, iki tarap üçin hem hormatyň-sylagyň gutarýandygy ündelýär. Bu şeýle gözel aýaly ýere-göge rowa görmän gabanyp, arkasyna alyp ýören bir adamyň ýalňyşlygy bilen düşündirilýär. Sandykda saklanýandygyna gahar eden, öçli zenan, pil sypatyna giren adamsy her gezek dynç almak, otlamak üçin ýük ýazdaranda, ýüz sany ýigit bilen duşuşýar. Emma niýetini ýamana tutmadyk ar-namysly, iňňän arassa aýal diňe ol adamlar bilen dostlaşýar. Bu hakykata göz ýetiren gabanjaň pil edýän işiniň telekdigine, ar-namyssyz aýaly sandykda saklap bolmajakdygyna düşünýär.

Bu hekaýatda yşka düşüp, adamsynyň hem özüniň garşysyna hile guran "men" diýen ýigitleri hem emiri çorşuga çolaşdyryp, dyza çökerip, olary masgaralap, ile

ryswa edýän ýaş gelniň häsiýetlerinde neneňsi mertlik, gaýratlylyk, namysjaňlyk jemlenipdir.

Esgeriň aýalynyň gyn-gyssaga düşen ýagdaýyndaky ugurtapyjylygy, pähim-paýhasy, ar-namyslylygy her döwürde-de zenanlar üçin görelde.

Hersi bir taglyma gulluk edýän, halkyň isleg-arzuwlary siňen "Totynyň hekaýatlary" ynsanperwerlik, mertlik, agzybirlik, dostluk, päklik, ahlaklylyk, ar-namyslylyk hakyndadyr.

"Hekaýatlarda" gahrymanlaryň özara gatnaşyklary, çaknyşyklary arkaly açgözler, hilegärler, ahlaksyzlar, ikiýüzli namartlar, ogrular ýitilik bilen paş edilýär.

Ýygyndynyň agramly böleginde adalatlylyk adlatsyzlykdan üstün çykýar.

Meselem, ýygyndynyň 22-nji we 31-nji hekaýatlarynda "Ýagşylyk etseň ýerde ýatmaz", 17-nji hekaýatynda "Ýakma bişersiň, gazma düşersiň", 16-njy hekaýatda "Azyrganan aç galar", 29-njy hekaýatda "Ýagşylygy gadry bilene et, duşmana ýagşylyk etseň heläk bolarsyň", 32-nji hekaýatda "Birleşen güýjüň alnynda kynçylyk durmaz", 26-njy hekaýatda "Pähim-parasat, ynsanperwerlik duşmanyňy-da dyza çökerer", 30-njy hekaýatda "Nebisjeňligiň soňy heläkçilik" we ş.m. taglymlar öňe sürülýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň adalatly nygtaýşy ýaly, türkmen halkynyň ýekinde ýigreneni haramylyk, nebisjeňlik, açgözlik, doklugy, mesligi göterip bilmezlik.

"Totynyň hekaýatlarynda" bu häsiýetler iňňän ýitilik bilen paş edilipdir. 11-nji hekaýatda „"Baýam baýa berer, hudaýam býa" diýmiş ýaly, uly döwletiň eýesi bar molla gol ýerde şere duşup, onuň kömegi bilen uly döwletiň eýesi bolýar.

Garyba-gasara hekaýat etmeli, uly iliň sylamaly adamy, uly baýlygy aňsatlap bilen ele salandan soň, şol baýlygyň eşretini, hözrini görp oturmaly. Halypa akylyny nebsine jylawladyp Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamasynda aýratyn nygtaýşy ýaly, açgözleri, nebisjeňleri azdyrýan tamakinlik gursun, ahyrda nebsiniň gurbbany bolan, Mollanam şeriň üstüne ikinji gezek elten şol tamakinlik.

Temegini göge tutup, atyň üstünde dünýä pitjik atyp göniüstüne sürünip gelýän açgöz molla gözi düşen dek myrryhy atlanan şer şerligini edýär. Dogry-da, beýle tipleriň alnyndan diňe şerler çykyp bilýär. Munça bolanyna görä şol wagt şeriň pikirinem ýazaly. „”Bir açgöziň parçalanany bilen dnýäde bir adamyň kemeldigi däl”. 26-njy hekaýatda perzent bilen atanyň, halk bilen häkimiň arasyndaky gatnaşyklar arkaly halk öz görmek isleýän durmuşyny beýan edipdir. Aňyrsy-bärsi görnüp duran çaklaňja hekaýat taglym gymmaty, täsir edijilik güýjüniň ýitiligi, mazmunynyň çuňlugy, giňligi bilen ünsüňi çekýär. Birinjiden, onda perzent bilen atanyň gatnaşygyndaky hormat-sylag, söýgi hakda söz açylýar. Ikinjiden, il-ýurt, döwlet bähbitli iňňän belent taglym gozgalýar.

Hekaýatda öz perzendine, çaksyz hormat goýýan atanyň gyz perzendi üçin edýän atalyk aladasy, adamkärçiligi iňňän täsirli bir wakanyň üsti bilen berilýär.

Hekaýatda dilewar totynyň gürrüň bermegine görä, bir baý söwdagäriň çaksyz owadan, edepli-ekramly gözel gyzy bolupdyr. Gyzyň gözelliginiň dabarasy dag aşypdyr. Oňa ýakyndan-daşdan atly-abraýly adamlar sawçylyga gelipdir. Balasyny dünýä taý görýän mährem ata geleni gaýtaryp oturypdyr. Söwdagariň öz içinde saklaýan syry, niýeti hekaýatyň dowamynda äşgärden bolýar.

Söwdagär bir gün alaga-da ýurduň patyşasyna hat ýazýar. Hatyň mazmuny şundan ybarat: "Meniň bir gyzym bar, suraty aýa meňzeýär we sözläninde sözi bilbiliňkä meňzeýär. Aňrujy kabul etseňiz, ol size laýykdyr".

Musulmançylykda köplenç tötänlik bolaýmasa, ata gyzyny kimdir birine hödürläp bermeýär. Ol namys bilinýär. Hekaýatyň dowamynda bolup geçýän wakalarda ýurduň patyşasyna söwdagäriň gyzyny hödürlemeginiň sebäpleri açylýar.

Perzendini patyşa mynasyp görýän ata üçin ilkinji orunda hökümdaryň patyşalygy däl-de, akyl-parasady, adamkärçiligi, mertebesi, halkyň içinde abraýy durýar. Adyl patyşa halkyň guwanjy, diregi, görer gözi, arkadagy, daýanjy. Halkyň goragçysy, hossary. Söwdagärem adyl patyşa, akylly-paýhasly gyzyny berip, hem şaga, halka, hem öz maşgalasyna ýagşylyk etmekçi.

Gözel gyzyň özüne rowa görülmegini hormat diýip düşünen patyşanyň iberen sawçylarynyň iş bitirmän gelmeklerinde ýene il-ýurt bähbidi ýatyr. Gyz gözelligine akyllary haýran bolan sawçylar: "Eger patyşa şol gözele öýlenäýse, onuň yşkyna düşüp, ýurdy unudar, halky gözden salar" gorkusy bilen, gyzy bigörklikde aýyplap ýalan sözleýärler.

Atasynyň sözi ýykylyp, öz göwnüne-de degilen namysjaň gyz hatda durmuşa çykandan soň hem patyşadan ar almak isleýär. Patyşa gurbaşynyň[1] öýlerine gelende, ol bezenip-beslenip balahana çykýar. Gyz gözelligine maýyl bolan patyşa gurbaşynyň öýlerine girmän yzyna dolanýar. Şu wakadan soň sawçylaryň syry açylýar. Emma patyşa wezirleriniň ýalançylygynyň sebäbini anyklandan soň, olaryň günäsini bagyşlaýar.

Gurbaşynyň maşgalasyna aşyk bolup derdine derman tapman, ýassykly-düşekli ýatan patyşany ol derdinden halas etmek töweregindäkilere hyllalla bolýar. Iň soňunda çykalga tapman wezir-wekiller gurbaşyny ýok etmeli diýen netijä gelýärler.

Emma töwereginiň maslahaty gulagyna ýetende, patyşanyň gaty gahary gelip şeýle diýýär: "Ýurduň häkimine öz raýatyna beýle kast etmek birehimlik, gabahatlyk bolmazmy, ýa häkimiň abraýy siz üçin hiç zatmy?".

Umuman, ýygyndyda derňelip oturylsa, täsirli, çuň mazmunly, belent taglymly hekaýatlar ýeterlik. Sebäbi olaryň aglabasynda goý, olar haýwanlar ýa-da jadyly bir hadysalar bilen baglanyşykly bolaýsyn, tapawudy ýok, durmuşy ertekileriň ülňüsinde döredilen ol hekaýatlar kämil kyssaçynyň eline düşüp, her taraplaýyn timarlanyp, olarda gündelik durmuşyň möhüm taglymlary öňe sürülýär. Şol durmuşyň haýsy döwürde bolup geçendigine garamazdan, olarda öňe sürülýän wesýetler şu güne, hatda gelejege-de hyzmat edip biljek möhüm pentlerdir.

"Hekaýatlaryň" ar-namysly, mert, ynsanperwer, arassa ahlakly gahrymanlary bir ýerde ahlak päkligiň, ýene bir ýerde, lebzi halallygyň, ikinji ýerde ar-namyslylygyň, üçünji ýerde il-ulusyň, adalatly şanyň goragçysy bolup çykyş edýär.

[1] Gurbaşy-1) ýarag ammarynyň başlygy,
2) patyşanyň ýa soltanyň ýarag göterijisi

"Totynyň hekaýatlarynda" ýurdy adyllyk bilen dolandyrýan, pähim-parasatly adyl şanyň öz hakyna kaýyl ynsaply söwdagäriň, namysjaň gözeliň we ogrulary, hilegärleri, süýthorlary, nebisjeňleri paş edýän ugurtapyjy mert ýigitleriň keşpleri çekilipdir.

Şu ýagdaýda taglym gymmaty, mazmunynyň çuňlugy, baýlygy, wakalarynyň durmuşylygy, milliligi bilen özüne çekýän, şalary adyllyga, ynsanyýeti agzybirlige, ynsanperwerlige, arassa ahlaklylyga, ar-namyslylyga, ogryny halallyga, dosty-ýary wepalylyga, azany, azaşany dogry ýola çagyrýan hekaýatlaryň neşir edilmeginiň möhümligi öz-özünden düşnükli.

## Hekaýatlary

Öňki zamanyň döwletlilerinden biriniň ady Ahmet Soltan eken. Onuň maly we mülki çäksiz kän bolup, ogul perzendi ýok eken. Ol hemişe hudaýhonlaryň hyzmatyna barar eken. Gije-gündiz Hudaýdan ogul diläp doga eder eken. Birnäçe wagt geçenden soň asmany we ýeri ýaradyjy Hudaýtagala Ahmet Soltana aýa-güne şöhle salýan aýratyn görmegeý, hoşsurat bir ogul bagyşlapdyr. Adyna Meýmun[2] goýupdyrlar.

Ahmet Soltan keýpi köklükden, şadyýanlykdan gül kimin açylyp, derwüşlere we garyp-gasarlara ençeme günläp, gyzyl-kümüş sadaka paýlady. Öz döwletindäki emirlere, wezirlere, danalara we atly-abraýly adamlara bütin üç aýlap, hormat-sylag edip, gymmat bahaly halatlar, serpaýlar berdi we ullakan toý etdi.

Ahmet Soltan Meýmunyň ýaşy ýedä ýetende ony ylym we edep-terbiýe öwretmek üçin aýratyn akylly we okuwly alymlaryň hyzmatyna tabşyrdy. Meýmun birnäçe mütdet geçenden soň, her dürli arap-pars kitaplary okamaga ökdeledi. Ökde hatdat hem bolup ýetişdi. Şolaryň mejlisinde oturyp-turmagyň tertip-düzgünlerini, şazadalar bilen gürleşmegiň, söhbetleşmegiň ýollaryny bütinleý öwrendi. Meýmunyň ylmyny, bilimini, edepliligini we sypahylygyny şanyň uly-kiçi, akylly maslahatçylary-da ykrar etdiler.

Meýmun kämillik ýaşyna ýetende Ahmet Soltan ony bir gözel gyza öýlendirip, uly toý tutdy. Gyzyň ady Hüjestedi. Meýmun bilen Hüjeste biri-birini

---

[2] Meýmun – bagtly, bagtyrar, şadyran.

jandan söýdi. Olar her gün aýşy-eşret sürüp, bir jaýda iýip-içerdiler. Meýmun günlerde bir gün tomaşa etmek üçin atly bazara gitdi. Aýlanyp ýörkä, onuň nazary bir totypuruş söwdagärde eglendi. Ol bir kapasa-da totyny goluna göterip durdi. Meýmun totyny görüp, totypuruşdan onuň bahasynyň näçä durýanyny sorady. Totyny satýan:

Onuň bahasy jemi bir müň tylla diýip jogap berdi.

Beýle bahany eşidip, ör-gökden gelen Meýmun: „

Bir garry guş üçin beýle bahany diňe akmak we nadan adam berip biler diýdi.

Totypuruş muňa jogap berip bilmedi. Toty welin gynanyp, gussa batyp içini gepletdi: „”Bu zeýilli döwletli kişi alman gitse, gabahat bolar we gussa çekmäge sebäp bolar, çünki döwletli, akylly adamlaryň söhbeti akyly we bilimi ösdürýän zatdyr”. Soňra toty: "Eý ýagşy ýigit we eý döwletli sahyp kemal! Men seniň gözüňe bir garry guş mysalynda görünsem-de, danalyk we akyllylyk babatynda elýetmezdirin. Dilewar hem akylly adamlar-da meniň şirin owazymy eşidip, haýran we täsin galýandyrlar. Men bolup geçen işleri-de, indiki boljak zatlary-da bilýändirin. Mysal üçin aýtsam, Käbiliň söwdagärleri uly kerwen bolup, sünbül almak üçin bu gün-erte şu şähere gelerler. Sen şu şäherdäki sünbülleriň hemmesini derrew alyp goý-da söwdagärleriň kerweni gelende, olara sat. Diňe şujagaz söwdanyň özünden tükeniksiz peýda gazanarsyň. Meniň hünärimiň iň bärkijeleri, ine, şulardyr" diýip, toty Meýmuna garap aýtdy.

Ýigit totynyň aýdan sözlerini pugta üns berip diňledi, ony öz göwnüne gaty makul bilip, bir müň tyllany totypuruşa berip, totyny satyn aldy. Totynyň eýesi bilen pugta elleşip hem razylaşyp, totyny öz öýüne alyp gitdi. Soňra Meýmun şol günüň özünde şäherdäki sünbül satýanlaryň hemmesinde bar bolan sünbülleriň birisini-de galdyrman on müň tylla berip satyn aldy. Üçünji güni bolsa totynyň diýen söwdagärleri gelip ýetişdiler. Olar şäherdäki tüçjar täjirleriň hemmesinden sünbül soraşyp tapyp bilmediler. Söwdagärler sünbülleriň hemmesini Meýmunyň satyn alyp ýygnandygyny eşidip onuň ýanyna geldiler. Meýmunyň on müň tylla berip alan sünbüllerini elli müň tylladan aldylar-da, yzlaryna gaýtdylar.

Meýmun totynyň bilgirligine gaty begendi, şatlandy. Tota ýagşylyk etmek üçin „”Ol tukat bolup oturmasyn, ýekesiremesin, özüne gürrüňdeş bolsun, iki guş bir ýerde bolsa bir-biri bilen söhbet ederler, keýpleri kök bolar” diýen pikir bilen Şärik[3] atly totyny satyn alyp, totynyň ýanyna saldy.

Aradan birnäçe möhlet geçenden soň, günlerde bir gün Meýmun aýaly Hüjestä şeýle diýdi:

–Meniň sapara gidesim, dürli-dürli ýurtlara, şäherlere syýahat edesim gelýär, yzymda her wagt başyňa iş düşse, iki toty bilen maslahatlaş, özüňem olardan bimaslahat, birugsat özbaşdak iş etme, olaryň aýdanlarynyň tersine gitme – diýdi.

Meýmun gelnine başga-da birnäçe öwüt-nesihatlar berdi. Şondan soň Meýmun uzak wagtlyk sapara gitmek üçin şaýyny tutdy, ulag-enjamlaryny alyp, söýgüli gelni bilen hoşlaşdy-da şäherden çykyp ýola rowana boldy.

Meýmun gidenden soň, Hüjeste birnäçe wagt ýalňyzlykda gam-gussalar çekip, hatda gijeler uklaman, gündizler tagam iýmän gününi geçirdi.

Toty bolsa şirinden-şirin kyssalar, uzyndan-uzyn gyzykly hekaýatlar aýdyp, Hüjestäniň gam-gussasyny egismek üçin çalyşýardy.

Şu ýagdaýda aradan alty aý geçenden soň, Hüjeste bir gün özüne timar berip, jaýynyň penjiresinden köçä garap, gelen-geçenlere tomaşa etmäge başlady. Şol günlerde başga bir şäheriň sypahy[4] ýigidi bu şähere gelipdi. Ýigidiň görki gün bilen bäsleşýärdi. Ol örän syratlydy. Ýigide nazary deşensoň, gözel Hüjeste oňa aşyk boldy. Ýigidem derrew mežnun dek bikarar boldy. Gözel ýigit bir gün garry kempiri tapyp, oňa: "Eger sen meni Hüjeste bilen tanyşdyryp bilseň, men saňa diliň geplän zadyňy bereýin we seniň hemişe gadyryňy bilerin" diýip, kempire ýüregindäkini aýtdy. Mekir we köpbilmiş kempir sypahynyň sözüni eşiden dessine şeýtanyň was-wasasyna düşüp, Hüjestäniň ýanyna rowana boldy.

Ol kempir Hüjestäniň gapysyna bardy we usullyk bilen onuň gapysyny kakdy. Hüjeste gapysyny açdy, görse, ynha bir nalajedeýin garry kempir dur. Hüjestäniň muňa rehimi gelip, ony öýüne saldy we oňa uly hormat edip, töre geçirip oturtdy

---

[3]Şärik- makiýan.
[4] Sypahy- Harby gullukdaky adam.

we öňünde her dürli nahar goýdy. Nahardan göwnüni hoşlap, garry kempir hilegärlik we dilewarlyk bilen söz owadanlap, mysallar getirip, ýaş zenan üçin pylançа aýlap ýalňyz ýaşap ýörmegiň kynlygyny aýtdy, soň ýigidi aýratyn taryplap başlady. Onuň dilewarlygyny, hoşgylawlygyny, adamkärçiligini tükeniksiz öwüp, ahyry ýigidiň Hüjestäni görüp, mežnun dek aşyky-bikarar bolandygyny aýratyn süýjedip gürrüň berdi.

Hüjeste öz äri Meýmunyň hatyrasyny saklap, ilkibaşda garry kempiriň aýdanlaryny unamady. Soňabaka ol kempiriň ullakan mekirlik, melgunlyk we aýratyn dilewarlyk bilen ýigidi taryplamagyna gulak gabardyp başlady. Hakykatdan hem ýaş zenan bolup gussa çekip ýörenden gözel ýigit bilen göwün açmagy zerur hasap etdi.

Kempiriň tükeniksiz gürläp oturmagynyň netijesinde Hüjeste razy boldy we sypahynyňka[5] agşam bararyn diýip kempire wada berdi.

Gün ýaşdy, garaňky düşdi. Hüjeste hem ýuwunyp, daranyp her dürli gymmatbaha owadan eşiklerini geýinip, boýnuna we ellerine her dürli gymmatbaha monjuklaryny dakynyp, üstüne her tüýsli oňat ysly atyrlar sepinip, aýnanyň öňünde özüne timar berdi. Ol özüni birkemsiz hasap edip, Şärigiň ýanyna bardy we onuň garşysynda kürsüniň üstünde oturdy: "Ikimiz-de aýal neslinden bolanlygymyz üçin, Şärik bu işde meniň sözümi makullar we sypahynyň ýanyna gitmegime maňa hemaýat berer" diýen pikir bilen Şärige hemme syryny birin-birin aýdyp, ondan rugsat sorady. Emma Şärik: "Bu zeýilli iş ýagşy bolmaz, kişiniň öz kowmunyň arasynda beýle iş aýyp bolar!" diýip, Hüjestäni bu pälinden gaýtarmakçy boldy we onuň islegininiň tersine öwüt-nesihat berdi.

Ine, şol ýerde-de ýigidiň yşkyna we garry kempiriň mekir aldawyna düşen Hüjestäniň bu sözlere geldi gahary. Ol Şärigi kapasadan çykardy-da, iki aýagyndan tutup, bar güýji bilen ýere pylçap urdy. Şol sagadyň özünde Şärigiň jany çykyp, asmana ölüp galdy.

Gahar atyna münen we gussa derýasyna gark bolan Hüjeste gaharly sypat bilen beýleki totynyň alkymyna barýar we hemme gizlin syryny we maksadyny

[5] Sypahy-Harby gullukdaky adam.

oňa ýekme-ýek aýdyp, sypahynyň ýanyna gitmegine delil tapmagyny we rugsat bermegini talap edýär.

Toty aýratyn gürrüňçi we ertekiçi guşdy. Ol öz ýanyndan: "Eger men hem Şärik ýaly tersine gidip, öwüt-nesihat bersem, meni hem öldürmegi mümkin" diýip, endişe çekmek bilen Hüjesä: "Şärik aýal guşdy. Käbir aýal nakys bolýar. Sen hiç bir zadyň pikirini, aladasyny etme! Tä janym tenimden çykýança men seniň bu işiňe  hemaýat we saňa hyzmat ederin hem seniň tarapdaryň bolaryn. Bu hili gizlin syryň paş bolup, ile we äriňe äşgär bolsa, Hudaý hem halamaz. Bardy-geldi bu gizlin işiňi ahyrda äriň bilip, araňyza agzalalyk we awaralyk düşäýse hem öň bir zamanda bolup geçen Perruh begiň totusynyň ýaraşdyryşy ýaly sizi hem ýaraşdyrar men!" diýdi.

Hüjeste: "Perruh begiň wakasy näzeýilli bolupdyr, ony boýdan-başa maňa aýdyp berseň, senden hoşal hem saňa minnetdar bolaryn" diýip, totydan haýyş etdi. Toty bolsa hekaýany aýtmaga durdy. Hüjeste pugta üns berip diňledi.

## BIRINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Öň bir zamanda ullakan bir şäherde ile meşhur söwdagär bolupdyr. Onuň adyna Perruh beg diýer ekenler. Günlerde bir gün Perruh beg sapara gitmekçi bolýar. Ýurdundaky mal-mülküni we emlägini özüniň ynamdar totusyna tabşyryp, söwdagärçilik üçin zerur bolan baýlyklaryny we ulag-esbaplaryny gurnap, başga ýurda çykyp gidýär. Aradan bir aý geçenden soň, Perruh begiň aýaly bir hytaýly bilen dostluk açyp, ol hytaýlyny her gije öýüne getirip daň atýança bir-biriniň göwünlerini hoşlaşyp, wagtyny hoş geçiripdir. Bularyň hemme boluşlaryny we gürrüňlerini ol ynamdar toty boýdan-başa görüp hem eşidýär eken. Şeýle-de bolsa toty olaryň edýän işlerini görmeýän we gürrüňlerini eşitmeýän ýaly bolup ýaşapdyr. Aradan bir ýarym ýyl geçenden soň, söwdagär sapardan öz öýüne gaýdyp gelýär. Ol ynamdar totusyndan özi gidenden soň bolup geçen wakalaryň hemmesini sorapdyr. Toty pakyr söwdagäre başga görüp-eşiden zatlarynyň hemmesini birin-birin aýdýar-da, onuň aýalynyň hytaýly bilen açan tanyşlygyny ýaşyrýar. Aýalynyň bozgaklyk edenini bilse, är-aýalyň arasyna tow düşüp, ullakan agzalalyk bolar we netijesi heläkçilige barar öýdüp gorkupdyr.

Aradan iki hepde geçenden soň, ol täjir başga bir adamdan öz aýalynyň bir hytaýly bilen tanyşlyk açandygy hakyndaky gürrüňi jikme-jik eşidýär. Şol wagtyň özünde söwdagär gam-gussa batyp, nahar iýmekden we ukudan kesilýär. Şonluk bilen hem gün geldigiçe özüniň ozal oňat görýän aýalyny barha ýigrenip, ýazgaryp başlaýar. Soňabaka söwdagär aýalyny pisläp oňa azar berýär. Söwdagäriň aýaly bolsa: "Hytaýly bilen meniň aramda bolup geçen hemme gizlin syrlary ärime toty aýdandyr we onuň üçin hem beýle agzalalyk dörändir" diýen pikire gidip, öz ýanyndan totyny bu işde günäkär edýär. Şol sebäpli söwdagäriň gahar-gazaby artdygyça hem totyny basymjak ýok etmegiň kül-külüne düşýär. Aýal şol pikirde bolmak bilen bir gün gije ýarymdan soň, amatly wagt tapyp, totyny kapasadan çykarýar we onuň ganatlaryny ýeleklerini ýoluşdyryp, penjireden köçä zyňyp goýberýär. Şeýlelikde, toty ölendir öýdüp pikir edip, ýene ýerine gelip ýatýar. Aradan az wagt geçenden soň aýal ýatan ýerinden turýar, oýan-buýan gezen bolup: "Totynyň kapasasy boş, ony pişik alyp heläk edendir" diýip, dat-bidat edip başlaýar. Öýündäki gullarydyr, kenizleri hem: "Totyny pişik alypdyr!" diýip gygyrýarlar.

Penjireden köçä zyňylan we ganatlarynyň ýelekleri ýolnan toty bir entek wagt beýhuş bolup ýatýar. Birnäçe wagtdan soň huşuna gelýär, onuň bedenine, göwresine kuwwat gelip başlaýar.

Toty her niçik-de bolsa, beýle sypatda başgalara görünmekden utanyp, şäheriň golaýjagyndaky mazarystanlyga tarap ugraýar. Az ýöräp, köp ýöräp daň atyberende oňa baryp ýetýär. Ol ýerde bir deşik mazary özüne mekan edinýär.

Toty gündizler görden çykman we hiç kime görünmän, tä gün ýaşyp garaňky düşýänçä, şonuň içinde aç we suwsuz mydar edýär. Gün ýaşyp garaňky düşenden soň bolsa, ol görden çykyp, mazarystanlygyň içine aýlanyp, ol ýere gelip gidýänlerden galyp-gaçýan nan owuntygyny we şuňa meňzeş zatlary tapyp iýmek bilen köp wagtlap mydar edýär. Şol ýagdaýda ýaşap ýörkä, kem-kemden ganatlaryna ýelek, per bitip başlaýar. Toty ganatlanyp, bir mazardan ikinji bir mazaryň üstüne bökjekläp barmaga güýji ýetip ugraýar. Ýöne ol kapasadan

çykarylyp, penjireden köçä taşlanandan soň bibisi bilen hojaýynynyň arasynda bolan wakalardan habarsyz galýar.

Perruh beg totynyň kapasadan çykarylyp köçä taşlanylan gijesi daňdanlar süýji ukudan turup görse, kapasada toty ýok. Şol wagtyň özünde aýaly hakynda eşiden sözlerine we totynyň ýok bolmagyna gahar-gazaby güýjäp, eline düşen zatlary uruşdyryp we döwüşdirip, aýylganç galmagal turuzýar. Ähli zatdan geçip, dälilik hetdine ýetýär. Aýalynyň sözlerine düýpgöter pitwa etmeýär, tersine totynyň ýok bolmagynda aýalyny aýyply hasap edip, gahary barha güýjäp, ahyra ony öýünden kowup goýberýär.

Hälki öýünden kowlan aýal, öz ýanyndan äriniň öýünden kowup goýbereni namys bilip: "Şäher ilaty hem meni pisläp başlar, bu ýagdaýda şäherde ýaşanymdan mazarystanlyga baryp, ol ýerde aç-suwsuz we ukusyz ýaşap, hiç kime görünmän ölüp gitmegim abraýlydyr" diýen pikire gelip, mazarystanlyga barýar. Bütin bir günläp aç ýatýar.

Gün ýaşyp garaňky düşüp başlan wagtynda ozaldan ol ýerde ýaşap ýören toty öz ýatýan görüniň içinden çykyp: "Eger sen bütin ömrüňde eden günäleriňden ýuwuljak, öýüňe gaýdyp barjak, äriň bilen agzybir ýaşajak bolsaň, bütin endamyňdaky tüýleriň hemmesini ýeke-ýekeden ýolup taşlagyn we kyrk gije-gündizläp şu ýerde aç-suwsuz ýaşagyn" diýip, öň bibi bolup, häzir bolsa mazarystanlyga baran aýala gygyrýar.

Ol aýal bu owazy eşidip, beýle ýagdaýa geň galyp, içini gepledýär: "Elbetde, bu görüň içinde bir hudaýparaz ýagşyzada badyr, belkem ol günämi bagyşlar we ärim bilen ikimiziň aramyzda öňkümiz ýaly mähribanlyk döreder".

Şu pikir bilen endamyndaky tüýleriniň hemmesini ýeke-ýekeden ýolup taşlaýar-da, aç-suzsuz ýaşamagy dowam etdirýär.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, toty öz bolýan göründen çykyp, ol aýalyň ýanyna barýar-da: "Eý bibim bolan aýal, ýadyňdamy, bigünäkäm meni kapasadan gahar bilen çykardyň, ganatlarymy, ýeleklerimi ýolduň we özümi hem penjireden köçä zyňyp goýberdiň. Her niçik hem bolsa, ozal bibim bolanyň we tagamyňy kän iýenim üçin we sözüme gulak asyp, tüýleriňi ütüşdireniň üçin menem sözümde

tapylyp elimden gelen ýagşylygy saňa ederin". Perruh begiň totusy bolanym sen hem bibim bolanyň üçin men seni äriň bilen hökman ýaraşdyraryn, saňa kast etmerin we hiç wagtda aýbyňy açmaryn. Ýöne sen betgüman bolup, meni şeýle ýaman güne saldyň we il masgarasy etdiň. Eden işleriňi äriň Perruh bege aýdan bolsam, ol seni şol wagtyň özünde öldürip ýok ederdi. Indi bolsa şu sagadyň özünde öýüňe baryp we her dürli deliller tapyp, ynandyryp, äriň özi gelip seni alyp gider ýaly ederin!" Ýöne senem, indiden beýläk beýle bihaýalygy ermezligi ant içseň, Perruh begi namysa goýmasaň diýýär. Öňem ile çykmaga namys edip, görde ýaşap ýören aýal ant içip, awy ýalandan soň, toty Perruh begiň öýüne ugraýar.

Toty Perruh begiň öýüne baryp, şelaýynlyk we dilewarlyk bilen salam berýär-de: "Ömrüň we döwletiň zyýat bolsun!" diýip, tükeniksiz doga okap başlaýar.

Perruh beg totynyň salamyny alýar-da, özüni tanaman: "Sen we seniň hojaýynyň kim, haýsy ýerden gelýärsiň? Eger meniň totym bolýan bolsaň, şeýle kän wagtlap nirede we haýsy çöllerde bolduň? Özüň hakynda doly gürrüň ber!" diýip soraýar.

Toty Perruh bege şeýle jogap berýär: "Bir gije kapas içinde süýji ukuda bimar bolup ýatyrkam, meni pişik alyp gitdi we uzaklaşdyrman, derrew öz garyn kapasasyna saldy. Şondan bäri hem onuň garyn kapasasyndadym".

Totudan beýle jogaby eşiden Perruh beg: "Beýle hala düşen bolsaň, sen ýene näzeýilli direldiň, pişigiň içinden çykdyň. Azaşman bu ýeri näzeýilli tapdyň" diýende, toty: "Bigünä aýalyňy öýüňden kowduň, ol hem başga hiç ýere gitmän, köp wagtdan bäri gije-gündiz aç-suwsuz aglap ýatyr. Seniň aýalyň bolşuna rehimi gelip, Hudaýtagala maňa ýene jan berdi we onuň äriniň ýanyna baryp aýalyň birgünäligine güwä geç-de, ikisini ýaraşdyr" diýip höküm etdi" diýýär.

Totynyň bu sözlerini eşiden badyna Perruh beg derrew atlanyp mazarystanlyga tarap ugraýar. Ol ýerde aýalyny tapyp: "Eý söýgülim, men saňa bigünä halyňa köp sütemler berdim, ýazygymy bagyşlaweri" diýip, ýalbarmak bilen, ahyrda aýalyny hormatlap, öýüne getirýär.

Bulary aýtmak bilen, Meýmunyň totusy söwdagär Perruh beg hem onuň totusy hakyndaky kyssasyny tamam edýär we Hüjestä: "Eý Hüjeste, basymjak tur-da,

sypahynyň ýanyna çaltyrak bar, wadaňdan dänmek senden aýypdyr, beýle zady Hudaýam halamaz. Bardy-geldi bu habary äriň Meýmun eşidäýse, men: "Perruh begiň totusy ýaly siziň araňyzda agzalalyk döremegine ýol bermerin we hemişe seniň tarapdaryň bolaryn" diýip, ony howlukdyrýar.

Hüjeste hem totynyň hoş sözlerine begenip, howlukmaçlyk bilen şazadanyň ýanyna gitmekçi bolýar. Bir görse, horazlar gygyryşyp daň atmagyna az wagt galypdyr. Uzyn gije ukudan galan Hüjeste lybaslaryny çykaryp, özüni körpeçäniň üstüne taşlady we uky derýasyna batyp galdy.

Ýigit bolsa haçan Hüjeste gelerkä diýip, garaşyp, bitakat bolup geçirdi.

## IKINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Ikinji gün hem gün ýaşyp, garaňky düşüp başlady. Hüjeste welin heniz hem süýji ukuda melul bolup ýatyrdy. Onuň kenizekleri şemleri ýakyp, jaýyň içini ýagtyltdylar. Hüjeste hem birhaýukdan soň süýji ukudan oýandy. Iýip içip, özüne timar berdi. Bir pyýala şerabam gönderip, soň altyn sapak bilen tikilen aýratyn gymmatbaha lybaslaryny we ökjesi beýik altyn köwüşni geýip, üsti-başyna her dürli oňat ysly atyrlar sepip, goluna aýnasyny aldy we aý dek jemalyna, we kamatyna-görküne özüniň hem göwni gidip, asta-asta ýöräp totynyň ýanyna gelip, sypahynyň ýanyna gitmäge rugsat soraýar. Akylly we ylymly toty bolsa, Hüjestä ullakan hormat goýup, salam berip hem ömrüniň döwletiniň zyýat bolmagyny Taňrydan diläp, doga okamak bilen – şeýle diýýär: "Sypahy ýaşdyr, dostlugyňy we söýgüňi Kämerdiň totusynyň ýatdan çykardyşy ýaly senem unudaýmagyn".

Totudan bu sözi eşiden Hüjeste bu wakany bilmäge howlugyp: "Kämerdiň totusynyň kyssasy nätüýsli bolupdyr, ony maňa boýdan-başa aýdyp bersene" diýip, totyny gyssap, talap etdi.

Toty kyssany aýdyp bermäge başlady.

Öň bir zamanda Kämert diýilýän şäherde aýratyn bir uly düýp agaç bar eken. Ol agajyň üstünde hem bir totynyň höwürtgesi bar eken. Ol toty şol höwürtgesinde on dokuz sany ýumurtgasyny jemläp, olary birnäçe günläp basyp oturypmyş. Netijede, ol ýumurtgalaryň her haýsyndan bir toty guşjagaz döräpmiş. Toty öz çagalaryny aç-suwsuz etmejek bolup, olaryň ugrunda mübtela bolup gezýär. Şol

uly agajyň düýbünde bir tilki hem öz çagalary bilen ýaşaýar eken. Totynyň çagalary eneleri azyk üçin giden wagtlarynda agajyň düýbüne düşüp, tilkiniň çagalary bilen oýnaşyp hezil edýär ekenler. Hälki toty bu ýagdaýy bilýär-de, öz çagalaryna: "Eý, balalarym, biz toty jynsyndandyrys, tilki bolsa, haýwanlaryň jynsyndadyr, tilkiniň çagalary bilen oýnamaň, olar bilen dostlaşmak gowlugyň üstünden eltmez. Garawulbaşynyň ogly hem maýmyn bilen uzak wagtlap dostlaşyp bela-betere ulaşdy. Siz hem tilkiniň çagalary bilen dostlaşyp erbetligiň üstünden baraýmaň, olar bilen oýnamagyňyzy bes ediň" diýip öwüt berýär.

Totynyň çagalary öz enelerinden: "Garawulbaşynyň ogly bilen maýmynyň arasynda näme bolupdyr, aýdyp bersene" diýip soraýarlar. Onda olaryň enesi şeýle gürrüň berýär: Öňde bir maýmyn garawulbaşynyň ogly bilen dost bolýar. Maýmyn[6] her gün gelip, onuň bilen küşt oýnar ekeni. Günleriň birinde garawulbaşy bir şäheriň ähli abraýly we akylly adamlaryny myhmançylyga çagyrypdyr. Ol adamlar garawulbaşynyň öýüne gelip, ýaňy haly düşekde üstünde ornaşan wagtlarynda, onuň ogly öz dosty maýmyn bilen küşt oýnamaga başlaýar. Oýnap otyrkalar oglan elini maýmynyň kellesine degirýär. Maýmyn bolsa hälki oturan abraýly myhmanlaryň gözleriniň alnynda eliniň bar güýji bilen oglanyň kellesine urýar. Oglan hem ullakan hyjalat çekip hem gaty gahary gelip, oýnap oturan küşt tagtasy bilen maýmynyň kellesine ýelmeýär. Maýmynyň kellesi ganap, küştüň tagtasy gyzyl gan bolýar. Maýmyn hem köpçüligiň içinde şeýle masgara bolanyna hem urulanyna gaharlanyp, penjesini ýaýyp, bar güýji bilen oglanyň kellesini dyrnaçaklaýar. Oglanyň kellesinden gan çüwdürilýär. Maýmyn oglany ýaralap, şäherden tokaýa gaçyp gidýär. Oglanyň ýarasy gün-günden beterleşýär. Şäherdäki ökde tebipleriň hemmesi oglanyň ýarasyny görýärler we öz aralarynda maslahatlaşyp: "Şol maýmynyň özini getiräge-de öldürip, gany ýara çalynsa, ýara ýagşy bolar" diýen netijä gelýärler. Onda oglan: "Ol maýmyn meniň ýürekdeş dostumdyr, ony öldürmek bolmaz, oňa azar bermäň" diýýär.

Aradan gün geçdigiçe oglanyň ýarasy beterleýär we azary barha artýar. Oglan ukudan, işdäden, iýmek-içmekden kesilip başlaýar. Bu ýagdaýa çydap bilmän,

---
6

oglan ahyry dosty maýmynyň öldürilmegine, onuň ganynyň melhem edilip, öz janynyň rahat tapmagyna razy bolýar. Oglanyň razylyk bermegi bilen adamlar derrew atlanyp gidýärler-de, tokaýdan maýmyny tapýarlar we ony getirip öldürip, ganyny oglanyň ýarasyna çalýarlar. Şonuň bilen oglanyň ýarasy gutulyp başlaýar. Aradan birnäçe wagt geçenden soň, oglanyň ýarasy ýagşy bolýar, emma dostsuz galýar.

Bu kyssany aýtmak bilen toty öz çagalaryna: "Eger oglan maýmyna hakyky dostlugyny berjaý eden bolsa, maýmyny öldürmezdiler, onuň üçin siz hem tilkiniň çagalary bilen oýnamagyňyzy bes ediň" diýýär.

Totynyň çagalary eneleriniň öwüt-ündewine gulak asman, hemişe tilkiniň çagalary bilen oýnaberýärler.

Şol günleriň birinde birnäçe ýetginjek oglan şäherden çykyp, tokaýa gezmäge gelýärler. Gezip ýörkäler olar tilkiniň çagalaryna duşup, olaryň hemmesini tutup, öz şäherlerine alyp gidýärler. Aradan az wagt geçenden soň, tilki çagalarynyň bolýan ýerine gaýdyp gelýär welin, çagalaryny tapmaýar we çyňsap, çar tarapa urunmak bilen öz ýanyndan: – "Totynyň çagalary zerarly meniň çagalarymam bir belaga girifdar bolandyr. Şäheriň adamlary totynyň çagalaryny tutup äkitmäge gelendirler, totynyň çagalary olary görüp, agajyň üstüne uçup çykandyrlar. Şol sebäpli olar meniň çagalarymy tutup alyp gidendirler" – diýen pikire gidip, ýalandan agsan kişi bolup, şähere ugraýar. Agsak tilki sypatynda şäherdäki itdir-tazylaryň golaýyna baryp, olaryň gözlerine görünýär. Bir adam hälki tilkini kowalap başlaýar. Tilki bolsa olardan arany gaty uzaklaşdyrman, „”häli ýetdim, şindi ýetdim” diýdirip, kowup gelýän adamyny totynyň çagalarynyň mesgeni bolan ullakan agajyň düýbüne getirýär-de, özi tokaýyň gür ýerinde bukulýar. Kowup gelýän mergen hernäçe gözlese-de, tilkini tapyp bilmeýär, ol tokaýyň içinde aýlanyp-aýlanyp, ýene ullakan agajyň düýbüne gelýär. Ol ýokarsyna garasa, totynyň çagalary mesgen tutupdyr. Mergen tilkini agtarmagy goýup, totynyň çagalaryny ele salmagyň küýüne düşýär. Onuň üçin mergen agajyň daş-töweregine duzak gurup, özi bir ýan tarapda gizlenip oturýar.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň, bir söý bilen toty hem çagalary mergeniň duzagyna düşýär. Şol wagtda toty öz çagalaryna: "Siz meniň mundan ozalky diýenlerime pitiwa etmediňiz, tilkiniň çagalary bilen dost bolduňyz, ýat jandar bilen dostlaşmagyňyzyň netijesinde duzaga düşdüňiz. Siz indi meniň diýenimi ediň, şonda duzakdan halas bolarsyňyz. Men bolsam öz başymy özüm çararyn, tizara siziň ýanyňyza gaýdyp gelerin. Onuň üçin-de siz edil ölen ýaly bolup ýatyň, başardygyňyzdan demiňizi almaň. Şeýle halda sähelçe wagt çydasaňyz, mergen: "Päheý, bular ölen ekeni" diýip, hemmäňizi çykaryp taşlar, siz bolsaňyz derrew uçuň-da, agajyň depesine çykyň we şonluk bilen hem ölmän galyň" diýýär.

Totynyň çagalary bu sapar eneleriniň diýenine gulak salyp, duzagyň içinde edil ölen ýaly bolşup, bir entekläp demlerini alman ýatýarlar. Mergen hem bulary görüp: "Totynyň çagalary duzakdan we menden gorkup ölüpdir" diýen pikir bilen olaryň hemmesini duzakdan çykaryp taşlaýar. Totynyň çagalary duzakdan çykarylyp taşlanylan badyna derrew uçyp, hälki uly agajyň depesine öz höwürtgelerine gonýarlar. Bularyň eneleri bolsa duzagyň içinde galýar.

Mergen özüniň aldananyna, totynyň çagalarynyň sypanyna gaharlanyp, olaryň eneleriniň iki aýagyndan tutup, ýere pylçap urmakçy bolýar. Şol halatda ene toty seslenip: "Eý, mergen, sen maňa beýle kast etme, men uly tebipdirin, her tüýsli keselleriň dermanyny bilýärin, men seniň her näçe harçlasaň-da, sowup gutaryp bilmez ýaly örän kän döwletiň eýesi bolmagyňa sebäp bolaryn. Meniň edýän dermanlarym zerarly her tüýsli kesellerden sagalyp, häzir hem ölmän gezip ýören adam örän kändir" diýýär.

Totudan özüne has ýaramly söz eşiden mergen: "Men Kämerdiň patyşasynyň nökeridirin. Biziň patyşamyz örän köp wagtdan bäri bir kesele duçar bolup, ol keselden örän kän azar çekýär. Şäherimizdäki tebipleriň hiç birisi-de onuň keseline alaç edip bilmeýär. Patyşamyzy ol keselden gutarmak üçin edilen aladalar, emler we dermanlar çenden çykdy welin, hiç biriniň hem çigit ýaljak-da peýdasy degmedi" diýýär.

Toty mergeniň gürrüňinden peýdalanyp: "Patyşanyň ýüzüni görsem, onuň keseliniň nämedigini bilerin we onuň garşysyna em ederin, belki Allatagalanyň gudraty bilen patyşa hem ol keselinden saplanar" diýýär.

Mergen: "Totynyň tebipçiligi bilen patyşa keselinden gutulaýsa, men hem patyşanyň ýanynda ullakan abraýly adam bolaryn, onuň meni sylamagy-da mümkin" diýýär-de, totyny derrew duzakdan çykaryp, kapasa salyp, patyşanyň ýanyna alyp barýar. Ol patyşa eplim-ýaplym bolup salam berýär-de: "Bu toty örän akylly guş we ullakan tebip. Bu siziň keseliňiziň nämedigini bilsin we onuň garşysyna derman etsin, belkem Hudaýtagalanyň gudraty bilen keseliňizden gutularsyňyz" diýýär.

Patyşa tota garap: "Sen meni bu keselden gutararmysyň?" diýip soraýar. Toty hem: "Ýüzüňizi gördüm we Allatagalanyň kömegi bilen keseliňiziň nämedigini bildim. Keseliňiziň garşysyna derman ederin welin, sanlyja günüň içinde gutularsyňyz" diýip, patyşa göwünlik berýär.

Patyşa totynyň sözüni gaty makul bilip, derrew ynanyp gaznasyndan üç müň tylla çykaryp, totyny tutup gelen nökerine-mergene berýär-de, totyny özi satyn alýar. Aýratyn gymmatbaha magdanlardan toty üçin gowy kapasa ýasadyp, toty guşy şol kapasada saklaýar. Galyberse-de, totynyň maslahaty bilen dermanlaryny peýdalanyp we dürli-dürli naharlary işdämen-işdämen iýip-içip, az wagtyň içinde keselinden gutulýar. Onuň üçin-de patyşa totynyň bir diýen zadyny iki gezek diýdirmän onuň aýdanlaryny edip, onuň bilen maslahatlaşýar.

Toty patyşanyň ýanynda uly abraý gazanmagyndan we patyşanyň özüne mähribanlygyndan peýdalanyp, bütinleý halas bolmagynyň küýüne düşýär, oňa: "Meni ogry saklan ýaly edip, kapasanyň içinde saklamak ýaraşykly zat däl. Meni kapasadan çykarsaňyz gidip, çöl-beýawanlarda bitýän derman otlary agtaryp tapsam. Tokaýlykda bir agaç bardy, onuň gülüni, gunçasyny, damaryny, şahalaryny getirip owradyşdyrsam, bir-birine garyp, suwda gaýnadyp, üç günläp nahardan öň size içirsem, siz sanlyja günüň içinde ýaňy ýetişen ýaş ýigit halyna gelersiňiz, agaran saçlaryňyz ýene gara bolar, gözüňiziň nury artar, asmandaky ýyldyzlary gündiz hem äşgär görersiňiz, ýaşlygyňyzdaky ýaly doly güýje gelip,

reňkiňiz düzelip semrärsiňiz. Häzir golaýyňyzda aýdylan sözleri hem doly eşidip bilmeýärsiňiz, şol dermany üç gün içeniňizden soň, gulagyňyz ýitelip örän eşitgir we görgür bolarsyňyz. Göwräňiz we biliňiz gaty güýçlener" diýýär.

Patyşa, totynyň bu aýdan sözlerine çenden zyýada begenip, mejnun-şeýda we diwana ýaly bolýar, emma totynyň maksady bolsa patyşanyň kapasasyndan halas bolup gitmekdi. Bu pikir patyşanyň kellesine-de gelmeýär. Patyşa hyzmatkärini çagyrýar-da:

–Totyny kapasadan çykaryp goýber–diýip buýurýar. Hyzmatkär hem patyşanyň buýrugyna elhal ýerine ýetirip, totyny kapasadan çykaryp goýberýär.

Kapasadan çykan toty, özüniň halas bolup, çagalarynyň ýanyna barjaklygyna begenjinden şol bada al-asmana göterilýär. Patyşanyň köşgüniň üstünde bir gezek döwür gurap aýlanýar-da, gözden gaýyp bolup uçup gidýär. Toty guş köp wagt geçmänkä çagalarynyň ýanyna barýar. Şonlukda patyşanyň ýigdelmek maksady ýerine ýetmän, diňe öz ýanynda hyýal bolup galýar.

Meýmunyň totysy bu hekaýaty aýtmak bilen hem Kämerdiň kyssasyny gutarýar-da, öz bibisi Hüjestä: "Şazada ýaşdyr, nowjuwandyr, patyşanyň söýgüsini we dostlugyny ýaňky totysynyň unudyşy ýaly, ol hem seniň söýgüňi unudar" diýýär. Hüjeste hem ony makullaýar. Emma şol wagtyň özünde horazlar gygyryşyp daň atyp başlaýar. Bütin gije kyssa diňläp geçiren Hüjestäniň ukusy tutýar, lybaslaryny we aýakgabyny çykaryp, ýumşak düşekçäniň we ýelek ýassygyň üstüne özüni taşlap, atlas ýorganyny üstüne çekip, uky derýasyna gark bolýar. Şonluk bilen Hüjeste bu gije hem wadasynda tapylman öýünde galýar.

## ÜÇÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Günüň köpi geçdi, azy galdy, ahyry gün hem ýaşdy we agşam garaňky düşdi. Hüjeste hem süýji ukusyndan tisginip turdy. Ol hemişe bolşy ýaly, bada altyn sapak bilen aýratyn sünnäläp nagyşlanyp tikilen lybaslaryny we aýakgaplaryny geýdi. Aýnasynyň öňüne baryp darandy, özüni hiç bir kemsiz timarlap, üsti-başyna gymmatbaha gowy ysly atyrlardan sepdi. Kenizekleriniň taýýarlap goýan tagamlaryndan we şeraplaryndan iýip-içip, göwnüni hoşlap, totynyň ýanyna baryp wadaly ýerine gitmeklige rugsat bermegini talap etdi.

Toty hem diýseň şelaýynlyk we süýji dillilik bilen: "Men hem siziň hoş we bagtly ýaşamagyňyzyň tarapdarydyryn. Aşygyňa gowuşmak üçin tiz ýola düşgül. Ýöne emirzadanyň sypahynyň öňünde masgara bolşy ýaly senem öz äriň öňünde gyjalata galaýmagyn" diýýär.

Bu sözi eşiden Hüjeste: "Emirzada nädip gyjalata galypdyr. Onuň dessanyny boýdan-başa aýtmagyňy isleýärin" diýip, totynyň alkymynda ykjam oturýar.

Toty dessany aýdyp başlaýar:

Öň zamanda dilewarlaryň we gürrüňçileriň aýtmaklaryna görä, bir şäherde bir sypahy[7] bolupdyr. Ol hemişe emire nöker bolup gezer ekeni. Onuň syratly, husny aý dek aýratyn görmegeý ýaly bolupdyr. Ol sypahy leşgerçiligi taşlap, aýalyny gabanyp ýekeje sagat hem hiç bir ýana gitmän, gije-gündiz aýalynyň alkymynda oturypdyr. Ol, öz ýanyndan: "Men leşgerlige gitsem, aýalymy adamlaryň biri akylyndan azaşdyrar we özi bilen alyp gider" diýen pikire gelýär. Şol pikir bilen hem öýünde bir ýugyrlyk urbasyz oturan garyp halyna düşýänçä, odun-çöp üçin-de hiç bir ýere gitmän öz öýünde ýaşapdyr.

Şeýle ýagdaýda birnäçe wagt ýaşanlaryndan soň beýle horluga, mätäçlige çydaman, aýaly ahyry dillenipdir. Ärine ýüzlenip: "Özüňe mälim, öýümizde iýip-içmek üçin hiç zat galmady. Ýene hem gazanç, eklenç ugruna çykman, gije-gündiz meniň alkymymda hüwiniň gözüne aşyk we bus-bus bolan ýaly bolup otyrsyň. Emire nökerligini bütinleý ýatdan çykardyň. Bu ýagdaýyň bizi ullakan heläkçilige eltmegi mümkin. Ýaşamak üçin elbetde, azdan-köpden döwlet gerek. Olam bizde düýbünden ýok. Her niçik-de bolsa, gidip emire nöker durmagyň we eklenje delalat etmegiň gerek. Bu boluşymyz akyla sygjak zat däl" diýipdir.

Äri: "Meniň öýden çykmaga, emire nöker bolup awara gitmäge göwnüm edenok. Ölinçäm seniň gaşyňda oturasym gelýär. Senden uzakda bolsam, başyma ullakan muşakgat düşäýjek ýaly bolup dur" diýýär. Aýaly ärinden şeýle jogap eşidýär-de: "Seniň göwnüňdäki bu hili endişe özümiziň bu ýagdaýymyzda, ylaýta-da meniň göwnüme laýyk we ýüregime sygjak zat däl. Beýle pikiriň özi biziň durmuşymyza ýaraşjak zat däl. Ýaman aýal her näme etse-de, öz pälinden dänmez.

---

[7] Sypahy-harby adam.

Öň zamanda Diläwir diýilýän bir adam bolupdyr. Sen onuň wakasyny eşidipmidiň?" diýýär.

Onda äri: "Diläwir diýilýän adamyny we onuň wakasyny-da hiç wagt eşiden däldirin. Bilýän bolsaň, onda ony maňa oňat düşnükli edip aýdyp ber" diýýar. Aýaly hekaýa aýdyp başlaýar: "Öň bir zamanda bir şäherde uly ile meşhur aýratyn güýçli, ýüz adamyny bir eli bilen zyňyp goýberýän, ýumrugy bilen uranda ullakan daşlary hem çym-pytrak edýän söweş meýdanynda duşmanyny gylyçdyr hanjary, ok-ýaý bilen ýer bilen ýegsan edýän aýratyn pälwan, uruşgan adam bolupdyr. Onuň aýratyn hoşroý, syratly hem akylly aýaly bolupdyr. Ol bu aýalyny jaýyna salman, hemişe diýen ýaly daşarda howlynyň içinde saklap gelipdir. Pälwanyň deň-duş dostlary: "Sen näme üçin aýalyňy jaýda pynhan saklaman, köplenç howlynyň içinde saklaýarsyň?" diýip, soranlarynda ol: "Gezip ýörkäm bir gezek tokaýlykda edil dagyň bölegi ýaly ullakan bir pile gabat geldim. Pil diýilýän zady hemişe görüp gelýärin welin, öňde we soňda bu zeýilli ägirt hem eýmenç pile hiç wagtda gabat gelmändim. Ondan gorkyma nirede gizlenjegimi bilmän tas akylymy ýitiripdim. Pile duşan ýerimde ägirt uly bir agaç bar ekeni. Dagy alaç tapman diýseň howlukmaçlyk we aljyraňňylyk bilen dyrmaşyp, şol agajyň iň ýokarky şahasyna çykdym. Soňra „”bu pilden nädip başymy gutararkam” diýip, oýlanyp gidip oturşyma piliň hereketine syn edip başladym. Piliň arkasynda bir ymarat bardy. Bu ýagdaýa gaty geň galdym. Hälki pil üstündäki ymaraty arkasyndan alyp, ýere goýdy-da özi otlamak üçin gür tokaýyň içine girdi. Men: "Bu ymaraty kim saldyka, ony piliň arakasynda kim ornaşdyrdyka we pil muny arkasyndan ýere gaçyrman nädip alyp bilýärkä?" diýip, oýlanyp otyrkam, hälki ymaratyň içinden seýkin-seýkin basyp, bir  görmegeý zenan çykdy. Onuňky ýaly ýaraşyklylyk, owadanlyk hiç bir aýalda hem ýokdur. Onuň gözelligine, seýkin-seýkin bolup ýörşüne, her bir hereketine akylym haýran bolup, tas özümden gidipdim. Agajyň düýbüne näzeýilli düşenimi-de duýman galypdyryn. Ol hem meni görüp, ýerden göteren aýagyny hem ýere basman, misli bir zatdan gorkan ýaly allaniçiksi bolup, maňa garap durdy. Bu ýagdaý meni has hem höweslendirdi. Şeýle hem bolsa, men oňa tarap ädimem etmän we "nätsem oňa ýararka?" diýen pikir bilen ýylgyryp hem

dilewarlyk bilen oňa lak atdym. Onuň maňa beren jogaby, keýgiňki ýaly gözlerini şelaýynlyk bilen oýnadyşy meni öz ýanyna çagyran ýaly kalbymy gozgalaňa saldy. Şonluk bilen men uçup diýen ýaly alkymyna bardym. Şunluk bilen uzak sözi gysgaldyp, derrew hälki ymaratyň içine girdik. Ymaratyň içindäki täzeden tämiz gymmat bahaly ýorgan-düşekler we dümen-dürli naharlar hem olaryň känligi aýdyp gutarar ýaly däl. Garaz, ol aýal bilen iýip-içip, süýji-süýji gürleşip oturdyk. Bir haýukdan soň, ol aýal jübüsinden uzyn ýüpi çykaryp, bir gezek düwdi-de, ony ýene jübüsine salyp goýdy. Bu ýagdaýa düşünmän, beren sowalyma hälki aýal: "Meniň adamym uly jadygöý, gaýratly we namysjaň adam. Meni ilden gabanyp we hiç kime görkezmejek bolup, şäher merkezinde ýaşaman, jadynyň güýji bilen özüni pil sypatyna öwrüp, şu ymaraty öz arkasynda ýerleşdirdi. Meni onuň içinde göterip, gije-gündiz çöl-beýawanlarda we tokaýlarda gezip mydar edýär. Her näçe eýmenç, ýyrtyjy bolsalar-da beýleki haýwanlar onuň haýbatyndan gorkusyna töweregine gelip bilmeýär. Men adamyma edýän işiniň telekdigini soňra düşündirmek üçin, ýüpi düwdüm. Ynha şu çaka çenli togsan dokuz adam bilen duşdym we her sapar duşanymda şu ýüpi bir sapar düwýärin. Ynha indi ýüz sapar duşdym we ýüz sapar hem düwdüm. Eger-de men islän bolsam, onda şol adamlar bilen arany sazlap bilerdim. Elbetde, men erbetlik etmedim. Beýle zat göwnümdede ýok, ýöne men indi san ýüze ýetensoň adamyma erbetçilik etmänimi, emma islän bolsam edip biljekdigimi ýüpi görkezip, ýüzüne aýtjak" diýdi. Şol sebäpden hem men aýalymy jaýda gabaman, hiç kimden gabanman, wagtynyň köpüsini daşarda geçirdýärin" diýip, jogap berýär.

Bu kyssany gutarýar-da leşgeriň aýaly adamsyna: "Ýagşy aýal hiç wagtda ýaman bolmaz. Menden gaty arkaýyn bolgun, zyna edip, il içinde masgara we Hudaýyň huzurynda ýüzi gara bolmaryn. Iň ýagşysy git-de, sen hem emirzadalaryň birisine nöker bol, öz güzeranymyzy dolaly. Ynanmasaň men saňa bir desse gül bereýin. Şol gül solaýsa meniň biwepalyk edip seniň ýanyňda we il içinde masgara boldugymdyr" diýýär-de, bir desse güli oňat ykjamlap adamsyna berýär. Adamsy hem aýalynyň diýenlerini gaty makul bilip, onuň bilen hoşlaşýar. Ol bir desse gülem ýanyna alyp, başga bir şäheriň emirzadasyna nöker bolup işläp başlaýar. Ol

emirzadanyň her bir mejlisine we toý-tomgusyna gidende-de şol desse güli öz ýany bilen alyp barýar.

Aradan köp wagt geçýär. Ýaz-tomus ötüp, güýz-gyş döwürleri gelýär. Beýleki adamlaryň baglaryndaky gülleriň hemmesi solýar we guraýar, emma ýigidiň aýalyndan alyp giden bir desse güli, gyşyn-ýazyn solman, guraman hemişekisi ýaly terligiine galýar. Bu ýagdaýa töweregindäkiler we emirzadanyň ýakyn adamlary bütünleý geň galýarlar. Emirzada hem "hiç bir adamyň bagynda gül galmady, hemmesi soldy, gurady welin, seniň nökerleriňden sypahynyň bir desse güli ilki getirşindäki ýaly solman we guraman dur. Bu ýagdaý aýratyn geň galmaly zat onuň syryny, sebäbini bilmek biziň üçin gyzykly" diýýär.

Emirzada bu syry duýup, sypahyny öz ýanyna çagyryp: „"Baglardaky güller solup, gurap gutardy, seniň getiren bir desse gülüň şindi hem başdaky ýaly solman dur. Munuň şeýle bolmagynyň sebäbi näme we munda näme syr bar. Hiç bir zatdan çekinmän we hiç bir zadyny ýaşyrman hemmesini maňa doly düşündirip aýt!" diýýär.

Emirzadanyň nökeri sypahy: –"Bärik gaýtjak bolanymda aýalym şu desse güli maňa berip: "Şu gül solmasa, meniň biwepalyk etmedigim we seniň ýanyňda hem il içinde ýüzigara bolmadygym. Emma bardy-geldi gül solaýsa, meniň Hudaýyň ýanynda günäkär we seniň ýanyňda hem il-içinde ýüzigara boldugymdyr" diýdi. Şondan bäri hem gül ytygsaman, solman gelýär" diýip jogap berýär.

Emirzada, nökeri sypahynyň sözünden many ogurlap: "Şunuň aýaly ullakan jadygöýdür we hilegärdir. Şonuň üçin hem bir desse gül ýasap ony äriniň eline berip, her tüýsli hilegärlik bilen muny ýola salyp goýberendir. Özi bolsa başga hoşroý ýaş adamlar bilen göwnüni hoşlap ýörendir" diýip betgümanlyk edýär. Ol ýöne bir betgümanlyk bilenem kanagatlanman, sypahyny her gün diýen ýaly öz ýanyna çagyryp onuň bilen gürrüňdeş bolýar. Hoşamaýlyk edip sypahynyň göwnüni ynjytmaýar we ýakymsyz zat aýtmaýar. Emma özi welin görmegeý, hoşreň iki sany aşpezinden birisine ýol harjyny berip, sypahynyň şäherine gitmegi we onuň aýaly bilen dostluk açmagy tabşyrýar.

Aşpez ýigit emirzadanyň buýrugyna görä, her tüýsli serenjamdan özüni gurnap, sypahynyň şäherine ugraýar. Ol şähere baryp bir balahanany kireýine alyp, ol ýerde ýaşap başlaýar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, şol ýerde ýaşaýan köp bilmiş, bir mekir garry aýal bilen tanyşýar. Birnäçe wagt gürrüňdeş bolup oňa öz maksadyny aýdýar, eger maksadyna ýetäýse garry aýala onlarça tylla bermäge boýun bolýar. Soň sypahynyň aýalynyň ýanyna iberýär.

Garry aýal sypahynyň jaýyna baryp, gapysyny kakýar.

Jaýdan sypahynyň aýaly çykyp nätanyş kempire ýüzlenýär:

– Içerik giriň, oturyň".

Mürähede mätäç garry aýal bada içerik girýär-de, çüňkde ornaşyp oturýar. Saglyk-amanlyk soraşmagyna mähetdel, ýüregindäkini aýdyp boşlaýar. Ol: –Biziň şäherimize aýratyn döwletli, hoşroý, sypahy we Sahy adam gelipdir. Ol adam seniň husny we jemalyňa aşyk bolupdyr. Ol seniň tanyşlyk we aragatnaşyk açmagyňy isläp, meni ýanyňa iberdi. Ol adam bar döwletini senden gaýgyrjak we gysganjak adam däl. Senem onuň göwnüni ýykma!– diýýär.

Sypahy gelin garry kempiriň göwnüne melal getirmän, hiç bir gaty-gaýrym söz aýtman:

– „ – „Ol adamyny meniň ýanyma alyp gel, ol maňa belki-de laýyk we muwapykdyr, göreýin, synlaýyn diýýär.

Garry aýal ullakan iş bitiren adam bolup, ökjesi ýere degmän, ylgawyny ýazman aşpeziň balahanasyna dazlyp barýar. Barşyna ol habary ýigide buşlap, onlarça tylla baýrak alýar.

Gün ýaşyp garaňky gatlyşyberende kempir aşpezi sypahynyň aýalynyň ýanyna alyp gelýär. Bular gelensoň sypahynyň aýaly aşpeze ýüzlenip: "Näme bolup, näme bolmanyny bilmez ýaly bu garry kempiri aralykdan ýok et. Ol biziň syrymyzy ile peçap etmesin. Onuň üçin bolsa häzir bu ýerden gaýt-da, garry aýala "Sypahynyň aýalyny gördüm welin, hoş jemal däl eken, men ony halamadym" diý we ony gaýdyp ýanyma gelmez ýaly et. Bu zatlary edeniňden soň, öňürti ähli döwletiňi

meniň öýüme iber, özüň ýary gije il ýatyp, it uklandan soň gel. Geleniňden soň ikimiz gije-gündiz şu öýde ýaşabereris..." diýýär.

Aşpez sypahynyň aýalynyň diýenlerini gaty makul bilip, derrew ýaşaýan balahanasyna barýar-da, garry aýala birnäçe tylla berýär we sypahynyň aýalynyň tabşyran sözlerini aýdyp, ony gaýdyp görünmez ýaly edýär. Yzyndanam hemme döwletini aýdylan wagtyna sypahynyň öýüne iberýär. Sypahynyň aýaly bolsa gyssanmaç amatly wagt tapyp bar güýjüni jemläp, daşky tamynyň edil ortarasynda guýy ýaly çuň çukur gazdyrýar. Ol çukuryň agzynda çüýrük ýükleri germeşdirip, üstüne iki sany owadan palasy ýapyp, laýjak körpeçe (düşekçe) ýazyp goýýar. Gijäniň bir wagty il ýatyp it uklan wagtynda emirzadanyň aşpezi gelýär.

Sypahynyň aýaly, ýigide ullakan hoşamaýlyk bilen: "Iýip-içer ýaly zatlary birkemsiz taýýarlaşdyrýançam, siz şu ýerde biraz oturyň" diýip, ýaňky taýýarlan aşagy çukur körpeçesini görkezýär.

Ýigit hem hoşbagt bolup, öz ýanyndan: "Bu nä hezzet-hormat, bagtym getirdi" diýip, aýakgabyny belli ýerde goýýar-da, özi hälki görkezilen düşekçäniň üstünde oturýar. Oturyp-oturmanka ýigidiň agramy bilen çüýrüň ýüpler ýolunýarda, aşpez başaşaklygyna çukuryň düýbüne gütüläp düşüp gorkusyna aýylganç gygyrýar. sypahynyň aýaly: "Bu ýerde gykylyk we haýýarlyk bilen aljak galaň ýok. Sesiňi goýmasaň, mundan hem beter güne uçurarsyň. Hemmesinden ýagşysy seni bu ýerik kimiň we nireden näme maksat bilen iberendigini gizlemän birin-birin aýt, diňe şonda özi aç-suwsuz bolmazlygyňy gazanarsyň. Şu zatlary doly aýtmasaň, beter güne duçar ederin!" diýýär.

Emirzadanyň aşpezi dagy hiç bir alaç tapman, sypahynyň öz emirzadasyna nöker bolandygyny aýdýar. Bagdaky gülleriň hemmesi solup gurasa hem sypahynyň elindäki bir desse gülüň solmandygyny oňa gürrüň berýär. Ana, şol gülüň kim tarapyndan näzeýilli şert bilen berilendigini anyklamak üçin emirzadanyň özüni bu ýere iberendigini jikme-jik aýdýar.

Sypahynyň aýaly bu wakalaryň hemmesini eşidip: "Sen öz emirzadaň bilen birlikde maňa biwepalyk etdirmekçi, adamymyň ýanynda we uly iliň arasynda ýüzigara etmekçi bolup, ters ýola düşeniň üçin, Allatagala seni çuň çukuryň

düýbüne taşlady. Şindi hem bolsa päliňizden gaýdyň, toba ediň, ýogsam Hudaýtagala sizi erbet ýazgarar" diýýär.

Şonluk bilen-de ýigit ol çukuryň içinde galyberýär.

Aradan bir entek wagt geçýär, emirzadanyň ýüregine howul düşüp başlaýar. Ahyr ýüreginde sabry-takat galman, öz ulamalaryny we akyldar adamlaryny ýanyna çagyryp, öz aşpezini köp wagt mundan ozal sypahynyň şäherine iberendigini, onuň şindi hem gaýdyp gelmeýändigini gürrüň berýär hem: Siz hemme ulama we akyldarlar bolup giňden maslahatlaşyp bu babatda indi näme etmelidigini biliň-de, maňa mälim ediň!" diýýär.

Emirzadanyň ulamalary we akyldar adamlaryny, öz aralaryda esli wagtlap maslahatlaşyp, ahyr bir pikire gelip üýşüp emirzadanyň ýanyna barýarlar. Olar: „"Öňki iberilen ýigidiňiziň näme işländigini, bardy-geldi onuň başyna bir iş düşen hem bolsa, ony bilip gelmek üçin, ýene bir ýigidi yzyndan ibermegiňizi we onuň getiren habaryna görä iş etmegiňizi makul bilýäris" diýýärler.

Emirzada hem bularyň diýenini makul bilip, ulamalarynyň we akyldarlarynyň aýdyşlary ýaly, ikinji aşpezini her dürli baýlyklar bilen ýüküni tutup sypahynyň şäherine iberýär.

Bu aşpez hem öňki aşpez ýaly işler edip, ahyr ol-da öňküniň ýanyna çukuryň içine gütüläp düşýär. Bular öz aralarynda gepleşip, bir-birine: "Sen näzeýilli bolup bu çukuryň içine düşdüň?" diýşip, sypahynyň aýalynyň köpbilmişligine we özleriniň onuň aldawyna düşüşlerine geň galýarlar. Galyberse-de: "Bize bu çukurdan çykmak barmyka, emirzada biziň aladamyzy edermikä?" diýşip uly iňkis edýärler.

Şunluk bilen aradan bütin ýedi aý geçýär. Sypahynyň aýaly bulary iýmek we içmek ýaly zatlardan har etmese hem, çukuryň ysyndan aý-gün geçdigiçe içi porsap ugraýar. Aşpezleriň ýüzlerindäki we endamlaryndaky tüýler yssynyň derdinden kileň dökülişip başlaýar.

Aradan doly ýedi aý geçenden soň, Emirzada iberen adamlarynyň birisinden hem habar we derek bolman soň diýip, tükeniksiz iňkise gitmek we gussa çekmek bilen, ahyr özi olaryň yzyndan gitmekçi bolýar.

Emirzada kän döwleti bilen sypahyny-da öz ýanyna alyp, aşpezleriniň yzyndan olaryň giden şäherine ugraýar. Az ýöräp, köp ýöräp, bular hem sypahynyň ýaşaýan şäherine ýetýärler. Emirzada aýratyn owadan balahanany kireýine tutup, özi şonda ornaşýar-da, nökeri sypaha: "Sen bar öýüňe aýalyň ýanyna git" diýýär. Emirzadanyň aşpezlerini öz aýalynyň kastyna iberendiginden we olaryň öz jaýlarynda çuň çukuryň içinde ýatandyklaryndan bihabar sypahy, şadyýan we keýpi kök halda öýlerine, aýalynyň ýanyna gelýär. Sypahy öz aýaly bilen öten-geçenleri ýatlaşyp,gürleşip, gülüşip we oýnaşyp köp oturanlaryndan soň, ahyr özüniň emirzada bilen birlikde şähere gelendigini we emirzadanyň özbaşyna bir balahanada ornaşandygyny aýdýar. Şeýle hem nökerlige gidende aýalynyň sowgat beren çemenini öňküligi ýaly täzelijegine oňa gaýdyp berýär. Aýaly ol desse güli elinde saklap durşuna: "Allatagalanyň gudraty bilen şu çaka çenli günä iş etmedim. Şol sebäpdenem saňa beren güldessäm şindi-de solmandyr we guramandyr. Hudaýdan müňde bir razy men, seniň ýanyňda we uly iliň içinde dili gysga we biabraý bolmanyma başym asmana ýetýär" diýýär-de, adamsynyň öňüne taýýarlap goýan näzi-nygmatlaryny üýşürýär. Ol emirzadany myhmançylyga çagyrmagy ýüregine düwýär we adamsyna: "Garaňky düşmänkä emirzadanyň ýanyna bar we özüni ertir myhmançylyga çagyr. Başga işi-ýumşy bolman, goýberse özüň derrew öýe gel" diýýär.

Sypahy hem aýalynyň pikirini makul bilip, derrew gidýär-de, emirzadadan ertir myhmançylyga gelmegini haýyş edýär. Emirzadada sypahynyň haýyşyny kabul edýär. Şonlukda emirzadanyň rugsat bermegi bilen derrew öýlerine gaýdyp gelýär.

Agşam çaý-suw içip keýplerini kökläp oturan wagtlarynda sypahynyň aýaly özi hakynda emirzadanyň edýän betgümançylygyny, iki sany aşpezini bir-biriniň yzyndan öz kastyna iberişini, ol aşpezleriň ikisiniň-de öz maksatlaryna ýetip bilmän, daşky öýde özleri üçin ýörite gazylan çuň garymşyň içinde ýatandyklaryny gizlemän adamsyna gürrüň berýär.

Sypahy, emirzadanyň betgümançylygyna, öz aýalynyň kastyna yzly-yzyna iki sany aşpezini iberşine, aýalynyň sap ýüreklilik bilen olaryň ikisini hem çukuryň içine gapgaryşyna geň galyp, bir enteкläp barmagyny dişläp oturýar.

Aýaly bu wakalary aýdany bilen hem kanagatlanman, adamsyny alyp daşky jaýdaky çukuryň agzyndan garap dillendi: "Aşpezler, ýatyp ýadadyňyzmy, belki çukurdan çykyp ýurduňyza gaýdasyňyz gelýändir".

Ýatanlaryň ikisi iki ýerden ýalbarşyp gygyryşýarlar: "Çukurda ýatyp ýadadyk, endamymyzda tüý galman bary döküldi, günämizi geç-de, çukurdan çykar, her näme ýumşuň bolsa ýüzümizi çytman ýerine ýetireli”.

Sypahynyň aýaly ol gije arkaýyn ýatyp ertesi çukurdakylara: "Men bir emirzadany myhmançylyga çagyrdym. Onuň üçin uzyn gün her dürli naharlar taýýarladym. Sizem emirzadany birkemsiz naharlap bolýançam, oňa saçak ýazyp, nahar, ir-iýmiş daşap, elini ýuwduryp, onuň hyzmatynda bolsaňyz az wagt zähmetden gaçmasaňyz we bütin ömrüňizde şu zeýilli bet iş etmeseňiz men sizi Allanyň hatyrasyna halas edip goýbereýin" diýýär. Hoş söz eşiden aşpezleriň ikisi-de: "Toba etdik, indiden bu ýana öläýsek-de beýle ters ýola düşmeris, hapalyk etjek bolmarys. Bizi halas etseň bolýar, näme islegiň bolsa aýt, biz janymyzy gaýgyrman ýerine ýetireli!" diýip, çukuryň içinden ýalbaryp gygyrýarlar.

Sypahynyň aýaly, çukuryň içine uzyn merdiwan sallap olaryň ikisini-de çykarýar. Çukuryň yssysyndan olaryň ikisiniň hem sakgallary, gaşlary we kelleleriniň saçlary dökülipdir. Özlerem duran bir sähnäň bar-da. Aňkalary aşan ýaly agyzlaryny öweldişip durlar. Sypahynyň aýaly bularyň ikisine hem kenizekleriň geýýän lybaslaryny berip, hiç birkemsiz ýuwundyrýar. Bular ýuwnup geýinýänçä, özlerine timar berýänçä naharlanýança, myhmanlyga çagyrylan emirzada hem gelip ýetýär.

Emirzadanyň gelmegi bilen hälki kenizekleriň lybasyndaky aşpezler oňa hyzmat edip başlaýarlar. Şonluk bilen hem emirzada tä nahardan keýpini kökleýänçä, olaryň ikisi-de onuň töwereginde dik durup hyzmat edýär.

Emirzada nahardan mazaly keýpini köklänsoň öý eýelerine sorag berýär: "Kenizekleriň ikisi-de örän arassa, daýaw, işlerine gaýym, emma näme üçin ikisiniň-de gözünde, gaşynda, başynda ýekeje tüý ýok?" diýýär.

Ol wagt sypahy, emirzada ýüzlenip: "Bular örän aýyp we ullakan günä iş edipdirler. Ine şol sebäpdenem şeýle hala düşüpdirler. Siz sorasaňyz, belkem, bular öz eden işlerini boýun alarlar we birme-bir gürrüň bererler" diýýär.

Beýle sözden soň emirzada ikirjeňlenip hem çuň pikirlenip, bularyň ýüzlerine ýiti-ýiti garap, olaryň öz aşpezleridigini tanaýar. Aşpezler hem myhmanyň öz emirzadalarydygyny tanap bada onuň aýagyna ýykylyp, ikisi iki ýerden zörledip aglap başlaýar. Soň birneme köşeşip, ikisi iki ýerden: "Bu öýüň aýaly köp salyhatly tüýs Hudaý söýen, gije-gündiz kitap okap oturýan, namazlarynyň birisini-de hata etmän, okaýan we örän rehimdar adam eken" diýişip gürrüň berýärler.

Şol wagtyň özünde sypahynyň aýaly içki tamyndan emirzadaga ýüzlenip:

–Eý emirzada! Sen meni jadygöý hasap edipsiň. Ol bir desse güle haýran galyp, uly betgümançylyk edipsiň. Hak tagalanyň öz kelamy mejidinde "Eý bendelerim! Jenneti halasaňyz we rehmet isleseňiz hiç wagtda ýalan sözlemäň, ogurlyk etmäň, jadygöýlük etmäň, ejiz we garyplara azar bermäň, olary ynjytmaň, hiç kimiň göwnüne melal getirmäň, hiç kimi dogry ýoldan azaşdyrmaň, men siziň hajatyňyzy aňsatja berjaý ederin" diýen sözlerini ýadyňdan çykarypsyň. Men gije-gündiz Gurhan kitap okaýaryn, onuň manysyna düşünýärin. Onuň üçin men näzeýillilik bilen seniň göwnüňe gelşi ýaly bet ýola düşeýin? Akyldar we emirzada boljak bolsaň, adamlary sen gözden salmagyn, ýaman hasap etmegin we olardan şikaýat etmegin. Eger-de bu zeýilli işlere baş goşsaň, onda dowzah azabyna duçar bolarsyň  diýýär.

Emirzada sypahynyň aýalyndan bu sözleri eşidip we oňa eden betgümanlyklaryny we ýamanlyklaryny ýadyna salyp utandy, onuň ýanynda masgara boldy, gyjalata galdy. Utanjyndan endam-jany titräp başlady. Ol aradan esli wagt ötenden soň özüni raslap: "Eý sypahy! Men ullakan günä etdim. Siz günämi ötüň. Meni mundan zyýada masgara ýagdaýda goýmaň, galan ömrüňde öýüňden hiç bir ýana çykma we hiç kime nökerlik etme. Öz aýalyň bilen hemişe

äýşy-ýeşretde bol-da, agzybir ýaşa! Döwran sür. Bütin ömrüňde hiç kime hiç bir zada mätäç bolmaz ýaly, men seni tükeniksiz döwlet bilen özüm üpjün ederin we kim äsgermezlik etse, özüm onuň jezasyny bererin! Siziň niýetiňiz päliňiz we ýüregiňiz sap ekeni. Men ýalňyşyp aklymdan azaşypdyryn we siz babatynda ullakan hata iş edipdirin" diýýär. Şeýle diýmek bilen hem emirzada ozalky aşpezlerine berip goýberen we özi bilen alyp gelen baýlyklarynyň hemmesini bulara bagyşlaýar we öz şäherine gaýdyp baran soň hem olara örän kän döwlet iberýär.

Şeýlelikde, ol sypahy bilen hoşlaşyp, aşpezlerini alyp öz şäherlerine ugraýar.

Sypahy hem emirzadanyň goýup giden baýlyklaryna eýe bolup, öz aýaly bilen bagtyýaýe ýaşap başlaýar.

Şunluk bilen toty sypahynyň kyssasyny gutarýar. Edil şol wagtyň özünde hem daň atýar. Bütin gije kyssa diňläp ukudan galan Hüjeste hem gitjek ýerini ýadyndan çykaryp, özüni ýumşak ýelek düşekçäniň üstüne taşlap, uky derýasyna gark bolup galýar.

## DÖRDÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Ol gün hem gün ýaşdy, garaňky düşdi, asmandaky ýyldyzlar ýaldyraşyp, on dördi gijäniň aýy-da älem-jahany ýagtyldyp başlady. Daň atandaky ýatan Hüjeste süýji ukudan turup, kenizeklerine suw akdyryp, el-ýüzüni ýuwdy, darandy, gymmatbaha zer bilen tikilen lybaslaryny, köwşüni geýdi we özüne doly timar berip, dümen-dürli nahardan we şerapdan göwnüni hoşlady. Ýene gymmatbaha monjuklaryny we bileziklerini, ýüzüklerini dakynyp, her dürli oňat ysly atyrlar sepinip, aýnasynyň ýanyan baryp, özüni hiç bir kemsiz besledi. Şol görnüşde hem totynyň ýanyna gelip, wadaly ýerine gitmäge rugsat diledi.

Toty ökde dilewarlyk we ullakan şelaýynlyk bilen Hüjestä uly hormat goýdy-da: "Ömrüň uzak, döwletleriň kän we hemişelik bolsun! Göwnüňde hiç wagtda hiç bir gam-gussa bolmasyn, iň erbet günüň häzirkiň ýaly bolsun!" diýdi.

Hüjeste bolsa: "Aşygyma gowuşmakda wadamda tapylmakdan başga mende şu wagt gam-gussa ýok. Şu sapar onuň ýanyna hökman barmagym we didaryny görmegim gerek" diýýär.

Toty: "Aşygyňa gowşanyň gowy, ýöne gymmat lybaslary, aýakgaplary geýip, her dürli gymmatbaha monjuklary we daşlary dakynyp ýigidiň ýanyna gitmek akyla laýyk gelýän zat däl. Bardy-geldi ýigit pälini bozup bu gymmatbaha monjuklaryňy we daşlaryňy sypyryp alaýsa, ýary gije soň nä ýüz bilen we haýsy häkimiň ýanyna baryp dat edip arzyňy ýetirip bilersiň? Sen öňde bir zergäriň boluşy ýaly, masgara bolarmykaň diýip gorkýaryn" diýýär.

Şeýle masgaraçylyk ýadyna düşen Hüjeste tota: "Ol masgara bolan zergäriň dessany näzeýilli bolupdyr. Ony maňa oňat düşnükli edip aýdyp ber" diýýär.

Toty ol zergäriň dessanyny ullakan dilewarlyk we süýji sözlülik bilen giňden düşündirip aýtmaga başlaýar.

Öň bir zamanyň akyldar we dilewarlarynyň aýtmaklaryna görä, Samarkant diýilýän bir uly şäherde uly ile meşhur zergär bolupdyr. Onuň ýürekden gowy görüşýän bir neçjar dosty bar ekeni. Şäheriň adamlary hem "Bularyň dostlugy has aýratyn, bular ýöne bir dost bolman, gaty gowy görnüşýän aga-inidir" diýer ekenler. Aradan birnäçe wagt geçenden soň zergär öz ýurdundan çykyp, başga bir ýurda gitmeli bolýar-da, ýol enjamyny tutup başlaýar. Dosty hem bu ýagdaýdan habardar bolup: "Sen niräk ýolagçy, sen bolmasaň menem bu ýerde galmaryn, hökman giderin!" diýip, bu hem ýol şaýyny tutýar.

Şunluk bilen hem bu iki dost şäherden çykyp birnäçe wagt ýol ýöräp, ahyry Hindistana barýarlar. Bu ýerde bolsa, zergär öz zergärçiligini, neçjar bolsa öz neçjarlygyny dowam etdirip başlaýar. Bu ýurduň adamlary iki dostuň hünärlerine onçakly gadyr goýup meýil etmeýärler. Şonuň üçin hem eklenç etmek bular üçin kynlaşyp, bütin iki günläp aç-suwsuz ýatan wagtlary hem bolupdyr. Bu agyr ýagdaýda ýaşamaga çydaman, iki dost öz aralarynda gürleşip, şeýle maslahat edýärler: "Bu şäherde bir uly buthana bar. Onuň içi gyzyl we kümüş butlardan doly. Ol butlaryň bedeninde gymmatbaha ýakutlar, lagly-zerler bar. Boýunlarynda zümmeret daşlar, merwer şaýlar, gulaklarynda gymmatbaha daşlar, gollarynda gymmatbaha daşly altyn ýüzükler we butparazlar üçin merjenden ýasalan tesbiler we merweritden ýasalan ýüz tesbi bar. Özümiz aýratyn yhlasly we ynamdar butparazyň keşbine girip, gije-gündiz ybadat eden kişi bolup, şol uly butyň

gapysynda bolsak, ahyryn amatly pursat taparys we ol butlary hem beýleki baýlyklary buthanadan çykararys. Soňra bolsa arkaýynlyk bilen ýerini tapyp hemmesini satarys. Şonluk bilen tükeniksiz döwletiň eýesi bolarys. Bütin ömrümizde hiç bir horluk görmän, hemişe öz bagymyzda ýaşarys. Nirede tagamly, gowy nahar bolsa iýeris, oňat-oňat geýimler geýeris, pisse dodakly, serwi boýly peri-peýker, gül-beden, süýji sözli aýratyn gözellerden alarys".

Şol maksat bilen hem şäherdäki iň uly buthananyň gapysyna barýarlar. Özlerini tüýs butparaz sypatynda görkezip, gije-gündiz şol buthananyň gapysynda ýaşaýarlar. Şäheriň butparazlarynyň hemmesi-de bu ikisiniň aýratyn yhlasly butparazlyklaryna geň galyşyp, öz butparazlyklaryny kem yhlas görüşip, öz ýanlaryndan özlerini uly aýyply hasap edýärler.

Netijede, butparazlaryň hemmesi agzybirlik bilen bu iki dosty buthana serdar edip, onuň içindäki hemme tylla we kümüş butlaryny hem iň gymmat daşlary olara tabşyrýarlar.

Zergär bilen neçjar hem öňki yhlaslylyklaryny dowam etdirip, bütin alty aýlap aýratyn ynamdar butparaz hökmünde ýaşaýarlar. Aradan alty aý geçenden soň bolsa bu iki dost şäheriň iň uly ulamalarynyň ýanyna baryp: "Butparazlykda biz hemişe häzir we özümize tabşyrylan hem ynanylan işi örän yhlasly ýerine ýetirýäris. Bu jähtden hem butlar bize uly mähribanlyk edýärler. Onuň üçin öz syrlaryny bizden gizlemeýärler. Emma bu şäheriň adamlary biziň hyzmatymyzda häzir bolmaýarlar. Onuň üçin-de biz bu şäherden başga ýurda gaýyp boljak, soňky gün aýtmadylar diýip, bizi aýyplamaň" diýýärler.

Şäheriň adamlary, zergär bilen neçjardan bu sözleri eşidip: "Eger biziň butlarymyz siziň bilen gepleşýän we size öz syrlaryny aýdýan bolsalar, onda siz olara: "Bu şäherde ýaşaýan uly-kiçi, aýal-erkek hemmesi hemişe olaryň hyzmatyna taýyndyrlar. Olara elbetde, harajat üçin zer gerekdir. Zer diýilýän zat hem kesipsiz, muşakgat we gam-gussasyz ele düşmeýär. Ol sebäpden hem olar gije-gündiz söwdagärlik, hyzmatkärlik we nökerlik we alyş-çalyş işleri bilen meşguldyrlar. Bu jähtden olar size biziň ýaly hyzmat edip bilmeýärler. Siz bu şäherdäkilere mähri şepagat ediň we başga bir şähere gitmäň" diýip, biziň tarapymyzdan aýdyň"

diýýärler. Onda zergärdir neçjar ikisi: "Siziň sözüňizi hökman aýdarys welin, diýenimizi etseler örän ýagşy, bardy-geldi etmeseler hem biziň olara edip biljek zadymyz ýokdur" diýip, hoşlaşyp öz ýaşaýan ýerleri bolan buthana gaýdýarlar, ýene hem birnäçe günläp buthanada hyzmat edýärler.

Bir gije buthanada garawuldan we şäheriň adamlaryndan hiç kim galmaýar. Buthanada diňe zergär bilen neçjar ikisi galýar.

Zergär we neçjar özleri üçin gizlin ýer we pursat tapyp, ol gijäni tä daň atýança diýen ýaly doly peýdalanýarlar. Hemme kümüş we gyzyl butlary we bezegli gymmatbaha şaýlary buthanadan bütinleý çykarýarlar. Şol ýeriň golaýjagyndaky harabada amatly çukur, ýer tapyp, bu zatlaryň hemmesini gizläp, üstüne köne haýat ýykýarlar.

Şol gijäniň ertesi gün dogmanka ýene hem şu şäheriň ýaşulularynyň ýanyna baryp: "Geçen gije butlaryň hemmesi buthanadan çykyp gitdiler. Olaryň bizi taşlap gitmeklerine gynanyp her näçe aglasak-da, gazanan zadymyz bolmady. Butlar bize çigit ýaly-da rehim etmediler. Biziň gynanjymyza, agymyza rehim edip gaýdyp gelseler ne ýagşy, gelmeseler, biziňem boş buthanada işimiz ýok. Bular nirä giden bolsalar biz hem olary tapyp, hyzmatynda bolmagymyz zerur" diýip, aglaşýarlar. Az salymdan zergärdir, neçjar seslerini goýup, ýüzlerini sallaşyp öz ýaşaýan ýerlerindäki buthana gaýdyp geldiler.

Zergär bilen neçjar ikisi şäherlileriň ýanynda özlerini ullakan gussaly görkezip, aradan ýene birnäçe gün geçenden soň özleri üçin has amatly wagty peýläp, ýarygije çolaja ýerde gömen butlaryny, gymmatbaha zer-ziwerler bilen agtaryp alaga-da, iki sany halta pugta ýerleşdirip, her haltany biri göterip, il ýatyp, it uklandan soň ýeriň pesi we ýoluň çolasy bilen öz şäherlerine "assa gaçan namart!" diýip, ökje göterdiler.

Bular ymgyr çöl bilen az ýöräp, köp ýöräp, ahyryn öz şäherleriniň golaýyndaky tokaýa ýetdiler. Tokaýyň iň gür ýerinde akyp ýatan suwuň gyrasynda oturyp çörek iýdiler we biraz dynçlaryny aldylar. Şondan soň öz aralarynda maslahatlaşyp, getirýän zatlarynyň sähelçesini alyp galyp butlaryň we beýleki gymmatbaha zatlaryň galanynyň hemmesini bir owadan agajyň düýbünde

gömýärler. Gömmek üçin gazan çukurlaryndan çykan gumlary hälki akyp ýatan suwuň içine dökýärler. Baýlyklary gömen çukurlarynyň üstüne we töweregine saralyp giden ýapraklary we çöp-çalam pytradyp, ol ýerde zat gömülendigini hiç kim aňmaz ýaly edýärler. Şonluk bilen hem iki dost agşam garaňky düşenden soň öz öýlerine barýarlar.

Aradan birnäçe gün geçirip, öz ýanlary bilen alyp baran gymmatbaha daşlaryny we altynlaryny serrabyň[8] ýanyna baryp, kem-kemden pula çalyşýarlar. Ol pullara bolsa öz maşgalalarynyň harajaty üçin harçlaýarlar. Olaryň ýaşaýyşlary gowulaşyp, barha gurplanýarlar.

Birnäçe akyldar we dilewar adamlaryň aýtmaklaryna görä, soň zergär betnebislik we dostunyň hakyna kast edip, tokaýdaky agajyň düýbünde gömen zatlarynyň hemmesini assyrynlyk bilen öz öýüne daşaýar. Getirmek bilen hem dostuna syr bildirmän, olary kem-kemden harçlap maşgalasy üçin üsti balahanaly aýratyn kaşaň jaý saldyrýar, tükeniksiz mülk edinýär, maşgalasynyň zada mätäç bolman her taraplaýyn baý ýaşamagyny doly üpjün edýär. Zergär bu zatlaryň bir übtügini-de dostuna rowa görmeýär. Galyberse-de, aradan iki aý geçenden soň dosty neçjaryň ýanyna baryp: "Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar" diýilşi ýaly, "Maňa duýdurman şeýle kän altyn we kümüş butlary nä ýüzüň bilen öz öýüňe daşadyň? On iki ýyldan bäri dowam eden dostlugymyzy, ýürekdeşligimizi, neneňsi ýere pylçap urduň. Şeýle kän baýlykdan meniň hakymy bermän, ýok edip neneňsi iniňe siňdirip, oňa nädip wyždanyň çatdy. Kişiniň haky bokurdagyňa tegek bolar, harçlaber, ahyry ölersiň. Dostuňa şeýle kast edeniň üçin ol dünede Allatagala seni dowzah oduna ýakar!" diýip, aglaýar.

Neçjar öz dosty zergärden bu sözleri eşidip we geňirgenip: "Bu zatlaryň hemmesini özi maňa duýdurman ogurlandyr, onuň üstesine-de indi maňa töhmet atýar" diýip, gygyrýar. Soň zergäriň ýüzüne garap: —Men seniň bilen dostlugymy terk etdim! Bagtym islese we Hudaýtagala halasa, men senden hakymy gözüňe basyp alaryn. Seniň bilen dostlugymy terk edenligime keýp edýärin!– diýip, zergäri kowup goýberýär.

---

[8] Serrap-gyzyl-krmiş söwdasyny edýän adam.

Dosty zergäriň bu eden işine çenden zyýada gahary gelip, birnäçe gün oýlanyp, neçjar dostuny il-masgarasy etmegiň küýüne düşýär. Şol sebäpli ol hem aýratyn yhlas edip agaçdan dosty zergäriň suratyny ýasaýar. Suratyny bütin durky sypaty, şeýle hem oňa sakal-murt edilşi, geýim-gejimi zergäriň edil häzirki pursatdaky bolşuna üýtgeşiksizje meňzedýär.

Zergär tokaýdan aýynyň iki sany çagajygyny-da tutup alyp gelýär. Soňra bulary aýratyn berk jaýda saklaýar-da, oňat elleki edýär. Her wagt naharlajak bolanda, olara berjek naharyny zergäriň heýkeliniň elinde goýýar. Ajygan aýy çagajyklaryny jaýyndan çykaryp, olara heýkeliň elindäki nahary görkezýär. Aýynyň aç çagajyklary heýkeliň boýuna böküşip onuň elindäki nahary alyp iýýärler.

Neçjar şu ýoly bilen olary ençeme gezek naharlaýar. Aýy çagajyklary muňa tüýs düzgün edýärler. Soňabaka jaýlaryndan çykaryldygy olaryň özleri gelip, hälki heýkeliň elindäki nahary böküşip alyp iýýärler.

Neçjar özüniň bu oýlanyp tapan hünärinden göwni hoş bolup, dosty zergärden öz hakyny talap etmegiň küýüne düşýär. Onuň üçin bolsa, şol şäheriň uly-kiçi we aýal-erkek hiç birini hem galdyrman, şol sanda dosty zergäri hem ähli maşgalasy bilen çagyryp her dürli naharlar bilen naharlap başlaýar.

Zergäriň iki sany ogly bardy. Olar hem enesi we kakasy bilen köpçüligiň üýşüp nahar iýýän ýerine gelipdi. Oglanlar bu ýerde özleri ýaly çagalar bilen oýna meşgul bolýarlar. Ejeleridir we kakalary hem özleri ýalylaryň arasynda gürrüňe kellerini gyzdyrýarlar. Şol halatda neçjar amatly pursat tapyp, beýleki çagalardan awara edip, zergäriň ogullaryny alyp gidýär-de, aýynyň çagalarynyň jaýyna salyp, aýynyň çagalaryny bolsa çykarýar. Şeýlelik-de, ol: "Zergäriň ogullary aýynyň sypatyna öwrülipdirler!" diýip, gygyryp başlaýar.

Neçjaryň gykylygyny bu ýerdäkileriň hemmesi we zergär hem eşidýär. Zergär neçjara betgümanlyk edip, onuň bilen ýakalaşyp uruşmaga başlaýar. Ikisi hem iki ýerden bir-biriniň sakallaryny ütüp başlaýarlar. Ahyr hem bir-biriniň ýakalaryndan tutuşyp, şäher häkiminiň ýanyna süýrenişip barýarlar. Uly-kiçi ähli märeke bularyň yzlaryna düşüp gidýärler.

Bu wakany eşidip, häkim hem haýran galýar we neçjara ýüzlenip: "Hemme hakykaty we isleg-talabyňy dogruja aýt, meniň huzurymda birjik-de ýalan sözlemegin!" diýýär.

Neçjar hiç bir zatdan çekinmän, uly edeplilik we sadalyk bilen: "Zergäriň ogullary meniň öýümiň ýanynda oýnaşyp ýördüler. Bir görsem, onuň ogullarynyň ikisi-de aýy sypatyna öwrüldiler. Men taryh kitaplaryny köp okaýaryn. Şol kitaplaryň birisinde "Hezreti Isa pygamberiň zamanynda aýratyn köp we uly günä eden adamlaryň öňki sypatyndan azyp, doňuz, it, aýy, maýmyn, towşan, garagulak, kepderi, şagal, tilki we böri sypatlaryna öwrülenleri örän kän bolupdyr" diýlip ýazylypdyr. "Bu gün bolsa zergäriň ogullary aýy sypatyna öwrülipdirler. Bularyň beýle bolmaklarynda mende günä ýok" diýýär.

Häkim bu sözleri eşidip, taryh kitaplaryny getirip we açyp okap görse: neçjaryň diýşi ýaly wakalar ozal köp bolupdyr. Şonuň bilen neçjaryň aýdan sözleri tassyk bolýar. Onuň üçin hem häkim neçjara: "Öz taryh kitaplarymy okap gördüm we seniň aýdyşyň ýaly zatlary olarda köp tapdym. Ýene hem bolsa, aýy sypatyndaky çagalar hakykatdan-da zergäriň ogullary bolsa başga hiç kimiň ýanyna barman onuň ýanyna bararlar" diýipdir. Onda neçjar: "Siziň bu aýdanyňyz gaty makul we tüýs göwne jaý zat. Siziň bu pikiriňizi hemme adamlar hem dogry tapar. Häzir gidäge-de, olaryň ikisini hem getireýin we zergäriň hem-de ähli märäkäniň ýanynda olary goýbereýin. Olar başga hiç kime meýil etmän, diňe zergäriň boýnuna böküp, el-aýagyna ýapyşyberseler, onda aýy sypat çagalary zergäriň ogullary diýip hasap etmek bolar. Eger-de atalary zergäri tanaman, başgalara meýil ediberseler, onda meniň sözümiň bütinleý ýalan boldugy bolar” diýip, jogap berýär.

Neçjaryň bu aýdan sözlerini häkim we onuň geňeşdarlary gaty makul bilýärler-de, neçjaryň olary derrew getirip märekäniň içine goýbermegini we märekede zergäriň hem bolmagyny zerur tapýarlar.

Onuň üçin hem neçjar derrew öz öýüne gidip, öz ekdisi aýy çagalaryny häkimiň ýanyna alyp gelýär. Häkimiň we onuň ýakyn ýoldaş adamlarynyň gözüniň alnynda aýy çagalaryny märekäniň çetinden goýberýärler. Aýy çagalary hiç kime

meýil etmän, zergäri gören batlaryna sen-men ýok, oňa tarap ylgaşyp barýarlar we onuň boýnuna böküşip, el-aýagyna ýapyşýarlar. Zergär kowup her näçe aýyrjak bolsa-da, olar ondan aýrylyp başga hiç kime meýil etmeýärler. Bu ýagdaýy häkim hem, onuň ýakyn akyldaş adamlary we ähli märeke öz gözleri bilen görüp haýran galýarlar we hiç şek-şübhesiz zergäriň öz ogullarydyr öýdýärler.

Bu ýagdaýy öz gözi bilen gören häkim zergäri gazap bilen öz ýanyna çagyryp: "Bular seniň balalaryňdyr, nähili günä iş eden bolsaň, neçjara näme ýamanlyk eden bolsaň derrew onuň aýagyna ýykylyp, el-aýagyny öpüp, sap ýürekden toba et. Bagtyňdan ol seniň günäňi bagyşlar, belkem balalaryň öňki adam sypatyna öwrüler!" diýýär.

Zergär bu sözleri häkimden we onuň ýakyn adamlaryndan eşidip, köp tukat, lapykeç we näumyt bolup, äginmän neçjaryň öýüne gidýär. Neçjaryň öýüne baryp, onuň ygtyýar bermegi bilen aýagyna ýykylyp: "Seniň hakyň mende amanatdyr. Dyrnak ýalysynam harçlaman, hemmesini boluşy ýaly saklaýaryn. Olary derrew getirip bereýin welin, sen meniň oglanlarymy ber" diýýär.

Neçjar bolsa: "Päliňi bozup, meniň hakymy hem maňa bildirmän ogurlap gaýdypsyň. Seniň getirip berjegiňe ynamym ýok. Ogurlan zatlaryňdan maňa ýetýänini öňürti getirip ber, ogullaryň adam sypatyna öwrüler. Bolmasa-da seniň sözüňi bütinleý kabul etmeýärin!" diýýär.

Zergäriň çagalaryna söýgüsi barha güýjäp, neçjaryň aýdanlaryna begenip, şol sagadyň özünde öýüne gidýär-de, neçjaryň hakynyň hemmesini derrew getirip berýär. Bermek bilenem toba edip: "Indiden buýana seniň hakyňa hiç wagtda kast etmerin, meniň günämi bagyşla!" diýýär.

Şundan soň neçjar hem zergäriň getiren baýlyklaryny pugta ýygnap, aýynyň çagalaryny öz jaýyna salyp, zergäriň ogullaryny çykarýar-da, oňa getirip berýär.

Şonuň bilen hem toty bu kyssany tamam edip Hüjestä: "Iki dostuň arasynda bütin on iki ýyllap dowam eden dostluk ikisiniňem, ogrulygy, açgözligi hem zergäriň betnebisligi, dost hakyna kast etmegi sebäpli neçjaryň oýlap tapan hünäriniň netijesinde zergär uly-kiçi, aýal-erkek bütin iliň öňünde we ýurt häkiminiň huzyrynda il masgarasy boldy. Seniň hem aýratyn gymmatbaha

lybaslaryňy geýip, kümüş-gyzyllaryňy, dakynyp sypahynyň ýanyna barmagyň göwüne makul däl" diýýär. Totynyň aýdan sözleri Hüjestäniň göwnüne makul bolýar. Onuň üçin hem bütin gije erteki diňläp ukudan galan Hüjeste gymmatbaha lybaslaryny çykaryp we körpeçäniň üstüne özüni goýberip, bu gün-de uky derýasyna gark bolup galdy.

## BÄŞINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem gün ýaşyp, garaňky düşdi. Hüjeste ukudan turup, kenizeklerine gygyrdy-da, oňat iýip-içer ýaly dümen-dürli naharlanyň berilmegini talap etdi. Özi bolsa el-ýüzüni ýuwup, gözüne gaşyna, gül ýüzüne timar berdi, her dürli gymmatbaha eşiklerini we aýakgaplaryny geýdi. Hemişekileri ýaly üstüne her dürli oňat ysly atyrlar sepdi. Soňra bolsa hiç birkemsiz iýip we içip boldy-da, totynyň ýanyna geldi. Hüjeste bu gün aýratyn şelaýynlyk bilen totydan şazadanyň ýanyna gitmegine rugsat sorady.

Toty hem hemişeki bolşy ýaly bu gezegem Hüjestäniň göwnüni ýykman, aýratyn dilewarlyk bilen: "Hemişe şadyýan bolgun, hiç bir pikir-endişe etmegin, men seniň hyzmatyňda ýetişikli we eserdeň bolaryn. Seni şazadanyň huzuryna ýetirerin. Ýöne, eý Hüjeste, sypahynyň söýgüsini, dostlugyny köňlüňde Teberistanyň patyşasynyň söýgüsini garawulyň ýüreginde berk saklaýşy ýaly sen hem ýüregiňde berk saklagyn. Patyşa şeýle-yhlas edeni üçin garawul tükeniksiz döwlet tapdy" diýdi.

Bu sözi eşiden Hüjeste: "Teberistan patyşasynyň dessanyny nähili. Ony hem maňa bolşy ýaly doly aýdyp ber!" diýýär.

Toty Hüjestäniň göwnüni tapjak bolup: "Sen ýoluňdan galaýma. Bu dessan has uzakdyr hem gyzyklydyr. Muny diňlediginçe diňläsiň geler" diýýär. Emma Hüjeste: "Aýby ýok, sen ony maňa aýdyp ber!" diýip, pugta talap edýär.

Maksady erteki aýdyp Hüjestäni sypahynyň ýanyna goýbermän saklamak bolsa-da, toty geregini artdyryp, näzirgäp dessany aýdyp başlaýar.

Öň bir zamanyň ýaşuly dilewarlary şeýle rowaýat kylypdyrlar kim, günlerde, bir gün Teberistanyň patyşasy edil behiştdäki ýaly oýun guraýar. Öýüň içini her dürli süýji tagamlardyr, kebap we şeraplar bilen dolduryar. Ol ýerik hemme

döwletliler, emirler, wezirler, hekimler we ussatlar ýygnanypdylar. Bular ullakan şadyýanlyk we üznüksiz gyzykly gürrüňler bilen nahar iýip we şerap içişip otyrkalar ol jaýa bir adam girýär. Patyşanyň ýasawullarynyň: "Sen kim, nirden we näme üçin gelen adam?" diýen soraglaryna, ol adam:

"Men şir awlaýan awçydyryn. Ok atmaga mergendirin. Näçe gaty we galyň daş bolaýsyn. Atan okumyň sowa birisi hem geçmän içinden geçip gidýändir. Ondan başga-da hünärim bar. Mundan ozal Hojant emirine nöker bolup gezdim. Ol meniň hünärimiň gadyryny bilmedi. Onuň üçin hem ondan nökerlikden çykyp, bu patyşanyň hyzmatyna geldim" diýip, jogap berýär.

Teberistanyň patyşasy bu adamyň aýdan sözlerini eşidip, öz wezirlerine: "Garawulçylyk we nökerlik hyzmatyny ol adama tabşyryň!" diýýär. Şonluk bilen hem wezirler bu adamyny nökerlige kabul edýärler.

Bu adam öz gullugynda gaýym bolup, hemişe bir aýak üstünde diýen ýaly patyşanyň köşgüne garap durar eken.

Bir gün ýary gije patyşa öz köşgünde seýil edip, daş-töweregine nazar aýlap ýörkä bir adamyň bir aýak üstünde gymyldaman söm durandygyny görýär. Patyşa ol nökeriň kimdigini ýetik tanaman: "Sen kim we gijäniň ýarymynda bu ýerde näme üçin beýdip dursyň?" diýip, soraşýar. Onda ol adam: "Men garawul. Patyşanyň köşgüne garawulçylyk edýärin. Birnäçe günden bäri patyşanyň didaryna intizar we muştak bolup, bir aýak üstünde hüşgär durup, hyzmat edýärin. Bu gije bagtym işläp, patyşanyň jemalyny gördüm we şadyman boldum" diýip, jogap berýär.

Patyşa bilen garawul gürleşip durkalar çöl-beýabandan: "Men barýaryn, meni gaýtarmaga kimiň hetdi bar!" diýen bir owaz eşidilýär. Bu sözleri patyşa hem eşidip geň galýar-da, garawula:

–Sen ýaňky owazy eşitdiňmi? diýýär.

Onda garawul: –Bu owazy men birnäçe gijeden bäri eşidýärin welin, meniň wezipäm garawulçylyk, şol sebäpden hem men bu owazyň çykan ýerine gidip bilmedim. Emma patyşamdan buýruk bolsa, ol owazy derrew takyklap, netijesini özüňize şu sagat mälim ederin–diýýär. Patyşa öz garawulyna: –Bar ol owazy

takykla-da, onuň kimdigini we maksadynyň nämedigini maňa mälim et!– diýip, buýurýar.

Garawul derrew çykyp ugraýar. Biraz wagtdan soň patyşanyň özi hem gara geýinip we ýüzüne perde çekip, onuň yzyragyndan barýar. Garawul baryp görse, bir owadan gelin aýak üstünde dik dur we: "Men giderin, kim meni yzyma gaýtaryp bilýän bolsa gaýtarsyn" diýip gaýtalaýar.

Garawul onuň edil alkymyna barýar-da: "Eý gözel gelin sen kim we bu sözleri näme üçin aýdýarsyň?" diýip soraýar. Onda ol gelin: "Men patyşanyň ömrüniň suratydyryn we bu patyşanyň ömri ahyr bolupdyr. Men elhal gidýärin" diýip jogap berýär. Onda garawul gelinden soraýar: "Eý patyşanyň ömri, sen elhal nähili amal bilen yzyňa gaýdyp gelersiň?". Onda ol şeýle jogap berýär: "Eý garawul, sen eger öz ogluny patyşanyň ömrüniň öwezine gurban etseň, men yzyma gaýdaryn we patyşa hem köp wagtlap ölmän dünýäde ýaşar".

Garawul bu jogaby eşitmek bilen: "Men öz ömrümi we oglumyň ömrüni patyşa üçin pida ederin. Sen şu ýerde birazajyk dur, öýüme baryp we oglumy getirip, seniň huzuryňda gurban edeýin!" diýýär-de, öýüne ýüwürip gidýär. Ol öýüne baryp hem bu wakany ogluna düşündirip aýdýar. Ogly hem şeýle diýýär: "Patyşa ynsaply, adyl, garyplara örän rehimdar we raýata terbiýe berýän edepli adam. Beýle rehimdar adamyň ýurdunyň abatlygy, döwletiniň dynçlygy, halkynyň ykbaly üçin men gurban bolmaga razydyryn. Bu hakda men mollamyzyň talyplaryna aýdanlaryny eşidipdim. Adyl patyşa ölümden gutulsa we salamat galsa, ol kän müňlerçe jemagaty abat saklajak. Şeýle adyl patyşanyň ölmegini, ýurda zalymyň eýe bolup, jemagaty heläk etmegini we döwleti weýran etmegini Hudaý hem halamazmyş. Maslahat şol, meni bu ýerden alyp git we eltip ol ýerde gurban et".

Şonluk bilen hem garawul öz ogluny hälki suratyň huzuryna eltýär we ýatyryp el-aýaklaryny daňyşdyrýar-da, eline ýiti pyçak alyp, onuň damagyny çalmakçy bolýar. Şol wagtyň özünde hälki surat gelip, garawulyň golundan tutýar: "Sen ogluň damagyny çalma, Hudaý seniň bu hümmetiňden maňa ýene altmyş ýyl

möhlet berdi. Ogluň el-aýaklaryny çöz-de, öýüňe alyp git. Men hem yzyma gaýdyp bararyn we rahat ýaşaryn" diýýär.

Garawul bu hoş habary eşidip, çenden zyýat şat bolýar. Patyşa hem garawulyň özüne sap ýürekden gadyr goýýandygyny duýýar. Onuň maşgalasyny uzakdan öz gözi bilen görýär, şat we mes bolýar. Ol ýene garawuldan öňürti köşgüne gaýdyp gelip, syr bildirmän geziberýär.

Aradan sähel wagt geçenden soň, garawul hem patyşanyň huzuryna gaýdyp gelýär-de, aýratyn edeplilik, hormat bilen: "Patyşanyň ömri we döwleti zyýada we durnukly bolsun!" diýip, dileg edýär.

Garawulyň gelmegi we şeýle doga etmegi bilen hem patyşa: "Ol nä owazdyr, ony maňa beýan et" diýip, garawuldan soraýar. Garawul hem men-menlik etmän, özi ogly bilen bagly wakalary ýaşyryp, sakynman: "Bir aýal äri bilen tersleşip, ärinden öýkeläp, öýünden çykyp barşyna, şol eşiden sözlerimizi aýdyp gygyrypdyr. Men onuň göwnünden turaýjak sözleri aýdyp, hoşamaýlyk edip, äri bilen ýaraşdyrdym we ol: „"Altmyş ýyllap öýümden çykmaýyn" diýip söz berdi diýýär.

Patyşa garawulyň dilewarlygyna we danalygyna, pähimine pisindi oturyp, gaty şat bolýar-da şeýle diýýär: "Sen bu ýerden çykyp gideniňden soň, men hem yzyragyňdan bardym. Ol aýalyň hemme sowal-jogabyny we seniň öz ogluň ikiňiziň araňyzda bolan gürrüňleri eşitdim, wakalary bildim. Birnäçe günden soň ýene haýran edersiň, enşalla hatyrjem bolarsyň we men Allatagalanyň kömegi bilen saňa uly mertebe bererin".

Şonluk bilen hem patyşa öz ýatylýan otagyna baryp rahat ýatýar. Ol ertir bilen turup, hemme wezirlerini, ulamalaryny we akyldar adamlaryny şeýle hem hälki garawuly ýanyna çagyryp, hemmäniň huzurynda garawuly özüne birinji wezir etdýär, hemme hazynalarynyň gulplaryny oňa tabşyrýar.

Şunluk bilen-de toty, Teberestanyň patyşasynyň kyssasyny tamam edýär. Şol wagtyň özünde hem daň atyp başlaýar. Şol zerarly bu gije hem Hüjestäniň wadaly ýerine gitmegi bolmaýar, çünki ol bütin gije kyssa diňläp, ukudan galany üçin lybaslaryny we aýakgaplaryny çykaryp, körpeçäniň üstünde süýji uka batyp galýar.

## ALTYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ikindi boldy we ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar ýaldyraşyp, aýyň ýagtysyndan gije gündizlik kimin ýagtyldy. Şol wagt Hüjeste süýji ukudan syçrap gurdy-da: "Ýuwunar ýaly suw we iýip-içer ýaly nahar getiriň!" diýip, kenizeklerine gygyrdy. Ol ýene ýuwundy, darandy, gözüne sürme çekdi, ýüzüne garahal goýdy. Birkemsiz geýinip, nahar edindi. Soňra totynyň ýanyna howlukmaçlyk bilen gelip, sypahynyň ýanyna gitmäge rugsat diledi.

Toty munuň ýüzüne garap we uly şelaýynlyk bilen gülümsiräp: "Sen güň sen, emma sypahynyň yşky-söýgüsinden seniň habaryň ýok. Ol seniň wysalyň üçin köp bikarar. Derrew onuň huzuryna baryp, onuň göwnüni awla, şatlandyr. Eger seniň äriň edil şu pursat öýe giräýse we seniň gygyrjak horaz ýaly bolup durşuňy görse, onda hökman öň bir zamanda bolup geçen ýedi aşnalaryň (dostlaryň) boluşlary ýaly mahrum, ät bolarsyň" diýýär.

Bu sözi eşiden Hüjeste: "Ol aşnalaryň kyssasy näzeýilli bolupdyr? Ony maňa doly suratlandyryp, boluşy ýaly aýdyp ber" diýip, totydan talap edýär.

Maksady Hüjestäni sypahynyň ýanyna goýbermän saklamak bolandan soň, toty Hüjestäniň buýrugyna boýun egip aşnalaryň kyssasyny aýdyp başlaýar.

Öň bir zamandaky dilewar we akylly adamlaryň aýtmaklaryna görä, bir şäherde ökde geýim tikýän we aýakgap ussasy, bir sany zahyt[9], bir neçjar we bir sany zergär bolupdyr. Bular öz aralarynda maslahatlaşyp, bir gün öz şäherlerinden çykyp, başga şähere ugraýarlar. Az ýöräp, köp ýöräp agşamlyk aňyrsy-bärisi görünmeýän sümme tokaýa baryp ýetýärler. Tokaýyň golaý-goltumynda oba we ilat ýok eken. Bu ýagdaýda ýolagçylar nalaç bolup, gije ol ýerde ýatmakçy bolýarlar. Bular öz aralarynda maslahatlaşyp şeýle netijä gelýärler: "Bu mahluksyz sümme tokaýyň içinde garawulsyz galmak örän gorkulydyr we hata işdir, ýagşysy gezekleşip garawulçylyk etmek, onuň üçin-de bütin gijäni dört bolup, her paslynda birimiziň ýatman, beýlekilerimize garawulçylyk etmegimiz zerur.

---

[9] Zahyt-takwa, terkidned, dindar.

Şonluk bilen hemmeden öň ilki agşamdan gijäniň dörtden biri geçýänçä neçjar garawulçylyk çekmekçi bolýar. Beýlekileriň hemmesi ýatyp, süýji uklap galýarlar.

Neçjar bir işe meşgul bolsam ukym gelmez we şonluk bilen öz garawulçylygyma sak bolaryn" diýen pikir bilen, öz neçjarlyk gurallaryny alyp, bir agajyň aýratyn göni ösen ýogyn şahasyny kesýär-de, ony teşesi çekiç bilen rejeläp başlaýar. Ol özüniň her dürli gurallaryny peýdalanyp we yhlas hem üns bilen işläp bu agaçdan bir gyzyň heýkelini ýasaýar. Onuň her bir synasyny bir kemsiz oňat rejeläp, ýüz-gözüni sünnäläp görmäge göz gerek diýer ýaly derejede şekillendirýär. Netijede-de gyzyň gözelligi we bedeniniň gurluşy heniz görülmedik halda ýaraşykly bolýar. Saçynyň, gaşynyň, gözüniň, kirpiginiň, gabagynyň, agzynyň, burnunyň, ýüzüniň, alkymynyň ýasalyşynyň owadanlygy görenleriň akylyny haýran ederlik we huşuny alarlyk derejede gelşikli bolýar. Şekiliň ýasalşydan neçjaryň özüniň hem göwni hoş bolýar. Soň bu işiň dabarasy dag aşýar we äleme jar bolýar. Şeýle gyzykly işe meşgul bolan, neçjar gijäniň dörtden biriniň nädip geçenini-de duýman galýar.

Neçjar bu işi doly gutaryp, gurallaryny ýygnaşdyryp we agaç ýonutgylaryny ýok edýär. Gyzyň agaçdan ýasalan heýkelini görnükli ýerde ornaşdyrýar. Soňra bolsa gezekdeş zergäri ukudan oýaryp, özi ýatyp süýji uka gark bolýar.

Zergär hem elini-ýüzüni ýuwuşdyryp we ukudan açylyp, öz garawulçylyk işine hüşgärlik bilen sak durup başlaýar.

Birdenkä zergäriň gözi gyzyň heýkeline düşýär. Ol öz ýanyndan: "Beýle ajaýyp sahypjemal bu sähra nireden geldikä we kim muny bu ýere getirdikä" diýip, oýlanýar. Emma janly däldigini aňyp, onuň ýanyna barýar we daş-töweregine aýlanyp, ony hiç birkemsiz synlap görýär. Şonluk bilen hem "Berekella muny ýasanyň eline, usullylygyna, ussatlygyna!" diýýär-de öz ussatlygyny görkezmek üçin neçjaryň ýasap goýandygyny bilýär. Bu ýagdaý zergäre hem täsir edýär. Onuň üçin bu hem: "Neçjar öz garawulçylygyny, hünärini we ussatlygyny peýdalanyp, şeýle ýaraşykly heýkel ýasapdyr. Meniň hem öz hünärimi görkezmegim we neçjardan asgyn oturmazlygym gerek" diýip, derrew bukjasyndan gymmat zerleri

çykaryp, kümüşden we altyndan her dürli owadan şaýlar, bilezikler, ýüzükler we şuňa meňzeş bezeg şaýlary ýasap, olary hälki suratyň boýnuna, gulaklaryna, gollaryna dakyşdyryp, ol şekile zynat berip ony has hem gözelleşdirýär.

Şonluk bilen, zergär öz garawulçylyk wagtyny duýdansyzlykda geçirip, ussaçylyk abzallaryny öňküsi ýaly ykjam ýygnap goýýar. Soňra bolsa öz nobatdaşy tikinçini ukudan turuzýar we özi ýatyp uka gidýär.

Öz garawulçylygyna meşgul bolan tikinçi ussa ukudan açylmak üçin ýatan ýoldaşlarynyň daşyna aýlanyp ýörkä, hälki heýkele gözi düşüp allaniçiksi tisginip, aňkaryp galýar. Ol: "Gijäniň içinde zynatly zerli beýle ýaraşykly peri-peýker gyz nireden bu ýere geldikä" diýip, elhal onuň ýanyna barýar we ol-da heýkeliň jansyzdygyny, perizat däldigini, ýagny neçjar bilen zergäriň işidigini bilýär. Bu hem: "Olar öz hünärlerini görkezmek üçin muny şeýle ajaýyp görnüşde ýasapdyrlar. Men hem öz hünärime ökdedigimi iş ýüzünde görkezeýin" diýen pikir bilen, ýalaňaç duran gyz şekilini doly geýindirmekçi bolýar. Onuň üçin hem öz bukja gülberindäki ozal tikilip goýulan aýratyn gymmatbaha ýüpek lybaslary çykaryp ol surata geýdirýär. Başyna bolsa al-ýelwan öwsüp duran ýüpek ýaglyk daňýar we aýaklaryna her dürli zer bilen owadanlanyp tikilen aýakgap geýdirýär.

Geýim tikýän has hem höweslenip, lybaslaryň ýerbe-ýer, ýaraşykly durmagyna meşgullanyp, öz wagtyndan-da köpräk garawulçylyk çekýär. Şonluk bilen-de daň atmaga az wagt galanda iň soňky garawulçylyk çekmeli bolan zahydy süýji ukudan oýarýar-da, özi ýatyp galýar.

Zahyt derrew ýerinden turýar we görse daň atmagyny buşlaýan we guşlaryň saýramagyňa az wagt galypdyr. Ol derrew täret kylyp we tämiz geýimlerini geýip, namaz okamaga durýar. Namazyny gutaryp, ýüzüni we ellerini ýokary galdyryp Hudaýa mynajat okanda, nazary hälki surata düşýär. Ol mynajat etmegini derrew gutaryp: "Adam garasyz bu tokaýlyga hoşroý peri-peýker nireden geldikä?" diýen pikir bilen derrew heýkeliň ýanyna barýar. Görse, ol peri-peýker gyz bolman, gyzyň jansyz şekili eken. Zahyt ol şekili üç ýoldaşynyň öz hünärlerini görkezmek üçin ýasap, bezänine düşünýär. Onuň üçin Zahyt: "Men hem olardan kem galmaýyn, öz hünärimi görkezeýin" diýýär-de, namazlygyň üstünde oturyp we iki

goluny ýokary galdyryp: "Eý Halyk! Ynsany we bütin älemi ýaradyjy sen, ölüleri direldiji, dirileri öldüriji sen! Men hem seniň kemine bendäňdirin. Men asy bendäniň doga we mynajatyny kabul edip, bu agaçdan ýasalan heýkele rehim edip, jan bermegiňi isleýärin. Ol hem seniň keremiň bilen öz dostlarynyň ýanynda abraý we hormat gazansyn!" diýip, tükeniksiz doga okap, Hudaýa ýalbarýar. Allatagala hem onuň dogasyny kabul edip, agaçdan heýkele jan berýär we ruh bagyşlaýar. Heýkel dil açýar. Onuň sözüni eşiden adamyň oňa aşyk we mejnun boljagy ikiuçsyzdy.

Agaçdan ýasalan heýkel zahydyň ýanyna baryp oturýar. Zahyd gyzyň dilewarlygyna haýran galýar. Onuň hem eşitgir hem görgürdigini duýýar.

Şonluk bilen daň atyp, namaz wagty bolanda zahyt özüniň beýleki üç ýoldaşyny hem ukudan turuzýar.

Ýoldaşlary gözlerini ukudan açalak-ýumalak edişip, birdenem janly heýkele gözleri düşüp aňk bolup galýarlar. Gyz göýä on dördi gijäniň aýy ýaly älem jahana ýalkym salýar. Dilewar, salyhatly gürläninde dilinden bal damýar. Gyza üçüsem aşyk bolýar.

Neçjar durup bilmän: "Bu gül beden gyz meniň öz söýgülimdir. Men siziň hemmäňizden öň köp mähnet we muşakgatlar çekip, ony agajyň iň gowy şahasyndan yhlas edip ýasadym. Indem tüýs ýürekden oňa aşyk boldum. Ol ýalňyz meniň söýen magşugymdyr" diýýär.

Ondan soň zergär dawa tutýar: "Bu gül ýüzli gyz meniň gelnim bolmalydyr. Sen onuň diňe heýkelini ýasadyň. Men bolsam altyndan, kümüşden-jöwherden, zerden her dürli şaý ýasap ony bezedim, has gözel görke getirdim. Şonuň üçin-de ony hökman men almalydyryn!" diýip, neçjara jogap berýär. Emma ussa tikinçi hem: "Hawa, siziň biriňiz onuň heýkelini agaçdan ýasap, beýlekiňiz bolsa şaý bilen bezäpsiňiz welin, onuň bedenini hiç biriňiz-de ýapmansyňyz. Adamyň, ylaýta-da zenanyň syratly, abraýly bolmagy üçin iň zerur zat eşik. Men ony gymmat baha, her reňkli zyba parçalardan tikilen lybaslardan geýindirdim, bedenini ýapdym. Ýogsa onuň ýanyna adam baryp biljek we hyjalatdan çykyp biljek gümany barmy! Onuň üçin-de gyzy hökman men almalydyryn!" diýýär. Galyberse-de, Zahyt:

"Siziň üçüňiziň eden işiňiz we harjyňyz diňe bir meniň çykdajyma, zähmetime taý gelip bilmez. Meniň edenim has artykdyr we ýerliklidir. Çünki jansyz gury beden her näçe geýnüwli we şaýly bolsa-da, bir janly adama taý gelip bilmez, olaryň edip bilen zady bolmaz. Ol agaç heýkeliň janlanmagy hem  dil açmagy, meniň tükeniksiz doga okap, mynajat etmegimiň netijesinde Allatagalanyň rehmi inip, oňa jan Keramat bermegidir. Şol zerarly hem gyz hökman meniňki bolmalydyr" diýip, ýoldaşlaryna jogap berýär.

Bu dört ýoldaşyň birisi hem beýlekisiniň aýdany bilen ylalaşmaýar. Her niçik-de bolsa, näme etjeklerini bilmän näalaç galýarlar, çünki olaryň söýýän gyzy bir adam bolup, ol gyzy söýýänleriň sany dört adam. Onuň üçin hem bir gyzyň daşynda dört ýoldaş dört tarapdan yşyga gelen perwana kimin pyrlanýarlar. Neçjar: "Bu gyz meniň magşugymdyr, ony men almalydyryn!" diýýär. Zergär: "Ol gyz meniň mahbubymdyr!" diýip, dawa edip başlaýar. Tikinçi-de: "Bu gyz meniň janymdyr, onuň menden başga ýere giderligi ýokdur" diýýär. Galyberse, Zahyt hem: "Ol meniň göwün islegimdir, miwämdir. Muňa hemmäňiz hem kaýyl bolmalysyňyz!" diýýär.

Dörtler şeýlelik bilen indi bäş adam bolup ýola rowana bolýarlar we ýolboýy öz aralarynda dawalaşyp iýmek-içmegi ýatlaryndan çykardylar. Ahyryn az ýöräp, köp ýöräp bir oba ýetdiler. Bular bu ýerde oturyp, öz aralarynda: "Bu obanyň serdarynyň ýanyna baralyň we bu wakany boýdan-başa oňa gylyny gymyldatman aýdalyň-da, onuň makul bilenine hemmämiz kaýyl bolalyň" diýşip, agzybirlik bilen maslahat edýärler-de, belli bir netijä gelýärler. Şol maslahat bilen hem hemmesi birigip, ol ýeriň serdarynyň ýanyna barýarlar we ýokardaky ýagdaýy her haýsysy öz maksadyny doly oňa mälim edip: "Indi bu gyz biziň haýsy birimize degişli bolsa, adyllyk bilen bize äşgär edip ber!" diýip, haýyş edýärler.

Serdar gyz hem onuň döreýşi bilen bagly wakalary we dörtleriň maksatlaryny diňläp hem aý ýüzli gyza syny oturyp: "Bu zenan meniň maşgalamdyr. Siziň dördiňiz hem ogrusyňyz. Hemmäňiz agzyňyzy birikdirip, meniň aýalymy öýümden çykarypsyňyz. Men siziň bu eden işiňize ýol bermerin. Siziň hemmäňize degişli

çäre görerin" diýýär. Şunluk bilen bu gyza aşyk ozal dört bolsa, indi bäş adam bolýar.

Soňra bular bäş bolup ol ýurduň ýaşulusynyň ýanyna baryp, öz wakalaryny doly häsetlendirip: "Bu gyzyň haýsy birimize degişlidigini anyk edip ber!" diýýärler. Ýaşuly hem bularyň sözüni birkemsiz diňleýär we ol gyzyň owadanlygyny görüp, pälini bozýar-da: "Bu aýal meniň dostumyň aýaly. Birnäçe wagt mundan ozal nämälim adamlar dostumyň aýalyny we örän kän altyn-kümüş baýlygyny ogurlap öýünden äkidipdirler. Dostumy bolsa öldürip gömüpdirler. Her näçe sorag-ideg etsek-de, şu çaka çenli onuň aýalyndan we alynyp gidilen baýlygyndan çürt-kesik hiç bir derek tapyp bilmedik. Indi men siziň hemmäňizi bu ýurduň hākiminiň ýanyna äkidip, onuň kömegi bilen öz dostumy, onuň bu aýalyny we äkidilen hemme baýlygyny size tapdyraryn" diýip gazaba münýär.

Gyzyň bäş aşygy bäş ýerden "biz ogry däl, biziň jogabymyzy şu ýurduň häkiminiň ýanynda eşit. Biz seniň bu sözüň bilen ylalaşmaýarys" diýşip jogap berýärler.

Şunluk bilen ol gyza aşyk adamlaryň sany ozal bäş bolsa, indi alty bolýar. Bularyň arasyndaky jedeldir galmagal we närazyçylyk öňkä esse-ýarym artýar. Bular öň bäş tirkeşik bolsa indi alty bolup, ol ýurduň häkiminiň ýanyna gyzy yzlaryna tirkäp sürrekleşip, haýdaşyp girýärler we öz dawalaryny oňa doly mälim etmek bilen, dogry hemmä deňlik netije çykarmagyna garaşýarlar.

Ýurt häkimi-de bularyň hemmesiniň sözüni birin-birin diňleýär we ol peri sypat gyzy görýär-de: "Bu kenizek meniň aşhanamda nahar taýýarlaýardy. Bir gün aýalym ony tagamy oňat bişirip bilmänligi üçin gaharlanyp, käýýäp urupdyr. Bu hem şol sebäpli öýkeläp, aşhanadan çykyp gidipdir. Meniň bu kenizegimi aldap alyp gidipsiňiz. Hudaýyň gudraty bilen kenizegimi özüňiz öz aýagyňyz bilen meniň ýanyma alyp geldiňiz. Size indi näme çäre görmelidigini özüm bilýärin!" diýýär-de, çenden zyýada ýowuzlanyp başlaýar.

Gyzyň alty adamdan ybarat aşyklarynyň hemmesi-de, öz aralarynda "bu ýurduň häkiminde düýbünden ynsap ýok ekeni! Biziň dawamyzy adyllyk bilen açmakdan geçen, gaýtam bize ugursyz töhmet edýär we bu gyzy bizden aljak

bolýar" diýşip, ozalky alty aşyk indi ýedi bolup, başga bir häkimiň ýanyna gidýärler.

Ol häkime hem bularyň hemmesi öz sözüni birin-birin aýdyp, bu gyzyň haýsy birine degişlidigini dogry anyk edip bermegi haýyş edýärler. Bu häkim ýanyndaky ähli dana bilimli adamlary bilen birlikde bu wakany boýdan-başa pugta diňläp, bolup geçen wakalara haýran galyp, öz aralarynda "bu dawa eger iki adamynyň arasynda bolan bolsady ýaşuly ýa-da häkimiň ýanyna baryp, öz arzy-hallaryny aýtsalar ýaşuly ýa-da häkim olaryň dawasynyň üstüni adyllyk bilen açardy. Bularyň häzirki boluşlary örän geň, gabahat ýagdaý, çünki dawagärleriň arasynda ýaşulynyň we häkimiň özleri-de bar diýip pikirlenýärler.

– Bu ýagdaýa ökde düşünýän we bu işiň üstüni dogry açyp biljek adam barmy?" diýip häkim töweregine ýüzlenýär. Şol wagt dana adamlaryň arasynda ýaşy bir ýüz ýigrimi sekize ýeten bir garry adam bardy. Ol goja hiç ýüz görmezek, dogry gepli, örän ynsaply we her bir işiň üstüni tüýs adyllyk bilen açýan adamdy.

Ol goja bu dawagärleriň hemmesiniň ýüzüne garap, "Şäheriň daşynda köp ýere saýa salýan ullakan we nazarkerde agaç bardyr. Her kim ýurduň häkiminiň hökümine kaýyl bolman, şol agajyň düýbüne baryp, öz närazyçylygyny aýtsa, ol agaçdan owaz çykyp: "Pylany dogry geplidir we pylany ýalançydyr!" diýip, dawanyň üstüni adyllyk bilen açyp goýberýär" diýýär.

Gyzyň aşyklary, gyzy yzlaryna tirkäp garrynyň salgy beren agajynyň düýbüne barýarlar. Bular bu ýerde hem öz sözlerini birin-birin aýdyp, agaçdan owaz çykmagyna garaşyp durýarlar.

Aradan az wagt geçenden soň agajyň bir tarapy öz-özünden dikligine jaýrylyp başlaýar. Şol halatda gyzyň endamyndaky lybaslar we şaýlar syrylyp ýere düşýär-de, hälki gyz ol agajyň jaýrygyna girip ýerleşýär. Soňra bolsa agajyň jaýrygy öňküsi ýaly bitin galýar-da agaçdan: "Şaýlar zergäriňki we lybaslar tikinçi ussanyňky bolmaly beýlekileriňize hiç zat hem ýok. Indi bolsa bu ýere üýşüp durmaň-da, her haýsyň öz öýüňize gaýdyň" diýip, örän düşnükli owaz çykýar.

Şunluk bilen hem bu ýedi aşyk, awuny aldyran tazy ýaly bolşup we öz aralarynda "agajyň düýbüne baranymyzda näme üçin ol gyzy öz aramyzda oturtmadyk" diýşip, ahmyr edişip, ahyry her haýsysy öz öýli-öýüne gaýdýar.

Şunluk bilen toty bu kyssany-da tamam edip Hüjestä: "Haýal etme-de derrew arzylyň ýanyna bar. Birsyhly wadaňa ýalançy bolup ýörseň, beýle ýagdaýda hiç wagt işiň rowaç bolmaz" diýýär. Hüjeste oturan ýerinden tisginjiräp turýar welin, bir görse, daň atyp, guşlar saýraşýar. Onuň üçin-de näalaç bolup we bütin gije kyssa diňläp ukudan galany sebäpli, bu gije-de wadasyna ýalançy we ahmyrly bolup, lybaslaryny howlukmaç çykarynyp ýatyp galýar.

## ÝeDINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşdy we gündogardan aý aýna dek jilwe berip asmana ýalkym salyp başlady. Hüjestäniň kenizekleri bulgurdan ýasalan panuslaryň içindäki tylladan edilen şemdanlaryň üstlerinde şemleri ýakyp, jaýlaryň içini ýagtyltdylar. Şol wagt Hüjeste süýji ukudan turup, birkemsiz ýuwundy, darandy, lybaslaryny geýdi, üstüne her tüýsli oňat atyrlar sepip, oňat iýip-içdi. Ol özüni kemsiz bezänden soň totynyň ýanyna geldi-de, sypahynyň huzuryna gitmäge rugsat isledi:

Toty bolsa edep we tertip bilen Hüjeste hakynda doga okap: „”Men, elbetde, seni aşygyň wesalyna ýetirin. Sebäbi aşyk-magşuklary biri-birine gowşurmak üçin patyşalaram kömek edipdir. Men bir hekaýaty aýdaýyn. Onda Hindistan patyşasynyň owadan gyzyna aşyk bolan bir garyp derwüş ol gyza öýlenmek üçin başga ýurduň patyşasyndan kömek sorapdyr. Ol patyşa derwüşe gulak salypdyr we olary tapyşdyrmak üçin köp külpetler çekipdir, belki başyny bermäge-de razy bolupdyr" diýip, toty gürrüň berýär.

Ol wagtda Hüjeste hem howlugyp: "Onuň hekaýaty näzeýillidir? Ony maňa aýdyp ber!" diýýär.

Hüjestäniň islemegi bilen toty, bu dessany şeýle aýtmaga başlaýar. Gadym zamanyň akylly adamlarynyň rowaýat etmeklerine görä, Hindistan ýurdunda bir patyşa bolupdyr. Ol şeýle bir syratly hem baý adam bolupdyr. Her kim ony görse, höwes edipdir. Bir gün hiç zatsyz bir derwüş bu patyşanyň gyzyny görüp, gije-gündiz iýmek-içmekden kesilip, ukyny terk edip, patyşanyň derwezesiniň daş

ýüzünde bendiwan bolup durupdyr. Diňe ol her sapar demini alanda patyşanyň gyzyny ýat edip birsyhly ahy-zar çeker eken.

Derwezebanlar we ýasawullar ony kowjak bolup hernäçe ursalar-da, ol derwüş edil ýere ýelmeşen palçyk ýaly bolup, şol bir duran ýerinden üýtgemez eken. Ahyr, patyşanyň ýasawullary: "Gedaý patyşaga mynasyp däldir. Onuň üçin hem sen bu ýerde mübtela bolup durma-da, öz ugruňa git!" diýip, ony kowjak bolýarlar. Onda derwüş olaryň ýüzüne garap: "Yşkdyr söýgi ýolunda patyşa birle gedaý barabardyr!" diýip, jogap berýär we şol bir duran ýerinden üýtgemeýär.

Ahyr şeýle kän muşakgat çekenden soň, bir gün derwüşüň hyýalyna "Patyşanyň özüne öz maksadymy ýazyp hat ibereýin" diýen pikir gidýär. Şonuň bilen-de ol: "Bu hiç bir zady bilmeýän derwüşdir, patyşanyň gyzyna tüýs ýürekden, çyn aşykdyr. Gyzyňyzyň wysaly bu derwüşe nesip etse, Haktagalanyň dergähinde siz uly sogap gazanarsyňyz. Emma nesip etmese, onda bu derwüşiň diriligi gümanadyr" diýip, patyşaga hat ýazýar.

Patyşa derwüşiň ýazan hatyny okap görýär-de, dergazap bolup, ony şol sagat öldürip ýok etmekçi bolýar. Patyşanyň şeýle dergazap bolup duran pursatynda onuň aýratyn akylly we dilewar weziri ýanynda häzir bolup, bu ýagdaýlaryň hemmesini bilýär. Bilmek bilen-de, süýji dillilik we ullakan dilewarlyk bilen: "Adyl, ynsaply patyşalar, Hudaý söýen serdarlar derwüşleri naumyt etmeýärler, horlamaýarlar. Maňa buýursaňyz, men ony ýagşylyk bilen derwezäniň ýanyndan aýraryn" diýip, arz edýär.

Patyşa bu wezirine: "Ony tedbir bile ol ýerden aýyr!" diýip, buýurýar.

Wezir derwüşiň ýanyna baryp: "bir pili zer we eşrepiden gyzyl pul ýükläp getirip berseň, men patyşa arz edip, seni patyşanyň gyzynyň wysalyna ýetirerin" diýip, derwüşi bu ýerden ugradyp goýberýär.

Hakyna garanyňda bir pili zerden eşrepiden ýüklemek beýlede dursun, hat-da bir çybyny hem ýüklemäge derwüşüň gurbaty ýokdy. Şeýle bolsa-da ol öz ýagdaýyny bilmeýän ýaly, bir pili zer hem eşrepiden ýükläp patyşanyň wezirine getirip bermek maksady bilen adamlaryň sadaka bermeklerini isläp, köçeme-köçe gapylaryna baryp, şeýle kän zadyň bagyşlanylmagyny haýyş edýär. Şäheriň "men"

diýen we özüne göwni ýetýän adamlary-da, derwüşiň sözüni diňläp haýran galmakdan başga hiç birisi-de onuň haýyşyny bitirip bilmeýär. Ol hem bolsa bu şäherde derwüşiň bu zeýilli islegini bitirip biler ýaly guryply bir adamyň ýokdugy sebäplidir. Ahyr şäher adamlaryndan birisi, derwüşe: "Saňa bir pili zer we eşrepiden ýükläp, Hudaý ýoluna berer ýaly bu şäherde hiç kimiň hümmeti we sahylygy ýetmez" diýýär. Onda derwüş: "Şeýle bolsa, indi maňa näme etmek gerek?" diýende, ol adam: "Hindi mülküniň serdary gaýdyr, ol örän sahydyr. Ol hiç kimiň göwnüne degmeýär we haýyşyny bitirmän goýmaýar. Belkem, ol saňa bir pili we zerdir eşrepiden ýükläp berip goýberer. Onuň üçin hem sen başga hiç bir ýere barman, gös-göni onuň ýanyna baryp, ondan öz haýyşyňy bitirmegini towakga etmegiň gerek" diýýär. Beýle ýaramly maslahat eşiden derwüş, hälki adama: "Onda bir hyzmatkäriňi ýol harjy bilen maňa goşup goýber" diýende, ol adam derwüşiň ýanyna özüniň iki sany hyzmatkärini ýol harjy bilen üpjün edip goşup goýberýär.

Şonluk bilen hem derwüş, gaýyň ýanyna baryp öz matlabyny düşündirip aýdýar we gaýyň garaşyk etmegini soraýar. Raý derwüşiň matlabyny eşidenden soň, derrew bir pili zerdir eşrepiden ýükläp berip goýberýär-de: "Bar, Alla ýaryň bolsun" diýip, ony ýola salyp goýberýär. Dilegi kabul bolan derwüş zer we eşrepiden doly ýüklenen pili patyşanyň nazaryndan geçirýär.

Patyşa ýüki ýetik pili görüp, ol ýagdaýa geň galýar-da, hälki wezirine:

–Derwüş pakyr şeýle kän mukdar mal bilen pili nireden getirdi we haýsy bir jemal adam bu zatlary oňa berdikä? Her niçik-de bolsa, ýene bir hile tapyp, derwüşi bu ýerden dep et– diýýär.

Wezir derwüş pakyryň ýanyna baryp, üsti ýükli pili ondan alyp: „”Raý biziň patyşamyz bilen tersdir. Sen onuň başyny getirseň elbet-de patyşa öz gyzyny saňa berer we seni özüne giýew ediner" diýýär.

Derwüş üsti ýükli pili ol wezire berýär-de, özi ýene aýagyny süýräp we uzak ýoly ýakyn bilip, Raýyň ýanyna ugraýar.

Az ýöräp, köp ýöräp onuň ýanyna barýar we nämaksat bilen ikinji gezek gelendigini oňa mälim edýär. Onda-da Raý derwüşüň ýüzüne garap: "Sen

hemmeden öň öz hatyryňy jem et. Meniň başym üçin hiç bir endişe etme. Hemme mal, esbap, belki patyşalygymy-da we başymy-da Hudaý ýoluna bagyşlaryn. Bu çaka çenli hiç kes "başyňy ber" diýip, gelmedi. Emma sen weli şu gün geldiň. Isleseň başymy kesip eliňe bereýin welin, sen onuň bilen-de patyşanyň mekirliginiň soňuna çykyp bilmersiň. Onuň mekirlik bilen edýän buýrugynyň hemmesini ýerine ýetirjek bolup, ahyry öleniňi duýman galarsyň! Hemmesinden ýagşysy sen iki gulaç ýüpi boýnuma dak-da meni iýdip, patyşa diriligime eltip ber we oňa: „"sen diňe başyny getir" diýipdiň welin, men munuň başyny göwresi bilen alyp geldim" diýip aýt.

Soňra ýene şeýle diý: "Sen hem aňryujy razy bolsaň we aýdan sözüň üstünde tapyljak bolsaň, gyzyňy maňa şatlyk bilen ber we meni özüňe giýew edin" diý.

Derwüş, Raýyň buýruşy ýaly iki gulaç ýüpi onuň boýnuna dakyp we öz yzyna tirkäp patyşanyň huzuryna getirýär.

Ol patyşa Raýyň beýle mert hem sahylygyna we garyba hemaýat berişine geň galyp, özüni onuň aýagyna taşlaýar-da: "Şunça uzak ýaşasam-da, men siziň kimin bir garybyň göwnüni tapmak üçin öz başyny gaýgyrmaýan hümmetli adam görmedim" diýip, derrew gyzyny öz razylygy bilen Raýyň ygtyýaryna getirip berýär. Ol gyzyny Raýyň ygtyýaryna bermek bilen hem: "Bu kemine seniň keniziňdir, kimi halasaň şoňa ber. Seniň edeniňe men tüýs ýürekden razydyryn!" diýýär.

Şeýlelikde, Raý derwüşi patyşanyň gyzy–öz magşugy bilen tapyşdyryp, öz ýurduna gaýdyp gidýär.

Toty bu dessany aýdyp gutarandan soň, dilewarlyk bilen Hüjestä: "Öňki zamanda öten patyşalar öz mülklerini abat ederdiler, weýran etmezdiler, hemme baý we garyplar, nökerler we uly-kiçiler bir-birleriniň dynç, rahat, hem agzybir ýaşamaklaryna hemaýat etmäge çalşardylar. Şeýle hem hiç kimiň göwnüne degmezdiler we hiç kime azar bermezdiler. Mysal üçin aýdanymyzda, Raý Hindistan ýurdunyň patyşasy bolsa hem, bir derwüşiň patyşanyň gyzyny almagy üçin gör näçe mähnet we muşakgatlar çekdi. Men hem seniň sypaha gowuşmagyň üçin köp renji-mähnet we sütemler görsem gerek!" diýdi.

Totynyň aýny sözüni gutaran mahaly daň saz berdi.

Onuň üçin-de Hüjestäniň wadaly ýerine gitmegi bu gün-de başa barmady, çünki gijäniň garaňkylygy gidip, daň atdy we guşlar saýraşyp, käbir adamlar eýýäm öz işlerine gitmek üçin köçä çykyp başladylar. Netijede, dessan diňläp, bütin gije ukudan galan Hüjeste süýji uka gidip, uklap galdy.

## SEKIZINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Ertesi garaňky düşüp, indi il aýagy ýygnanyberende Hüjeste ukudan, bimar bolup, ah çekip rugsat almak üçin totynyň alnyna geldi.

Toty, Hüjestäniň ýüzünde horluk we zarlyk eserini görüp: "Eý bibi! Janym saňa pida bolsun! Bu gije sen nä sebäpden beýle melulsyň we näme üçin beýle bisabyr hem bikararsyň? Hötdesinden gelinmejek hiç bir iş bolmaz. Hiç wagt sabyr we umydy eliňden bermegin, myrat-maksadyňa ýetersiň" diýdi. Onda Hüjeste: "Eý söhbetdeş we höwürdeş toty, men her gije seniň ýanyňa gelýärin we gussamy aýdyp rugsat dileýärin. Emma men haçan ol ýigide gowuşaryn. Bu gün eger ygtyýar berseň gowy bolar, ýogsam sabyrym gutarar" diýýär.

Bu sözden soň toty: "Eý bibi, sen her gün ýanyma gelip, dessan diňläp gijäni paýawlaýarsyň. Bu gün men seniň tizräk gitmegiňi isleýärin. Bir gysgajyk kyssa gulak sal, birden äriň duçar gelse, onuň ýanynda ýüzügara bolaýma we täjiriň aýalynyň bolşy ýaly bolaýma! Şonuň bilen hem ony hyjalata goýup, özüň abraýly bolup ýüzüň gyzarsa hem ýaraşykly zat däldir" diýýär.

Onda, Hüjeste: "Ol kyssa nähili? Ony maňa aýdyp ber" diýýär.

Bu waka çenli Hüjestäniň göwnüne degmedik we bu sapar-da degmek islemeýän toty, täjiriň aýalynyň näzeýilli bolandygyny aýtmaga başlaýar.

Öňküleriň aýtmaklaryna görä, bir şäherde kän döwletli bir baý täjir bolupdyr. Onuň bir gözel aýaly bar ekeni. Ol onuň bilen gije-gündiz söýgi küşdüni oýnar ekeni. Aradan birnäçe wagt geçenden soň, ol täjir başga bir ýurda söwdagärçilige gidipdir. Onuň aýaly, äriniň giden gününden beýläk ýüzünden haýa perdesini ýyrtyp, onuň ýerine ýüzüne ryswalyk perdesini dartypdyr. Öz wagtyny hoş geçiripdir. Onuň bu ýagdaýda döwran sürmegi köpe çekipdir. Birnäçe wagt geçenden soň ahyry täjir hem öz şäherine gaýdyp gelipdir. Ol şähere ilki gelen

güni öz öýüne barman, bir gije başga bir owadan we öz halan aýalynyňka barmakçy bolup, hemme söwda mallaryny öýüne ýollaýar-da, özi başga bir jaýy kireýine tutup şonda galýar. Ol jaýda ornaşyp öz maksadyna ýetmek üçin, bir garry kempiri tapýar-da, bir näzenin aýaly şu gün duýulmaz ýaly edip, meniň ýanyma getirip berseň, men saňa kän pul bererin" diýýär.

Ol garry kempir hem kän pul muzd almak maksady bilen täjir üçin aýratyn ýaraşykly bir näzenin aýaly tapyp getirip bermegiň kül-külüne düşýär. Bu pakyr ileri basyp, gaýra basyp, ahyr göwnüni bire baglap, şu täjiriň öz öýüne tarap ugraýar. Az ýöräp, köp ýöräp we birnäçe ýerde dynjyny alyp, ahyryn ol täjiriň öýüne ýetýär. Garry bu ýerde şeýle owadan hem ýaraşykly aýalyň bardygyny bilse-de, şu täjiriň aýalydygyny bilmeýär ekeni. Kempir bu öýe gelip öý eýesiniň ygtyýar bermegi bilen içerik girýär-de hödürlenilen ýerde oturýar.

Şeýlelikde, ol wagtyny biderek geçirmän, ullakan howlukmaçlyk we aýratyn süýji dillilik bilen täjiriň aýalyna ýüzlenip: "Uzak ýurtdan biziň şäherimize bir sahypjemal we örän kän döwletiň eýesi bir adam gelipdir. Ol adam bir juwan bilen gürleşmek isleýär. Aňrujy meýliň bar bolsa, meniň bilen onuň ýanyna gideli" diýýär.

Täjiriň aýaly kempiriň sözüni kabul edýär we onuň bilen tirkeşip, täjiriň ornaşan jaýyna barýar. Bu aýal täjiri görýär-de, onuň öz äridigini bilýär. Ony tanamak bilen-de haýýarlyga salyp, aýylganç gygyryp we tükeniksiz galmagal edip:

–Eý goňşular! Huda Hatyrasy üçin men biçäräniň dadyna ýetişiň we kömek ediň! Eger siz dadyma ýetmeseňiz, onda men kazynyň ýanyna baryp, onuň kömek etmegini we bu adamdan talak almagy talap ederin!" diýýär.

Aýalyň bihaýa we tükeniksiz gykylygyna goňşularynyň hemmesi çozuşyp gelip:

–Bu nä gykylyk, bu nä boluş?" diýşip, soraşýarlar.

Onda ol aýal: –Bu adam meniň ärim. Birnäçe wagt mundan ozal bu şäherde meni ýalňyz goýup, özi başga ýurda söwdagärlige gidipdi. Giden ýurdundan sag-aman gaýdyp gelipdir-de öz öýüni we meniň ýaly salyhatly aýalyny goýup başga

aýallar bilen eşret sürmekçi bolýar. Munuň pälini bozandygyny bilip men ýörite üstüne geldim– diýýär.

Ol ýerde üýşen adamlar, aýalyň ärine öwüt-nesihat berip, ikisini ýaraşdyryp, öz öýlerine ugradyp goýberýärler. Täjiriň aýalynyň bu ýere haçan gelendigini, şeýle hem nä maksat bilen gelendiginiň anygyny adamlaryň hiç birisi hem bilmändir. Ýogsam bolmanda olary it pislän ýaly pisleýärdiler.

Toty täjiriň aýalynyň dilewarlyk we hilegärlik bilen masgaraçylykdan sypyşyny, ärini öýüne alyp baryşyny aýdyp bular hakyndaky dessanyny-da tamam etdi. Muny tamam etmek bilen Hüjestä ýüzlenip: Eý, bibim, gorkma, saňa ol bihaýa we ar-namysyň aýalyňky ýaly şermendelik bilen günäňi gizlemek hiç zerur bolmaz. Men seni onuň ýaly masgaraçylyga ýetirmän goraryn. Şoňa görä-de "Haýal etme-de barmaly ýeriňe basymrak git we sypahynyň indi şeýle kän garaşdyrma!" diýýär. Hüjeste hem howlukmaçlyk bilen oturan ýerinden turup, ýürekdeşiniň ýanyna barmak we zowky-sapa sürmek isledi welin, bir görse, daň atypdyr we horazlar seslerine bat berip biri-birinden gaty gygyryşýarlar.

Bu ýagdaý ýene Hüjestä öz wadaly ýerine gitmäge ýol bermedi. Şol sebäpli hem ol tüýs ýürekden ahy-zar çekip, bu gün-de uky-ýassygyna başyny goýup, uka gark bolup galdy.

## DOKUZYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu sapar hem gün ýaşdy, garaňky düşdi. Ýyldyzlar ýyldyryşyp asmanyň ýüzüni tutdylar, aý hem ýaldyrap, goşa gündizlik ýaly gijäni ýagtylandyrdy.

Hüjeste ukudan oýandy, turup ýuwundy, darandy, iýip-içdi-de geýinip, ýene totynyň ýanyna geldi. Ol totynyň ýanyna gelip: "Eý, meniň gürrüňdeşim! Öz aşygymyň söhbeti üçin köp höwesli, arzuwlydyryn we onuň üçin çenden zyýada bitapdyryn. Eger maslahat bilseň, maňa tizräk rugsat ber, ýigidimiň ýanyna ýeteýin. Her kim aşyk bolsa, onda sabyr-takat bolmaýar ekeni" diýýär.

Hüjestede sabyr-takat galmandygyny, aşygynyň ýanyna gitmäge howlugýandygyny aňan toty: "Eý bibim, sen her gije meniň ýanyma gelip, rugsat dileýärsiň we geňeşýärsiň. Daýhanyň aýalyna beren maslahatdan oňa hiç bir zyýan gelmeýşi ýaly, saňa hem maslahat hiç haçan zyýan etmez" diýýär.

Hüjeste bu sözi eşidýär-de: "Daýhanyň aýaly nähili maslahatdan zyýan çekmändir. Onuň hekaýatyny maňa bolşy ýaly edip, doly aýdyp ber" diýip, tota aýdýar.

Toty hem bu hekaýaty aýtmaga başlaýar. Öňde bir daýhanyň aýaly bir gün öz jaýynyň kölegesinde otyrka bir ýigit ony görüp oňa aşyk bolýar. Aýal hem onuň özüne göwnüniň gidendigini duýup ýigidi öz ýanyna çagyryp: "Gije biziň howlymyza gel-de, hol agajyň aşagynda maňa garaşyp dur" diýip, agajy görkezýär. Häzir bolsa bu ýerden basymjak git" diýýär.

Ýigit bu aýaldan şeýle hoş söz eşidip, begenjine uçup diýen ýaly öýlerine barýar. Ol iýip-içip, ýatyp, dem-dynjyny alyp, soň özüni birkemsiz besleýär. Sabyrsyzlyk bilen ahyry gününi ýaşyrýar, zowzuldap gije ýarymdan agandan soň, hälki ýigit ökjesi ýere degmän wadaly agajyň düýbüne baryp oturýar. Aýny şol wagt wadalaşan aýal hem äri süýji uka gidenden soň, gygyrjak horaz ýaly daş-töweregine garanjaklap, agajyň düýbünde garaşyp oturan ýigidiň ýanyna barýar. Şonluk bilen ikisi başdan geçiren wakalary barada süýji-süýji gürrüň edip başlaýarlar.

Aradan sähelçe salym geçenden soň, ol aýalyň gaýyn atasy howla çykýar. Şol wagtyň özünde hem bada agajyň düýbünde öz gelinleriniň başga bir ýigit bilen oturandygyny görýär. Ol kän oýlanyp durman, gelinleriniň oturyp turanda galdyran ýaglygyny emaý bilen alýar-da, öz ýanyndan "muny ertir masgara ederin!" diýip, öýüne gidip ýatýar.

Gaýyn atasynyň ýaglygyny alyp gidendigini duýan aýal, ol ýigidi öýlerine ugradyp, öz öýüne dolanyp barýar. Ol süýji ukuda ýatan adamsyny turuzyp: "Tamyň içi gaty yssy-la, ýör, daşarda ýataýaly, daşary gaty salkyn" diýip, ony öz ugruna goýman, derrew daşaryk alyp çykýar. Ýaňky agajyň düýbünde düşek salyp, ýatýarlar. Az wagtdan soň, adamsy ýaňy süýji uka giden-de, aýaly wagtynda ony yralap turuzýar-da: "Ýaňyja ataň meniň ýaglygymy öýüne alyp gitdi. Gaýyn ata bolan utanman şeýder ýörermi? Bu boluş meniň üçin-ä ullakan masgaraçylykdyr" diýýär.

Daň atýar, gün dogýar. är-aýal turup, çaý-suw içýärler. Soň aýaly tarapyndan ýol berlen ogly, kakasynyň ýanyna baryp:

–Hyýalyňa näme geldi, seni nä döw çaldy? Gelniň ýaglygyny näme üçin alyp gaýtdyň? Ogluň-gelniň başujynda ýary gije aýlanyp ýörmek aýyp dälmi? Ýa ol juda zerurmy? Agajyň düýbünde entäp ýörmän, zerur bolsa gündiz sorap alaýmaly ekeniň-dä diýýär.

Şonluk bilen "Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar" diýlişi ýaly, gelni däl-de, tersine gaýyn atanyň özi oglunyň, gelniniň ýanynda masgara bolup galýar.

Ine, bir gizlin işi özüne laýyk hile bilen basyran haýasyz gelniň syry açylman ol äri bilen gaýyn atasynyň ýanynda ak jüýje bolup galýar. Görseň, ugruny, ýoluna tapsaň her bir etmeşiňi hem basyryp bolýar eken. Ýöne öňýeteni gije öýüne çagyrýan aýallar –namysly aýal däldir. Şerim-haýaly aýal beýle işi etmez. Etse-de ynsaby ony ýere sokar.

Şunluk bilen toty haýasyz gelniň hekaýatyny aýdyp gutarýar we hujestäni gystaýar. „”Ir wagtyňy giç etme-de aşygyň ýanyna baranda diýýär.

Temen bilen bagly Totynyň kineli gürrüňlerine ünsem bermedik.

Hüjeste howlukmaçlyk bilen sypahynyň ýanyna ugramakçy bolýar. Bir görse, daň atyp, horazlar gygyryp başlapdyr. Ýene onuň wadaly ýere gitmäge mümkinçiligi bolmaýar. Onuň üçin-de Hüjeste bu gije hem lapy keç bolup wadasynda tapylman, ýatyp galýar.

## ONUNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Hüjeste gün ýaşyp mazaly garaňky düşenden soň, iýip-içip we bir kemsiz beslenip öz aşygy sypahynyň ýanyna gitmäge rugsat dilemek üçin totynyň ýanyna gelip: "Seniň aklyňa pisindim oturýar, onuň üçin-de her gije ýanyňa gelýärin. Eger şu wagt maslahat bermeseň, onda haçan berjek?" diýýär.

Bu sözleri eşiden toty: "Eý Hüjeste, sen sebäpden göwnüm gamlydyr, we tä janym bedenimden çykýança men hiç wagt bigam bolmaryn. Saňa men her gije "aşygyň ýanyna tizara ýet” diýýärin. Emme sen hemişe meniň hekaýalarymy diňläp bökdenip galýarsyň. Bir täjiriň gyzyna bir şagalyň hikmet öwredişi we

maslahat berişi ýaly, birden seniň hem syryň paş bolaýsa men hem saňa bir hikmet öwredeýin welin, sen hemme bela ryswalyklardan uzak bolarsyň" diýýär.

Hüjeste: "Ryswalykdan halas edýän ol nähili hikmet? Täjiriň gyzy bilen şagalyň hekaýasy nätüýsli? Ikisinem düşnükli edip aýdyp ber" diýip, totyny gyssaýar.

Toty hekaýasyna başlaýar.

Şäherlerden bir şäheriň emiriniň bir ogly bolupdyr. Ol hem betnyşan, bet sypat, hem kemakyl ekeni. Her tüýsli-de bolsa, emir ol ogluny ulalyp kemala gelenden soňra bir täjiriň ylymly we ýaraşykly gyzyny alyp berýär.

Aradan birnäçe wagt geçýär şol gelin bir gije tamlarynyň üstüne çykyp otyrka bir ýigidiň jaýyň gapdalynda saz çalyp duranyny görýär. Onuň sazyna maýyl bolan gelin ol ýigidiň özüne-de aşyk bolýar. Onuň üçin hem derrew balahanadan düşüp, ol ýigidiň ýanyna baryp: "Meniň kemakyl we betnyşan adamym bar. Eger razy bolsaň, sen meni özüň bilen alyp git" diýýär.

Ol ýigit hem bu aýalyň boýuna, syratyna, geýnişine syn edip, onuň diýenini kabul edýär. Şonuň bilen-de ikisi bada el tutuşyp aýak aldyklaryna gaçyp gidýärler. Bular gijäniň köpi geçenden soň, ullakan kölüň gyrasyna baryp bir läheň agajyň düýbünde dynç alýarlar. Gelin süýji uka gidenden soň, hälki ýigit onuň gymmatbaha şaýlaryny alýar-da ökjäni göterýär. Daň atyp, ir namaz wagty bolanda bu gelin hem ukudan oýanýar. Bir görse, ýanynda ol ýigit hem ýok, gymmatbaha şaýlary bilen monjuklary-da ýok. Daş-töweregini hernäçe garanjaklasa-da ol ýigide gözi düşmeýär, zatlaryny hem asla tapmaýar. Şonluk bilen ony biwepa we ogry hasap edýär-de indi özi näme işlemelidigini bilmän, ymgyr çöl-de ýalňyz galýar.

Gün dogýar, guşluk wagty bolýar, gelin özüniň niräk gitjegini we eden günäsini näzeýilli ýuwjagyny bilmeýär.

Gelin aýny gam derýasyna batyp otran wagty bir şagal agzyna bir süňki kese alyp, onuň beýle ýanynda kölüň edil gyrajygynda durýar. Şol wagt şagal bir balygy görýär-de, oňa topulýar. Balyk şagalyň topulanyny görüp, derrew suwuň düýbüne çümüp gidýär. Şagalyň taşlan süňküni bolsa şol wagt bir it gabat gelip alyp gidýär. Oňa görä şagal her näçe gözlese-de, ýaňky taşlan süňküni tapyp bilmeýär. Hälki

gam derýasyna batyp, näme etjegini bilmän oturan gelin, bu ýagdaýlaryň hemmesini synlap hem şagalyň süňküni tapyp bilmän urunyp ylgap ýörüşini görüp saklanyp bilmän gülýär.

Şagal gelniň gülenini görüp ondan: "Eý gelin, sen kim? Bu ýerde diňe bir özüň näme üçin ýalňyz otyrsyň?" diýip, soraýar. Gelin bolup geçen wakalaryň hemmesini we bu ýere nädip düşenini ýaşyrman şagala birin-birin aýdyp: "Indi näme etjegimi we yzyma nä ýüzüme utanman barjagymy bilmeýärin" diýýär.

Onda şagal oňa: "Seniň üçin indiki dogry maslahat özüňi diwanalyga salyp, hem gülüp, hem ýarym ýaş aglap, öýüňe gaýdyp bar. Seni şol boluşda görenleriň hiç birisi hem senden başga hiç bir zady betgümançylyk etmez. Ýöne "diwana bolupdyr" diýerler goýarlar. Şonluk bilen hem öňki öýüňde, öňki durmuşyňda ýaşabererersiň" diýýär. Gelin hem bu maslahaty makul görüp derrew öz öýüne tarap ugraýar we şagalyň maslahat berişi ýaly edip hem öýüne barýar. Diňe şu hile sebäpli-de hiç kim gelni agyrdyp-ynjytmaýar.

Şonluk bilen hem ol öňki ýaly ýaşap başlaýar.

Şeýlelik-de, toty hekaýasyny aýdyp gutarýar-da, Hüjestä ýüzlenip: "Şu wagtlar aýny amatly pursat haýal etme-de, aşygyň ýanyna ýetiş, hiç bir zady endişe etme. Başyňa nätüýsli müşgül iş düşse, onuň garşysyna degişli hile öwrederin" diýýär.

Hüjeste totynyň aýdan sözlerine razy bolýar we aşygynyň ýanyna gitmekçi bolup, oturan ýerinden turýar.

Bir görse daň atypdyr we horazlar gygyryşyp başlapdyr. Oňa görä-de Hujeste bu gije hem aşygynyň ýanyna gidip bilmän, ahmyrly bolup ýatyp galýar.

## ON BIRINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem gün ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar ýaldyraşyp, aý älem jahana şöhlesini saçdy. Şol wagt Hüjeste ukudan turup, el-ýüzüni ýuwdy, darandy, geýindi, hiç birkemsiz özüni timarlady, iýip-içdi-de, aşygynyň ýanyna gitmek üçin totynyň ýanyna bardy-da oňa şeýle diýdi: "Sen meniň derdimden bihabar bolanyň üçin, rugsat bermeýärsiň! Gury hekaýatlaryň bilen meni gürrüňe güýmeýärsiň we galmagyma sebäp bolýarsyň!".

Toty hem göwnüne hiç bir zat getirmän we öýke-kine etmän: "Eý Hüjeste! Men hem seniň aşygyňa tiz gowuşmagyňy isleýärin. Hekaýat aýtdyryp, diňläp özüň gijä galýarsyň. Bu babatda mende zerre günä ýok. Git, bu gün tizräk aşygyň ýanyna. Ýöne welin, ýolda-yzda ynsa biynsaplyk edip, nebsiňe buýrup bilmän, bollanyň özüni heläk etdirişi ýaly, heläk molaýmagyn, çünki çenden zyýat nebsewürlik örän zyýanly zatdyr" diýýär.

Hüjeste bu gije-de saklanyp bilmän, mollanyň özüni heläk etdirişi baradaky hekaýaty diňlemäge howlugyp totyny gyssaýar. Ol hekaýaty aýdyp bermegini talap edýär.

Toty hekaýaty aýtmaga başlaýar. Bir şäherde bir molla ýaşapdyr. Onuň maly-döwleti örän köp ekeni. Bu biçäre bir işi çykyp, bir gün şäherden çykyp bir tarapa ugraýar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, uzak bir ýerdäki kölüň gyrasynda ýatan bir ullakan şiriň üstünden barýar. Şiriň ýanynda bir tilki bilen bir keýik hem mekan tutupdyr. Molla pakyr bulary görüp, aýylganç gorkýar we janyndan umydyny üzýär. Tilkidir keýik mollany şirden öňürti görüp bada, öz aralarynda maslahat edýärler: "Şir görse muny öldürer, bir tär tapyp, ony ölümden halas edeli”.

„Tilkidir keýik şol netijä gelip, şire: "Seniň sahylygyň örän zyýat bolanlygy üçin ýanyňa anha bir molla gelipdir. Ol senden engam umydygär bolup dur" diýýärler.

Bu sözi eşiden şir başyny ýokaryk galdyraga-da, ol mollany görüp, ony öz ýanyna çagyrýar we oňa uly mähribanlyk edip, öň öldüren adamlaryndan galan her dürli baýlyklaryň hemmesini ol molla bagyşlap, rugsat berip goýberýär.

Molla hem bu baýlyklaryň hemmesine eýe bolup öz öýüne gaýdyp barýar. Şonsuzam mollanyň ýere-göge sygmaýan baýlygy, soňky şirden alan soňky baýlygynyň hasabyna öňküsinden-de zyýat bolýar. Emma baýlygy hernäçe artsa-da mollanyň gözi zatdan doýmaýar, nebsi barha artýar. Onuň üçin hem aradan birnäçe wagt geçenden soň, ýene öňküsi ýaly kän döwlet tamakin bolup, indi has güýçlüräk atyna münüp, şol şiriň ýanyna ugraýar. Bu sapar ýolda-yzda-da we şiriň özünden-de eýmenmän, atyny gös-göni sürüp barýar.

Bu gezek şiriň ýanynda tilkidir keýik bolman, möjek bilen it bar eken. Bular hem mollany şirden öňürti görýärler-de şire: "Bu adam örän bihaýa adam ekeni. Görýärmiň äsgermeýän ýaly atyny gös-göni üstüňe sürüp gelýär" diýýärler.

Şir mollanyň atyň üstünde gaýşaryp gelşine dergazap bolup, ýerinden syçrap turup, onuň üstüne bökýär we ony atyndan ýere pylçap urup para-para edýär. Betnebisligiň nämeleriň üstünden eltýändigini ine gördüňmi? diýýär-de, toty nebisjeň molla degişli hekaýatyny tamam edýär, soň Hüjestä ýüzlenýär: "Şindi hem gije giç däl. Daň atmaga wagt kän, basymjak git-de aşygyňa gowuş".

Hüjeste ýerinden syçyrap turýar-da, daş-töweregine garanjaklap, wadalysynyň ýanyna gitmekçi bolýar. Bir görse, ýene daň atyp, horazlar gygyryşyp başlapdyr. Şol sebäpli ol bu gije hem aşygynyň ýanynda ýalançy bolup galýar.

## ON IKINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem gün ýaşyp, ýyldyzlar ýaldyraşyp, aý gijäni gündizlik ýaly ýagtyldan wagtynda Hüjeste süýji ukudan ýatan ýerinden syçrap turdy. Turmak bilen hem kenizeklerine suw getirdip, el-ýüzüni ýuwup, oňat lybaslaryny, aýakgaplaryny geýdi, hiç bir kemsiz darandy-da, aýnanyň öňüne baryp, özüne doly timar berdi we oňat doýýança iýip-içdi-de wadaly ýerine gitmäge rugsat almak üçin totynyň ýanyna bardy. Ol totyny gamgyn görüp: "Sen näme üçin beýle gamly?" diýip, sorady.

Onda toty: "Meniň hiç bir gamym ýok. Men diňe seniň gamyňy çekýärin. Her gije tä daň atýança meniň aýdýan hekaýamy diňleýärsiň. Pişigiň syçanlary öldürip puşman edişi ýaly, äriň gelse sen hem onuň ýanyna barmakdan puşman edermikäň diýip gorkýaryn" diýýär.

Beýle geň zady eşiden Hüjeste: "Bu nätüýsli zat bolýar?" Syçan pişigiň iň ýagşy görýän iýmitidir-le. Heý-de pişik ony öldürmekden we iýmekden el çekermi? Bu sözüň başga bi sebäbi bardyr. Munuň hekaýasyny-da maňa boýdan-başa aýdyp ber, hany, diňläp göreli, nä tüýsli zat bolupdyr" diýýär.

Toty hekaýasyny aýtmaga başlaýar. Gadymda ymgyr çölüň içinde bir garry şir ýaşaýar eken. Özüniň örän köp ýaşap, garranlygy sebäpli kentlewügi gaçyp,

dişlerine-de zyýan ýetip başlan ekeni. Et iýende ötiň ownuk bölekleri dişleriniň arasynda galar ekeni. Şol çöl beýabanyň syçany örän köp bolupdyr. Şir ýatyp uklan wagtynda syçanlar üýşüp, onuň dişleriniň arasyndaky etleri dartyp alar ekenler we şonluk bilen hem şiri rahat ýatyrmaz ekenler. Şir öz töwereginde ýaşaýan haýwanlary ýanyna üýşürip, syçanlaryň garşysyna çäre görmek barada maslahat edende tilki: „"Pişik siziň öz raýatyňyzdy. Ýatan wagtyňyzda özüňize garawulçylyk etmegi oňa buýruň, syçanlaryň hötdesinden ol geler we siz rahat ýatyp turarsyňyz" diýýär.

Şir munuň diýenini gaty makul bilýär-de, pişigi derrew öz ýanyna çagyryp, özüne garawulçylyk etmegi oňa tabşyrýar. Pişik hem muňa garawullyk etmäge meşgul bolýar. Bu işde onuň üçin hiç bir kynçylyk bolmaýar, çünki pişigi gören syçanlaryň hiç birisi hem şiriň golaýyna gelip bilmän we öz janlaryny nirede saklajaklaryny bilmän ber-başagaý bolýarlar. Şonluk bilen-de, şir örän arkaýyn ýatyp turýar. Şir pişige uly mähribanlyk edip, onuň derejesini galdyrýar. Pişik syçanlary diňe gorkuzyp, olaryň hiç birisini-de öldürmezdi we öz ýanyndan: "Syçanlary öldürip gutarsam, men şire gerek bolmaryn, onuň üçin hem mende şunça abraý bolmaz" diýip, pikir edýärdi.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň, pişik bir gün öz çagasyny şiriň ýanyna alyp gelýär-de: "Meniň bir ýere gidip-gelmeli işim bar, ygtyýar berseňiz, öz ýerime çagamy goýup gideýin, garawulçylygy ol eder, özüm hem ertir gaýdyp gelerin" diýýär. Şir munuň haýyşyny kabul edýär.

Şonluk bilen hem pişik öz çagasyny şiriň ýanynda goýup, gitmeli ýerine gidýär.

Pişigiň çagasy bolsa öz garawulçylygyna meşgul bolup başlaýar. Ol çaga pişik gabat gelen syçanlary öldürip, enesi gelýänçä syçanlaryň hemmesini gyryp tükedýär. Pişik bolsa giden gününiň ertesi şiriň ýanyna gaýdyp gelýär. Bir görse, syçanlaryň hemmesini çagasy gyryp gutarypdyr. Oňa görä pişik garawulçylyk çekmese hem, şir arkaýyn ýatyp-turup başlapdyr. Şol zerarly hem pişik öz çagasyna: "Bu syçanlary näme üçin gyryp gutarypsyň? Syçan bolmansoň şir azarsyz arkaýyn ýatyp-turup biler we onuň üçin-de ol biziň garawulçylygymyza

mätäç bolmaz, bize düýpgöter rugsat berer we bizde öňkümiz ýaly abraý galmaz" diýip, ony urýar we oňa sögýär.

Ol wagt pişigiň çagasy enesine: "Meni öz ýeriňe goýup giden wagtyňda syçanlary öldürmeli däl" diýmediň. Onuň üçin-de men hemişekimiz ýaly, olary gören ýerimde gyryp başladym we olaryň soňuna çykdym" diýip jogap berýär.

Netijede, ikisi hem syçanlaryň gyrylmagyna gynanýarlar we tükeniksiz puşman edýärler. Her näçe gynansalar hem "soňky tüýkülik sakgal ezmez" diýilşi ýaly, şir özüniň ýatyp-turup bilýänligi üçin, pişige rugsat berip garawulçylykdan halas edýär. Şonluk bilen hem syçan garawulçylygyndaky abraýyndan düşýär we öz jaýyna gaýdyp gelýär.

Toty bu zatlary aýdyp, pişigiň hekaýasyny tamam edýär-de, Hüjestä ýüzlenip: "Sen bu gün hem aşygyň ýanyna gitmän, daňy aytrarsyň we ahyrda maňa käýinersiň. Onuň üçin-de eglenmän, ýigidiň ýanyna ugramagyň zerur" diýýär. Bu sözden soň Hüjeste howlukmaç ýerinden turup, ýigidiň ýanyna ugramakçy bolýar. Bir görse,, daň atyp, horazlar gygyryşyp başlapdyr. Onuň üçin bu gün hem wada ýalançy bolup, süýji uka batyp galdy.

## ON ÜÇÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişekisi ýaly gün ýaşyp garaňky düşdi, ýyldyzlar patraşyp, aý hem gijäni gündizlik ýaly ýagtyltdy. Aýny şu wagt Hüjeste hemişeki boluşy ýaly ýuwunyp, daranyp, geýinip we iýip-içip rugsat dilemek üçin totynyň ýanyna geldi-de: "Men seni örän akylly hasap edýärin, seniň hekaýalaryňy, nesihatyňy her gije hata etmän ahyryna çenli diňläp, netijede hiç peýda görmän we şu çaka çenli maksadyma ýetip bilmän gury wadama ýalançy bolup ýörün, şonuň bilen hem aşygymyň ýüzüni görüp bilmän hyjalatly bolup galýaryn" diýýär.

Toty Hüjesteden bu sözleri eşidip: "Seniň söýýän ýigidiň ýaly adam örän akylly bolar we her bir işiň ahyr soňuna garar. Işiň soňuna garamaýan adamynyň Şapuryň puşman edişi ýaly puşman eden wagty köp bolar" diýýär. Onda Hüjeste "Şapur kim bolupdyr we onuň dessany nätüýsli zat bolupdyr. Ony hem maňa aýdyp bereweri" diýýär.

Toty Hüjestä ýüzlenip, hekaýasyny aýdyp başlady.

Öň bir zamanda arap ýurdunda çuň guýy bar ekeni. Onuň içi gurbagadan hyryn-dykyn ekeni. Gurbagalaryň serdaryna Şapur diýen ekenler. Bu öň her näçe oňat we ýakymly bolsa-da, soňabaka gurbakgalara çenden zyýada sütem edip başlapdyr, gurbakgalar bolsa munuň sütemine çydaman, öz aralarynda maslahatlaşyp: "Şapuryň sütemi sebäpli janymyzdan geçmäge ýakyn bolduk. Öz aramyzdan başga bir edermenimizi onuň ýerine serdar belläp, oňa güýç berip we Şapury serdarlykdan aýyryp, onuň süteminden halas bolmak alajyny etmegimiz gerek" diýýärler. Şonluk bilen hem öz aralaryndan iň pälwan, iň gaýduwsyzyny serdar edinip we onuň Şapuryň garşysyna eden işlerine kömek berýärler. Şol zerarly hem Şapur serdarlyk ygtyýaryny ýitirýär-de, gaharlanyp gurbagalaryň hemmesine zyýan ýetirmegiň kül-külüne düşýär. Ol köp wagtlap oýlanyp we tükeniksiz iňkis edip, ahyr şol guýa golaýda ýaşaýan ullakan ýylanyň hininiň agzyna barýar: "Ýylan, ýylan!" diýip, ýuwaşjadan gygyryp başlaýar. Ýylan gurbakganyň owazyny eşidýär-de, başyny hininden çykaryp gurbakgany görýär we gülüp: "Sen biziň iň gowy görýän iýmitimiz bolubam bu ýere öz aýagyň bilen näme üçin geldiň we näme üçin meni rahat ýatan ýerimden çagyrýarsyň? Näme janyňdan irdiňmi?" diýýär. Onda gurbakga: "Men aýratyn maksat bilen we saňa tükeniksiz olja üçin arz etmäge hem senden kömek isläp geldim" diýýär. Onda ýylan "bu nähili oljaka?" diýen pikir bilen: "Arzyň näme bolsa, hany aýt göreli, emma haýallyk etme-de basymjak aýt" diýýär.

Gurbakga ýylanyň beýle eýmenç sözlerini eşidýär-de, howlukmaçlyk we aljyraňňylyk bilen gurbakgalaryň özüne görkezen horluklarynyň hemmesini sakynjyrap aýdýar we gurbakgalardan aryny alyp bermegini ýylandan haýyş edýär. Özi üçin beýle tükeniksiz olja-iýmit tapan ýylan, gurbakga mähribanlyk edip we hoş sözler aýdyp: "Sen maňa öz gurbakgalaryň bolýan guýysyny görkez-de, özüň beýlede synçy bolaý. Olaryň hemmesiniň hem hötdesinden bir özüm gelerin" diýip, ol gurbakganyň öz öňüne düşüp gitmegini haýyş edýär.

Öjüni alyp bermäge özüne arka tapynan gurbakga derrew ýylanyň öňüne düşüp, uly şadyýanlyk bilen ýylany yzyna tirkäp, gurbakgalaryň ýaşaýan guýusynyň agzyndan barýar-da: "Ynha, şu guýuda bolýarlar" diýýär. Şeýle diýse

hem, ýylan gurbakgany öňüne salyp, ikisi-de ol guýunyň içine girýärler. Ýylan, birnäçe günläp guýunyň içinde galyp, gurbakgalary bir ujundan gyryp iýmäge başlaýar. Ýylan howlukman we hiç biz tarapdan gypynç etmän, guýunyň içinde öz döwranyny sürýär.

Netije-de, gurbakgalaryň hemmesini gyryp, iýip gutarandan soň, aradan bir gün, ýarym gün geçýär, welin, ol ýene ajygyp başlaýar. Ahyr hem açlyga çydaman, Şapur atly gurbakga ýüzlenip: "Men gaty ajykdym, basymjak iýer ýaly zat tapyp ber, mundan zyýat aç galyp biljek däl!" diýýär. Onda Şapur, öz janyndan gorkusyna "Sen maňa ullakan ýaranlyk etdiň, gurbakgalardan öjümi alyp berdiň. Sag bol, indi öz öýüňe gaýdyber" diýýär. Emma ýylan: "Men seni ýalňyz goýup bilmerin!" diýýär.

Gurbakga ýylanyň bu sözünden gorkup: "Ýylandan näme üçin kömek soradym, munuň golaýyna barmasam bolmaýarmy, ozal başda pugta pikirlenmegim gerek ekeni" diýýär-de, dagy hiç bir alaç tapman: "Şu guýa ýakyn bir ýerde içi kän gurbakgaly ýene bir guýy bar. Ol guýudaky gurbakgalaryň hemmesini aldaw bilen şu guýa alyp geleýin welin, olaryň hem soňuna çyk!" diýýär.

Ýylan gurbakgada hilegärlik we mekirlik bolmaz diýen pikir bilen munuň sözüne ynanýar-da, ol gurbakgalary aldap getirmäge rugsat berýär.

Şonluk bilen-de gurbakga özi üçin pursat tapýar-da guýudan çykyp gaçýar we baryp özüni ullakan kölüň içine taşlap, janyny ýylandan gutarýar we ölümden halas bolýar.

Ýylan gurbakganyň gaýdyp gelmegine we başga gurbakga getirmegine her näçe garaşsa-da, onuň yzyna gaýdyp gelmejegine gözi ýetip, açlygyna çydaman, guýudan çykyp, öz hinine gaýdýar.

Toty bu sözleri aýtmak bilen hekaýasyny tamam edýär. Muny tamam etmek bilen-de, ol Hüjestä ýüzlenip: "Meniň bilişimçe, seniň haýal etmän, derrew ugramagyň we öz maksadyňa ýetmegiň gerek. Şonuň bilen birlikde meni kötekläp ýörmegiň hem zerur" diýýär.

Totynyň şeýle diýmegi bilen Hüjeste derrew ýerinden turup, ýigidiň ýanyna ugramakçy bolýar. Bir görse, horazlar gygyryşyp, daň hem aty başlapdyr. Şol zerarly Hüjeste bu gije hem isleglisiniň ýanyna gidip bilmän, ahmyrly bolup uklap galýar.

## ON DÖRDÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşyp, garaňky düşüp, ýyldyzlar ýaldyraşan we aýyň garaňky gijäni ýagtyldan wagtynda Hüjeste süýji ukudydan tisginjiräp turýar. Turmak bilen hem elini-ýüzüni ýuwup, oňat daranyp, gymmatbaha lybaslaryny, aýak-gaplaryny geýinip, bedenine we üstüne-başyna oňat ysly dürli atyrlar sepip we hiç bir kemsiz nahar edinip, aşygynyň ýanyna gitmäge rugsat almak üçin totynyň ýanyna barýar: "Rugsat almak üçin her gije ýanyňa gelýärin welin, sen garşy hekaýalar aýdyp aşygymyň ýanyna gitmäge rugsat bermeýärsiň!" diýip, totynyň başyna hor-hor edýär.

Toty Hüjestäniň öýkeli, kineli sözlerini eşidýär-de: "Meniň nesihatymdan hiç wagt hem saňa zyýan bolmaz, diňe peýda bolar. "Derrew, git-de şazadaň bilen zowky-sapa sür. Bardy-geldi ol ýerde duşman gabat geläýse-de, garagulak ýaly hilegärçilik etgin we şonuň bilen hem öz janyňy we abraýyňy goragyn" diýýär.

Hüjeste bu sözi eşidýär-de: "Garagulak nähili hilegärlik edipdir? Ol baradaky hekaýaty hem maňa aýdyp ber" diýýär.

Toty Hüjestäniň bu buýrugyny hem ýerine ýetirmek üçin hekaýasyna başlaýar.

Ymgyr giden çölüstanda bir şir ýaşaýar eken. Şiriň bu ýerdäki ýaşaýan jaýynyň eýesi maýmyn eken. Günlerde bir gün şir ol jaýy maýmyna tabşyryp başga bir ýere gidýär. Ol jaý has gowy bolany üçin garagulak ony maýmyndan alýar-da, özi ýaşap başlaýar. Garagulagyň bu edişine kaýyl bolman maýmyn: "Eý garagulak! Bu jaý şiriňkidir. Şirden ygtyýarsyz bu jaýda ýaşamaga seniň gaýratyň ýetmez!" diýende, garagulak oňa: "Bu jaý maňa meniň atamdan miras galypdy. Hiç bir zatdan habaryň ýok-da öz başyňa ýaňraýarsyň. Her zadyň özüni öňürti ýagşy bilmeli we ondan soň geplemeli" diýip, jogap berýär.

Maýmyn garagulagyň diýenlerine geň galýar-da, näme etjegini bilmeýär. Ol wagtyň özünde garagulagyň bu ýerde duran aýaly öz ärine: "Bu jaýda ýaşamagy men unamaýaryn, güýçli şir bilen güýç synanyşmak öz janyňa kast etmekdir" diýýär.

Onda äri garagulak: "Sen öz işiň bilen meşgul bol-da, arkaýyn ýaşaber. Şire men wagtynda degişli hile tapyp onuň hötdesinden özüm gelerin!" diýýär.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň, uzak ýola giden şir gaýdyp gelýär. Maýmyn onuň gelýänligini eşidip öňünden çykýar we garagulagyň eden işini hem aýdan sözlerini oňa habar berýär. Onda şir maýmyna: "Meniň jaýymda garagulagyň ýaşamaga hetdi ýokdur. Ol garagulak bolman, mennden hem güýçli bir jandardyr" diýýär. Maýmyn: "Sendenem bir güýçli jandar bolarmy?" diýende, şir oňa: "Bu nä sözdür! Menden güýçli jandar örän kändir!" diýýär. Her niçik hem bolsa şir öz jaýyna tarap ugraýar we ýakynlaşýar.

Şir giden ýerinden entek gaýdyp gelmänkä garagulak öz aýalyna: "Şir gelip bu jaýa ýakynlaşan wagtynda sen öz çagalaryňy agladyp başlagyn we men: "Bular näme üçin aglaýarlar" diýip, soranymda, sen: "Bulara şiriň täzeje eti gerekmiş, düýnden galan etini iýmek islemeýärmiş" diýip, tabşyran ekeni.

Şir jaýyna golaýlandan garagulagyň aýaly çagalaryny agladyp başlaýar, onda äri: "çagalar näme üçin diňenoklar, şol birsyhly aglaşyp otyrlar?" diýip, gygyranda, aýaly öňden tabşyrylan sözleri aýdýar. Onda garagulak: "Hany, agşamky şir, etinden galan zat ýokmy? Ber, iýsinler ony, çagalaryňa bermän, dagy kime berjek?" diýip, käýinjireýär. Ol pursat aýaly hem: "Wah, ony halanoklar, yslanypdyr diýýärler, bulara täzejesi gerekmiş!" diýip, jogap berýär. Aýny şol wagt jaýyň daş ýüzünde diň salyp duran şir, bularyň içerdäki galmagalyny eşidýär-de: "Bu eýýäm meniň gaýdyp gelenimi hem bilýändir, meni hökman heläk eder" diýip, maýmynyň ýanyna gaçyp barýar. Barmak bilen hem: "Men saňa ol garagulak däldir, menden has güýçlüräk jandardyr!" diýsem ynanmaýardyň, anha gördüňmi?" diýip, ol ýerde durmaga hem gorkup gaçmakçy bolýar. Onda maýmyn oňa: "Sen olaryň galmagallaryndan we gykylyklaryndan gorkma, ol bir kiçijik jandardyr. Ol gykylyk onuň edýän hilegärçiligidir" diýip, şire pugta düşündirýär. Şir onuň

sözüne ynanyp, ýene ol jaýa ýakyn barýar-da, onuň içindäkileriň sesine gulak salýar. Jaýdakylar bolsa şiriň öz ýakynlaryna gelendigini duýup, aýaly ýene çagalaryny agladýar, äri hem: "Çagalary aglatmaga diňdir, ynha, az salymdan şiriň täzeje etini tapyp bererin, dostum maýmyn "şiri bir hile bilen üstüňe ibererin" diýip, wada edipdi, bir azajyk wagt sabyr etsinler, aglamasynlar seslerini eşitse şir gaçyp gider" diýýär.

Bu sözleri eşiden şir has hem gorkýar we derrew baryp, hälki maýmyny tike-tike edýär-de, yzyna garaman gaçyp gidýär. Şu hili hilegärlik we töwekgelçilik bilen garagulak şiriň jaýyny eýeläp, ol ýerde maşgalasy bilen ýaşap başlaýar.

Bu sözleri aýtmak bilen hem toty garagulagyň hilegärçiligi baradaky hekaýasyny gutarýar. Şonuň bilen birlikde ol Hüjestä ýüzlenip: "Hekaýaty diňläp bolan bolsaň eglenme, derrew tur-da aşygyň ýanyna bar!" diýip, howlukdyrýar.

Hüjeste hakykatdan hem howlukmaçlyk bilen oturan ýerinden turup, aşygy şazadanyň ýanyna ugramakçy bolup daş işige çykýar, bir görse ir namaz wagty bolupdyr, eýýäm adamlar eli kündükli täret kylyşyp ýörler. Bu ýagdaý Hüjestäni gam laýyna batyrýar we öýünden çykyp gitmäge mümkinçilik bermeýär. Onuň üçin-de Hüjeste bu gün hem ýatyp galýar.

## ON BÄŞINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişeki boluşy ýaly, gün ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar patraşdy we aý hem gijäni gündizlik ýaly etdi. Şol wagt Hüjeste süýji ukusyndan oýandy. Bu sapar ol hemişekisinden has çalasynlyk bilen ýuwundy, darandy, geýindi, özüne oňat timar berdi-de, nahar zat iýip-içmän aşygynyň ýanyna basymrajyk ýetmek maksady bilen rugsat almaga totynyň dergähine bardy: "Eý dostum! Men seni örän kän wagtdan bäri synaýaryn welin, senden maňa peýda ýok. Muňa pugta düşündim. Bu gezek haýal etme-de, maňa basymjak rugsat ber, men aşygyma gowşaýyn we öz maksadyma ýeteýin" diýýär.

Toty närazylykdan kineli gep eşitse-de, ýüzüne alman hem göwnüne hiç bir zat getirmän: "Eý bibim! Näme üçin sen menden beýle dilgir bolýarsyň? Men göwnüňi almak üçin her gije ukymy özüme haram edip saňa hekaýa aýdyp berýärin. Şonda-da sen menden kineli. Bu ýerde meniň ýazygym näme? Zeririň

işiniň paşmaýşy ýaly seniň işiň hem şowuna däl" diýýär. Onda Hüjeste ýene saklanyp bilmän: "Zeririň işi nädip, näme üçin paşmandyr? Hany, aýdyp ber, eşideýin!" diýýär.

Toty Zeririň hekaýasyny aýdyp başlaýar:

Şäherleriň birisinde Zerir atly bir adam bolupdyr. Onuň işi-pişesi ýüpek-mata boýamak eken. Emma ol özüniň bu kärinden kän peýda tapmandyr. Döwleti ozalkysyndan artmandyr. Zeririň bir dosty bar eken. Ol hem mata boýaýar ekeni. Zerir bir gün wagt tapýar-da dostunyň öýüne gezmäge gidýär. Görse: onuň öýi edil baýyň öýi ýaly, kem zady ýok diýýär. Gymmat baha zatlardanam, iýmitlerdenem hyryn-dykyn diýýär. Dostunyň kemsiz güzeranyny görýär-de, özi öz ýanyndan: "Bu nätüýsli ýagdaý? Meniň boýan matalarym aýratyn şalara, beglere, hanlara laýyk, gowy bolsa-da, men şu çaka çenli nandan garnymy ýetik doýuryp bilmän gelýärin. Munuň boýan matalary ýaramaz hilli bolsa hem bu oňat döwlet tapyp baýapdyr. Hiç zat barada hiç kime mätäç däl, gaty gowy ýaşaýar" diýen pikire gidýär.

Şonluk bilen hem, dostunyň ýanynda az-kem oturyp, gümür-ýamyr edip, soňra aýalynyň ýanyna gaýdyp barýar-da: "Bu şäherde matanyň ýagşysy bilen ýaramazynyň arasynda tapawut ýok eken. Matany ýaramaz boýaýan adam baý, döwletli ýaşaýar. Meniň ýaly matany oňat boýaýanlar welin garyplykda ýaşaýar. Onuň üçin-de başga bir şähere gidip öz hünärimi peýdalanmagym we eklenç hem ýaşaýyş üçin köpräk gazanmagym gerek" diýýär. Onda aýaly: "Köpräk işleseň şu ýerde hem kän gazanyp bilersiň. Onuň üçin-de ýurt aşyp hiç bir ýerik heläk bolup gitmek gerek däl, ýurduňy terk etmek gowy däl" diýýär.

Zerir aýalynyň diýenlerine gulak salman özüniň boýagçylyk abzallaryny alyp, başga bir şähere çykyp gidýär. Ol şähere barmak bilen hem boýagçylyk hünärini dowam edýär.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň, bir görse gazanan baýlygy ep-ýeslije bolupdyr.

Ol bu gazanany bilen kanagatlanyp, abzallaryny ykjam baglap we gazanan baýlygyny içki jübüsinde berkidip, bir gün öz şäherine ugraýar.

Az ýöräp we köp ýöräp, bir gün ýary gije ukusyna çydaman, ýolda ýatyp, uklap galýar. Onuň aýny süýji uka giden mahaly bir ogry gelýär-de, jübüsini kesip, hemme puluny alyp gaçýar. Zerir ukudan turup jübüsindäki pullarynyň alnandygyny bilip, her näçe agtarsa hem ogurlan adamyny tapyp bilmeýär. Şol sebäpli ol gynanyp-gynanyp, ahmyr edip ýene yzyna hälki şähere baryp, birnäçe ýyllap mata boýaýar. Ahyr gazanan puluny alyp ýene bir gün öz şäherine ugraýar. Bu sapar hem edil öňküsi ýaly uka gidýär we jübüsini kesdirip, pulunyň hemmesini ogurladyp, kimiň alandygyny ýene tapyp bilmeýär. Ahyrda hem iki elini burnuna sokup diňe boýagçylyk abzallaryny alyp, öz öýüne gaýdyp gelýär. Başdan aýaga başyndan geçirenlerini birin-birin aýalyna gürrüň berýär. Bu sözleri eşiden we äriniň horlanyp hem boşja gelenini gören aýaly: "Ýurduňy taşlap, şäheriňden çykyp hiç bir ýana gitme!" diýip, başda men saňa aýdypdym. Şonda sen gulak asmandyň" diýýär. Onda äri Zerir: "Ozal seniň sözüňe gulak asmasam-da, indi öz gözüm bilen gördüm" diýip, öz ýurdunda has yhlasly işlemäge başlaýar.

Toty bu sözleri aýdýar-da: "Men hekaýany gutardym welin, sen heniz hem otyrsyň. Haýal etme-de derrew aşygyň ýanyna git" diýýär. Hüjeste hem allaniçiksi bolup ýerinden turýar we şazadanyň ýanyna gitmäge howlugyp, daşaryk çykyp haýal etmän ugramakçy bolýar. Bir görse goňşy howlusyndakylar öz öý işleri bilen haýdaşyp ýörler. Onuň üçin-de gelin jaýyna gelip ýene ýatyp galýar.

## ON ALTYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişekisi ýaly gün ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar patraşdy, on dördi gijäniň aýy hem gijäni gündizlige öwürdi. Şol wagt Hüjeste ukudan turup ýuwundy, darandy, geýindi, özüni bezedi we az-kem iýip-içdi-de, synasy dagly we gözi girýän halda totynyň ýanyna baryp: "Eý toty! Yşgyň gamy maňa agyr. Her tüýsli nesihatlar, öwütler bilen meniň ne gözel wagtlarymy biderek geçirýärsiň. Men hakyky aşykdyryn. Meniň öwüt-nesihatlar bilen ne işim bar" diýýär.

Toty beýle sözden soň: "Eý gözel bibim! Bu diýýän zatlaryň näme? Dost sözi bu pursatlar saňa zerurdyr. Dost bolan dost sözüni diňlemese soňundan puşman eder. Beýle ýagdaýlar ozal birnäçeleriň başynda bolup geçendir" diýýär. Bu hili

sözi eşiden Hüjeste ýene-de saklanyp bilmän: "Ol nätüýsli bolup geçen zat? Ony hem maňa aýdyp ber" diýýär.

Toty ýene hekaýa aýtmaga başlaýar.

Köne bir zamanda Balh, diýilýän şäherde dört sany dost bolupdyr. Olaryň hemmesi hem kän maldar we tükeniksiz döwlet eýesi bolupdyrlar. Bularyň dostlugy başgalaryňky ýaly bolman, has içgin ýygy gatnaşykly we yhlasly bolupdyr. Emma bularyň dördüsi-de nebisjeň ekenler.

Bu dört dostuň dördüsi hem bir gün üýşüp bir palçynyň ýanyna barypdyrlar we öz ahwallaryny oňa beýan edipdirler. Ol palçynyň bulara rehimi gelip, her haýsyna aýry-aýry hat beripdir-de: "Bu hatlary başyňyzda goýuň-da gidiberiň. Hatlar haýsy ýerde başyňyzdan gaçsa, şol ýeri köwläberiň we ol ýerden bagtyňyza näme çyksa alyberiň!" diýipdir.

Dört dost hem ol palçynyň aýdyşy ýaly, ýola düşüp ugraýarlar. Esli ýol ýöränlerinden soň olaryň birisiniň haty ýere düşýär. Haty ýere gaçan adam äginmeýär-de, ol ýeri köwläp başlaýar. Munuň bagtyndan ol ýerden mis çykyp başlaýar. Bu adam öz dostlaryna ýüzlenýär-de: "Misi men zerden hem bähbitli görýärin. Mundan önjek baýlyk hemmämizi hem üpjün eder. Onuň üçin-de aňrujy kanagatlansaňyz, siz hem şu ýerde boluberiň" diýýär.

Dostlarynyň hiç biri hem bu ýerde galmaga razy bolmaýar. Hemmesi-de öz bagtlaryny synamakçy bolýarlar. Onuň üçin olaryň üçüsi-de mis tapan dostlary bilen hoşlaşyp, ýola düşüp ugraberýärler. Gidip barýarkalar olaryň ýene birisiniň başyndaky haty ýere gaçýar. Bu hem ol ýeri köwläp başlaýar welin ol ýeriň aşagyndan kümüş çykýar. Bu hem beýleki iki dostuna: "Aňrujy halasaňyz we kanagatlansaňyz şu zadyň özi hemmämize ýeter. Onuň üçin siz hem şu ýerde boluberiň" diýýär. Onda olar bu ýerde galmaga razy bolman, ýene ýoluny dowam edýärler. Az ýöräp, köp ýöräp baryşlaryna ýene birisiniň başyndaky hat ýere gaçýar. Bu hem ol ýeri köwläp başlaýar welin, ýeriň aşagyndan tylla çykýar. Bu ýerdäki tyllanyň kändigini görýär-de beýleki dostuna: "Men tyllany hemme zatdan hem gowy görýärin. Bu ikimiziň islegimizi aňryýany bilen kanagatlandyrar. Onuň

üçin sen hem başga ýere heläk bolup ýörme-de şu ýerde meniň bilen boluber" diýýär.

Bu hem dostunyň ýanynda galmaga razy bolman we öz bagtyny synamakçy bolup, onuň bilen hoşlaşyp, ýola düşüp gidiberýär.

Şonluk bilen birnäçe wagt ýol ýöränden soň, munuň hem başyndaky haty ýere gaçýar. Hatynyň ýere gaçmagy bilen, bu-da ol ýeri hasyr-husur dörüp we köwläp başlaýar welin, ýeriň aşagyndan demir çykýar. Ol demiri görýä-de: "Näme üçin tylla çykan ýerde galmadym, dostumyň göwnüne degdim" diýip, puşman edýär.

Şonluk bilen hem demire razy bolman, tylla tapan dostunyň ýanyna gaýdýar we hernäçe gözlese-de, ol ýeri we ol dostuny tapmaýar.

Ýigit bu ýagdaýa haýran galýar-da, yzyna demir tapan ýerine ugraýar. Emma ol ýeri hem ýitirip hiç tapyp bilmeýär. Netije-de: "Bu nätüýsli ýagdaý boldy, heý-de şeýle masgaraçylyk bolarmy? diýýär-de, hälki haty beren müneçjimiň ýanyna ugraýar. Emma ony-da hem her näçe gözlese-de tapyp bilmeýär. Demir tapyp azyrgananyna puşman edip, tylla tapan dostuny, ol ýeriň özüni we müneçjimi tapyp bilmeýşine çenden zyýada geň galýar.

Toty bu dört dostuň boluşlary baradaky hekaýasyny şunluk bilen tamam edýär. Muny tamam etmek bilen hem ol, Hüjestä ýüzlenip: "Betnebislik edip her kim dost sözüni diňlemese, ony alga almasa soňra puşman eder. Ine, dostlaryň boluşlaryny gördüňmi? Sen hem haýal etmän, dostuň şazadanyň ýanyna derrew ýet. Şu wagtdan amatly pursat tapmarsyň" diýýär.

Hüjeste hem derhal ýerinden turup, öz aşygy şazadanyň ýanyna ugramakçy bolýar. Şol wagt bir görse, daň atypdyr we horazlar gygyryşyp başlapdyr. Ol bu sapar hem ýigidiň ýanyna gidip bilmänine we şu çaka çenli oňa ýalançy bolup ýörüşine zyýada tukat bolýar.

Bu gezek hem Hüjeste hiç bir alaç tapman we nälaç bolup, ýatyp galýar.

## ON ÝeDINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşyp garaňky düşüp, ýyldyzlar patraşyp aý garaňky gijäni ýagtyldan wagtynda Hüjeste hem hemişeki endigi boýunça ukudan turup el-ýüzüni ýuryýar, geýimlerini we aýakgaplaryny geýýär, daranýar, üsti-başyna atyr sepýär, iýip-içip,

şazadanyň ýanyna gitmek üçin rugsat dilemäge totynyň ýanyna barýar. Görse toty gamgyn bolup otyr. Ol totynyň boluşyna haýran galýar-da: "Eý akyl eýesi toty! Sen näme üçin beýle gamgyn we tukat!" diýýär.

Hüjestäniň beýle sowalyny eşiden toty: "Seniň mertebäň örän belentdir. Aşygyň hem mertebesi şeýle belent bolsa, onuň bilen dostluk açmak aýyp däldir. Bardy-geldi, mertebesi juda bäri bolsa, onda ol zeýilli adam akyla sygýan zat däldir. Ine, şu barada oýlanyp iňkis edip otyryn" diýip, jogap berýär.

Totydan şeýle manyly söz eşiden Hüjeste: "Eý meniň syrdaşym, pikirdeşim seniň bu sözüň örän dogry welin, men şazadanyň mertebesiniň näzeýillidigini nädip bilerin!" diýýär. Onda, toty: "Her bir adamyň akylyny we elinden gelýän hünärini onuň öz sözünden hem bilip bolar. Sen belkem, şagalyň patyşa boluşy we onuň soýulyşy baradaky hekaýany eşiden dälsiň? Eşiden bolsaň diňe bir şonuň özünden hem örän kän many we düşünje almak bolar" diýip, jogap berýär. Onda Hüjeste: "Şagal nädip patyşa bolupdyr, hem onuň soýulyşy baradaky hekaýat nätüýsli? Ony hem maňa doly aýdyp ber!" diýýär.

Toty hekaýasyna başlaýar:

Bir şagal gijelerine hemişe şähere gelýär ekeni. Gelmek bilen hem ol, özi üçin azyk awlap gider ekeni. Şeýle etmäge düzgün edinen şagal bir gije şähere gelip, bir nilgäriň öýüne girýär we onuň nil gorunyň humyna kellesini sokýar. Onuň bilenem oňman humuň içine bütin göwresini sallaýar. Ol humuň içinde suwuk nil boýagdan başga hiç bir zat tapmaýar, onuň içine düşenine puşman edýär. Ol puşman etmek bilen humdan çykmakçy bolýar welin, humdan çykmak aňsat düşmeýär. Ol her näçe urunsa hem, humuň içinden bir entekläp çykyp bilmeýär. Ahyr ol üznüksiz dyrjaşyp ölümiň öýünde diýen ýaly bolup zordan humuň daşyna çykýar. Çykmak bilen-de niliň ysyndan, hem humuň içinde köp wagtlap urunmakdan ysgyny gaçyp bir entekläp usurgap ýatýar. Ahyryn daňa golaý ysgynyna gelip we biraz dynjyny alyp azyk-oljadan  geçip, ol zatlary ýadyndan çykaryp, "assa gaçan namart" diýen ýaly, şäherden çykyp, özüniň ýaşaýan tokaýyna tarap ökjäni göterýär.

Tokaýda ýaşaýan haýwanlar hem reňkli tilkini aýratyn ajap sypatda görüp, bu ýagdaýa geň galýarlar we ony güýçli haýwandyr diýip hasap edýärler. Şonluk

bilen-de şagaly ähli haýwanlar özlerine serdar edýärler we onuň buýrugyna kaýyl bolýarlar. Hälki nil reňkindäki serdar şagal: "Meni sesimden tanaýmasynlar" diýýär-de, iň owunjak ejiz haýwanlary özüne ýakyn iň öňdäki hatarda saklaýar. Haýwanlar özüne salama gelenlerinde iň öňdäki setirde şagallary, tilkileri, ikinji setirde keýikleri we maýmynlary, üçünji setirde börüleri, dördünji setirde şirleri, bäşinji we altynjy setirde pilleri duruzar eken. Şu görnüşde şagallar uwlaşanda serdar şagal hem gygyrýardy. Onuň sesi beýlekileriňki bilen sazlaşyp gidýärdi. Onuň üçin-de ony serdar şagalyň sesinden tanap bilmezdiler.

Aradan birnäçe gün we wagt geçenden soň serdar şagal, beýleki şagallardan has öňde durup, özüniň golaýyndaky setirde şirlere we pillere orun berýär. Şagallara beýlekilerden yzyrakda orun berýär. Agşam garaňky düşende gygyryşmaga düzgün eden şagallar bu ýerde hem garaňky düşende sazlaşykly gygyryşyp başlaýarlar. Bular bilen birlikde haýwanlaryň hemmesiniň öňünde duran serdar şagal hem gygyryp başlaýar. Şonluk bilen hem aslynyň şagaldygyny we hünäriniň agşam garaňky düşende ýoldaşlary bilen sazlaşdyryp gygyryp ýörmekdigini bu ýerde duran haýwanlaryň hemmesine aýan bolýar.

Bu ýerdäki haýwanlaryň hemmesi-de, özleriniň aldanandyklaryna öz ýanlaryndan utanyp, masgara bolup, hälki nil reňkindäki serdarlary şagalyň alkymyndan penjeläp we garnyny terslin oňlyn para-para dilişdirip öldürip taşlaýarlar.

Ine, şunuň bilen hem toty, şagalyň patyşa boluşy we ony soýuşlary baradaky kyssany Hüjestä aýdyp berýär. Ol şuny tamam etmek bilen-de Hüjestä ýüzlenip: "Her kimiň aslyny we hüneriniň nätüýslidigini öz sözünden hem bilmek bolar. Sen hem aşagyň ýanyna basymjak bar-da, onuň bilen içgin gürrüňdeş bol we öz sözünden onuň aklyny hem hüneriniň näzeýillidigini anykla" diýip, ony howlukdyrýar. Emma gelin aşygynyň ýanyna gitmäge her näçe howluksa hem aýny şol wagtyň özünde daň atýar we horazlar gygyryşyp başlaýar. Şol sebäpli Hüjeste bu gije hem öz aşygynyň ýanyna gidip bilmän ýatyp galýar.

## ON SEKIZINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişekisi ýaly gün ýaşýar, garaňky düşýär, ýyldyzlar patraşýar we aý hem gijäni gündizlik ýaly ýagtyldýar. Aýny şol wagtyň özünde Hüjeste hem ukudan turýar. El-ýüzüni ýuwýar, lybaslaryny we aýakgaplaryny geýýär, daranýar, oňat ysly atyry üsti-başyna pürkýär we hiç bir kemsiz nahar edinip, wadaly ýerine gitmäge rugsat almak üçin totynyň ýanyna gelýär. Gelmek bilen hem ol tota: "Ýörite hekaýat diňlemäge seniň ýanyňa gelýän gijäm ýok, hemişe rugsat dilemäge gelýärin. Bu ýagdaýdan gutulmak bormyka" diýýär. Onda toty Hüjestäniň ýüzüne garap: "Akylyň zyýat bolup abraýyň artsyn. Sabyrly bol! Bisabyrlygyň netijesi ýagşy bolmaz. Sen hem Arabyň köp wagt mähnet çekip, ahyr rahat tapyşy ýaly öz aşygyňa ýetersiň" diýip, jogap berýär.

Hüjeste beýle hoşamaý sözi eşidýär-de: "Arabyň hekaýasy näzeýilli? Ony hem maňa gysgajyk, emma düşnükli edip aýdyp ber" diýýär.

Toty Arabyň hekaýasyny aýtmaga başlaýar.

Bir şäherde Beşir diýilýän bir ýigit bolup, ol Çendir diýilýän hemmä aýan aýratyn owadan aýal bilen halaşyp başlapdyr. Aradan birnäçe wagt geçenden soň bularyň syrlary paş bolýar. Bu ýagdaýy özüne ullakan aýyp we namys bilýär-de, olaryň söýgülerine päsgel berip, Çendiri öz äri başga bir şähere alyp gidýär. Beşir bolsa Çendiriň hijrinden gije-gündiz bitakat bolup, işdäden kesilip, horlanyp başlaýar. Beşiriň köneden gelýän Arap atly dosty bir gün muňa gabat gelýär. Gürrüň arasynda Beşir öz dosty Araba ýürekden Çendir bilen bolup geçen işlerini, syrlarynyň paş boluşyny, ony äriniň başga şähere alyp gidişini we şol sebäpli özüniň ukudan we işdäden kesilip we horlanyp ýörüşini aýdýar. Şonuň bilen birlikde ol: "Men Çendiriň häzirki ýaşaýan şäherine gitmek we onuň bilen wagtly-wagtynda görüşip ýörmek isleýärin. Onuň üçin aňrujy razy bolsaň, seniň maňa ýoldaş bolmagyňy isleýärin" diýýär. Dostunyň erli aýalyň yzyndan ylgap ýöremegini unamasa-dan Arabyň rehimi gelip Beşire ýoldaş bolýar. Ikisi ýola düşýär-de, az ýöräp, köp ýöräp Çendiriň soňky ýaşaýan şäheriniň golaýynda bir agajyň düýbünde düşleýärler. Biraz oturyp dynçlaryny alanlaryndan soň Beşiriň haýyş etmegi bilen Arap Çendiri tapmaga, ony şu agajyň düýbüne çagyrmaga gidýär.

Arap myhman bolmak bahanasy bilen Çendiriň äriniň adyny tutup, öň ýeten adamdan sorap çykýar we onuň öýüniň niredigini bilýär. Bilmek bilen hem derrew onuň öýüne barýar. Görse, öýde diňe Çendiriň özi bar. Arap wagtyny biderek geçirmän, derrew özüniň Beşir bilen gelendigini, onuň salamyny we garaşýan ýerini, garaňky düşen badyna şol agajyň düýbüne çagyrýandygyny aýdýar. Bu begençli habary eşiden Çendir:

–Bolýar, gün ýaşyp, garaňky düşen badyna bararyn, örän arkaýyn bolsun we meni idäp gelenine sag bolsun!– diýýär.

Şonuň bilen hem Arap ol ýerde kän oturman, derrew Beşiriň ýanyna gaýdyp gelýär-de, gören-eşidenini mälim edýär. Bularyň ikisi-de Çendiriň geljek ugruny seredip oturýarlar.

Gün ikindi bolýar, gün ýaşýar we garaňky gatlyşanda Çendir öýünden çykyp ugraýar. Garaňkyda adam aýagynyň sesi eşidilip başlady. Beşir, ylgap baryp çekdiriň öňünden çykýar we Çendir oturan ýerine alyp gelýär. Amanlyk-saglyk soraşanlaryndan we ýürekden gürleşenlerinden soň Çendir Araba: "Meniň lybaslarymy geýip öýüme baryp, içerde arkaýyn otur. Ärim gelip bir käse süýt iç diýse içme, asla elinden hem alma, süýtli käsäni öňüňde goýup özi daşaryk çykyp gidenden soň iç we her näçe diýse-de ýüzüňi açmagyn" diýýär.

Arap razy bolýar we Çendiriň lybaslaryny geýip we öýüne baryp, içerde arkaýyn oturýar.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň Çendiriň äri gelýär we bir käsäni süýtden dolduryp getirýär-de "iç" diýip ýalbarýar. Arap hamana eşitmeýän ýaly bolup, käsäni onuň elinden hem almaýar we ýüzüni hem açmaýar. Onuň ýalbarmagy we Arabyň eşitmeýän ýaly bolup oturmagy uzaga çekýär.

Çendiriň äri ahyryn ýalbarmakdan bizar bolup, ony gamçy bilen urmaga başlaýar. Bu hem oňa täsir etmeýär. Çendiriň äri: "Bu näboluş, her näçe ýalbarsam-da ýüzüňi açmaýarsyň, mundan hem ýaşaýyş bolarmy? Meniň soragyma hem jogap bermeýärsiň!" diýip, has beter gazaba münýär-de, ony urup-urup, arkasyny gök-dalak edýär. Bu onda-da jyňkyny çykarmaýar. Şonuň üçin hem Çendiriň äri ahyr bizar bolup, öýden çykyp gidýär.

Ol çykyp gidenden soň, Arabyň kä aglap we kä gülüp oturan wagtynda Çendiriň enesi onuň ýanyna gelip: "Sen näme üçin äriňi özüňe dost tutmaýarsyň? Haçana çenli ondan taýak iýip gezjek” diýip, ol-da hiç bir jogap alyp bilmän, käýinjiräp ýene yzyna çykyp gidýär. Soňra garry öýüne baryp Çendiriň aýal doganyna: "Sen Çendiriň ýanyna bar-da otur. Ol öz äri bilen agzybir däl. Sen hem bar-da öz tarapyňdan äriň bilen nätüýsli ýaşamalydygyny öwüt-ündew et" diýýär.

Çendiriň aýal dogany Arabyň ýanyna gelip, edil alkymynda oturýar.

Arap onuň ýüzüni görýär-de, urulan endamynyň awysyny ýadyndan çykarýar we çadyry serpip, derrew ýüzüni açýar. Ýüzüni açmak bilen hem ol: "Seniň doganyň Çendir bu gije Beşiriň ýanyna gitdi we meni öz ýerinde goýdy. Çendiriň deregine onuň ärinden iýen gamçymyň we çeken azaplarymyň sany ýok. Men hem seni söýdüm diýip, Çendiriň doganyna her tüýsli ýaramly sözler aýdýar.

Çendiriň dogany hem özüniň Araby söýýändigini bildirýär. Soňra Arap Çendir bilen Beşiriň ýanyna Çendiriň aýal doganynam alyp gaýdyp barýar we hemme görüp-eşidenlerini, çeken jezasyny aýdyp, arkasynyň gök-alasyny hem görkezýär. Şonluk bilen Çendir aýal doganyny Araba tabşyryp öz lybaslaryny geýip ýanyndakylar bilen hoşlaşyp we razylaşyp, derrew öz öýüne gaýdýar, hem mundan beýläk Beşiriň yzyndan gelmezligi talap edýär.

Toty hekaýasyny tamam edýär. Tamam etmek bilen ol Hüjestä ýüzlenip: "Wagtyňy biderek geçirme, eglenmede aşygyň ýanyna bar we wadaňa ýalançylykdan halas bol" diýýär. Aýny şol wagtyň özünde daň atýar we horazlar gygyryşyp başlaýar. Oňa görä, Hüjeste bu gije hem ahmyrly bolup, ýatyp galýar we onuň aşygy wadaly ýerinde gultunyp galýar.

## ON DOKUZYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişekisi ýaly gün ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar ýaldyraşdy we aý gijäni gündizlik ýaly ýagtyltdy. Edil şol wagtyň özünde Hüjeste ukudan turdy, elini-ýüzüni ýuwdy, darandy, geýindi, iýdi-içdi we şazadanyň ýanyna gitmek üçin totynyň ýanyna baryp: "Aşygyma gowuşjak bolup, her näçe çalyşsam-da, senden birugsat gitmegi özüme uslyp bilmeýärin. Ol hem seni aýratyn kän akylly hasap edýänligim sebäplidir. Bu gije sen maňa tizräk rugsat ber. Men hem

aşygymyň ýanyna baraýyn" diýýär. Onda toty: "Akylly adamlar hiç wagtda maslahatlaşman iş etmeýärler. Käbirleri bolsa, berlen maslahatam almaýar. Onuň üçin ýalňyşýar. Sen hem meni akyllylaryň birisi hasaplaýan bolsaň sen menden hem menden maslahatsyz iş etmeli dälsiň. Onuň üçin saňa hiç ýan tarapdan zyýan ýetmez we hiç bir bela saňa kär edip bilmez. Gaýtam mertebäň belent bolar" diýýär. Onda Hüjeste: Kim maslahat almak ýalňyşypdyr aýdyp bersene" diýip, totyny gyssaýar.

Toty täjirleriň biri baradaky hekaýaty aýtmaga başlaýar:

"Köp ýaşan akylly adamlaryň aýtmaklaryna görä, öň zamanda bir akylly täjir bolupdyr. Onuň bir sany örän mes we gyrpa aty bolupdyr. Günlerde bir gün özi nahar iýip oturan wagtynda bir baýtallyja nämälim adam onuň gapysyna gelip düşmek bilen baýtalyny atýatakda, täjiriň atynyň ýanynda baglaýar: "Ol ýerde baglama, meniň atym gyrpadyr, oňuşmazlar" diýip, täjir hernäçe gygyrsa-da, nätanyş gulak asmaýar. Özi hem hödür-kereme garaşman, elini ýuwman we aýratyn tabak soraşman, täjiriň iýip oturan tabagyndan nahar iýmäge başlaýar. Täjir bu nämälim adamynyň bolup ýörüşine düşünmän we oňa dagy näme diýjegini hem bilmän: "Sen nätüýsli adam? Atym gyrpadyr, baýtalyňy onuň ýanynda baglama. At ony heläklär diýsem gulak asmadyň. Galyberse-de, bisabyrlyk edip eliňi ýuwman, meniň bilen bir tabakdan nahar iýmäge başladyň. Seniň bu boluşlaryň akyla sygýan zatmy?" diýýär.

Nämälim adam edil hiç bir zat eşitmeýän ýaly bolup, gabagyny hem galdyrman we sesini hem çykarman, güň we ker ýaly bolup, täjire jogap bermeýär. Täjir hem ony güň we kerdir hasap edýär. Şol halatda täjiriň aty gyrpalygyny edip, hälki nämälim adamyň baýtalyny depip, garnyny ýaryp öldürýär. Hälki nämälim adam baýtalynyň ölenini görýär-de: "Seniň atyň meniň baýtalymy depip öldürdi. Baýtalymyň bahasyny derrew töle" diýip, täjiriň ýakasyndan tutup urup başlaýar. Onuň bilen hem kanagatlanman, kazynyň ýanyna baryp, täjirden şikaýat edip, ony kazynyň ýanyna çagyrdýar. Täjir bolsa kazynyň ýanynda ker we lal bolan bolup, kazynyň soraglarynyň hiç birine jogap bermeýär. Onuň üçin kazy hem muny ker we lal hasap edip: "Munda näme günä bar. Bu bir ker we lal, sähne adam. Oňa

görä bu zeýilli adamdan şikaýat etmek ýerliksiz bolar" diýýär. Onda ol nämälim adam kaza: "Sen onuň ker we laldygyny nädip bildiň? Dek ýaňy ol: "Baýtalyňy atyň ýanynda baglama. At gyrpadyr, baýtalyňy heläklär diýip gygyrýardy" diýip, kaza şikaýat edýär. Onda kazy: "Eger ol saňa şeýle diýip öň aýdan bolsa, onda ol düýbünden bigünä bolýar. Näme üçin baýtalyňy baglama diýen ýerinde baglapsyň? Baýtalyň ölmegine özüň sebäp bolupsyň. Bar, boluşyň şu bolsa we diňe şunuň üçin şikaýat edýän bolsaň onda özüňden başga günäkär ýok. Tur git bu ýerden. Sen tüýs akmak adam ekeniň. Öz aýbyňy öz diliň bilen tassyklaýarsyň" diýip, kazy ol nämälim adamy kowup goýberýär.

Şunuň bilen toty hekaýasyny gutarýar we Hüjestä ýüzlenip: "Bu ýerde bikär oturyp wagtyňy biderek geçirme. Derrew git-de aşygyň göwnüni al" diýýär.

Hüjeste şazadanyň ýanyna gitmek üçin tarsyllap ýerinden turup, ugramakçy bolýar. Bir görse, daň atypdyr we horazlar gygyryşyp, ýatanlaryň hemmesini örüzip başlapdyr. Şol sebäpli Hüjeste bu gije hem ýatyp galýar.

## ÝIGRIMINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Birsyhly dowam edip gelýän düzgün we adat boýunça bu gün hem hemişekisi ýaly gün ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar patraşyp çykdy we aý gijäni ýagtyldyp başlady. Şol wagt Hüjeste edil ýakasyndan tutulan ýaly bolup, süýji ukudan turýar, el-ýüzüni ýuwýar, geýinýär, daranýar we nahar edinýär-de şazadanyň ýanyna gitmäge rugsat almak üçin ýene totynyň ýanyna barýar. Barmak bilen hem ol gaty howlugyp: "Eziz gürrüňdeşim! Sen maňa rehim et-de, bu gije çaltjak rugsat ber we şonuň bilen hem meni wadama ýalançy bolmakdan halas et. Rugsatdan öň aýtjak sözüň bar hem bolsa, basymjak aýdyp gutar!" diýýär.

Toty onuň şeýle howlukmaçlygyny görüp we her näçe manyly-manyly kyssalar aýdyp berse-de, olardan Hüjestäniň kellesine akyl az irýändigini duýup: "Eý Hüjeste! Men seni örän kän manyly, sözler hekaýatlar bilen synadym we seni örän akylly hasap etdim. Onuň üçin hem saňa meniň nesihatlarymyň indiden beýläk gerek ýeri ýok hasap edýärin. Ýene hem bolsa, bir aýalyň çöl-beýabanda bir ägirt şire gabat gelip, hilegärçilik bilen hiç bir zyýan etdirmän, onuň gazabyndan

halas boluşy ýaly, sen hem bir hadysa duçar geláýseň şonuň ýaly hilegärçilik edip sypmagyň gerek" diýýär.

Hüjeste bu sözi eşidýär-de: "Özi aýal bolsa ol nädip gazaply şirden başyny gutaryp bilipdir? Aýdyp bersene" diýip, tota ýüzlenýär.

Toty bu aýal baradaky hekaýaty aýtmaga başlaýar.

Gadym zamanda bir şäherde bir adamynyň aýratyn bet gylykly we dili uzyn hem duzly aýaly bolupdyr. Bir gün bu aýal äri bilen sögüşip, ýanyna iki sany çagasyny alyp, çöl-beýabana gaçyp gidipdir. Ol aýal az ýöräp, köp ýöräp, ymgyr çöle ýeten wagtynda bir şire gabat gelýär. Bu aýal şiri görýär-de, hökman öldürer diýen niýet bilen bir pikiri oýlap tapýar. Ol şire golaý barýar-da: "Eý şir! Ýanyma gel-de, meniň sözümi eşit" diýip, gygyrýar.

Şir bu aýalyň boluşyna geň galyp uzakdan: "Näme sözüň bolsa aýdyber" diýip, jogap berýär. Onda aýal: "Şu çöl-beýabanda ullakan we örän zalym şir barmyş. Adamlaryň hemme ondan gorkýarmyş. Onuň garşysyna hiç bir çäre edip bilmeýärmişler. Onuň üçin hem milleti şiriň gazabyndan salamat saklamak üçin her gün dört sany adamyny o şire iberip, gün geçirýärlermiş. Ol şir hem her gün ol dört adamyny iýip, owkat edinýärmiş. Bu gün bolsa şiriň meni iýmek nobatydyr. Eger halasaň sen meniň şu çagalarymy iý-de, güýçlen we bu ýerden gaçyp öz başyňy gutar. Soňra men hem ýalňyzlykda başga bir tarapa gaçyp giderin" diýýär. Onda şir: "Indi sen hem hemme ahwalyňy maňa aýtdyň. Seni hem seniň çagalaryňy iýmegi özüme kiçilik bilýärin. Hemmeden ýagşysy bu ýerden basymrak gaçyp ýok bolmak gerek" diýýär-de, derrew tokaýa sümýär.

Bu aýal bolsa şirden gorkanlygy üçin we ahyrda bir pirim bilen çagalaryny we özüni halas edip ölmän galanlygyna örän begenýär. Şol wagt äri hem yzyndan ötünç sorap gelýär.

Şeýlelikde, şirden sypan aýal, şükür edip äri bilen agzybir ýaşaşyp başlaýar.

Toty bu hekaýasyny hem aýdyp gutarýar. Muny aýdyp gutarmak bilen hem ol Hüjestä ýüzlenip: "Haýal etme-de, derrew aşygyň ýanyna bar" diýýär.

Hüjeste derrew oturan ýerinden turýar we wadaly ýerine gitmekçi bolýar. Bir görse, ýene daň atypdyr we horazlar gygyryşyp başlapdyr.

Hüjeste bu gün hem şazadanyň ýanyna gidip bilmän ahmyrly ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI BIRINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişekileri ýaly gün ýaşdy, garaňky düşdi we Hüjeste özüne timar berip, iýip-içip şazadanyň ýanyna gitmek üçin has howlukmaçlyk bilen totynyň ýanyna barýar. Barmak bilen hem ol: "Eý toty! Men öz islelimiň ýanyna haçan bararyn? Onuň ýanyna ýetmäge her näçe howluksam-da, köp wagtdan bäri ýetip, oňa gowşup bilmeýärin. Heý-de, şeýle bagty ýeserlik bolarmy?" diýýär. Toty oňa: "Eý Hüjeste seniň öz dostuň ýanyna tizara ýetip biljekdigiňe saňa güwä geçip bilerin. Ýöne eger aşygyňa gowuşsaň Halas bilen Mahlasyň şazada bilen dostluklaryny terk etmeýişleri ýaly, seniň hem şazada bilen dostlugyňy terk etmezligiň we gedemlik etmezligiň gerek" diýýär. Onda Hüjeste: "Ol nätüýsli hekaýat? Ony maňa aýt" diýýär.

Toty ýene hekaýany aýtmaga başlaýar.

Gadym zamanda bir uly patyşa bolupdyr. Onuň iki sany ogly bar ekeni. Birnäçe wagtdan soň ol patyşa ölýär. Onuň tagtyna uly ogly geçýär. Bu ogly örän zalym bolupdyr. Ol hatda öz inisini hem öldürmegi ýüregine düwýär. Onuň agasynyň niýetini duýan inisi öz mähriban şäherini taşlap, öz başyny ölümden gutarýar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň ol bir kölüň gyrasyna baryp ýetişýär. Görse, bir gurbakga aýylganç ses edip gygyrypdyr. Sesiň çykýan ýerine baryp aýak çekse, bir ýylan gurbakgany agzyna kese alypdyr. Oglan eline daş alyp ýylana tarap topulýar welin, ýylan öz janyndan gorkusyna gurbakgany agzyndan gaçyrýar. Gurbakga hem gaçyp, suwuň düýbüne çümýär. Oglan bu ýagdaýy görüp: "Ýylanyň awuny agzyndan gaçyrdym" diýýär-de, ýylanyň ýanynda özüni ýazakly duýýar. Onuň üçin hem ol öz bedeninden kesip, ep-ýesli eti ýylanyň öňüne taşlaýar. Ýylan oglanyň taşlan etini agzyna alyp gidýär-de, başga bir urkaçy ýylana eltip berýär. Ol hälki gurbakgany dişläp gygyrdan ýylanyň aýaly ekeni. Ýylanyň aýaly hälki eti iýýär-de, ärine: "Bu lezzetli eti nireden tapdyň?" diýip, soraşýar. Onda äri bu hakdaky wakany öz başyndan geçen we gören zatlaryny birin-birin aýalyna mälim edýär. Onda aýaly: "Ol adam saňa uly mähribanlyk edipdir. Seniň oňa şükür

etmegiň gerek!" diýýär. Ýylan öz aýalyndan beýle söz eşidýär-de, adam sypatyna öwrülip, hälki oglanyň ýanyna baryp: "Eger razy bolsaň men seniň hyzmatyňa geldim!" diýýär.

Oglan ýylanyň sözüni kabul edýär. Hälki ýylanyň agzyndan gaçyp giden gurbakganyň aýaly hem äriniň halas edilşini eşidip ärine: "Ol ýagşylygyň gadyryny seniň ýerine salmagyň gerek. Onuň üçin hem oglanyň hyzmatynda dur, oňa gulluk et!" diýýär.

Erkek gurbakga aýalynyň sözüni makul bilip, ol hem derrew adam sypatyna öwrülýär we oglanyň ýanyna gelip: "Aňrujy razy bolsaň, men saňa hyzmat etmäge geldim!" diýip, öz niýetini aýdýar. Oglan onuň hem sözüni kabul edýär.

Şunluk bilen bular üç ýoldaş bolup, ol ýerden başga bir ýere ýola düşüp ugraýarlar. Az ýöräp, köp ýöräp, bir şähere ýetýärler.

Oglan bu şäheriň patyşasynyň ýanyna gelip, meniň täk özüm ýüz adam bilen urşup bilerin. Eger-de her günüme bir müň rupiýadan berseň, hemde men seniň hyzmatyňda bolaryn we heran-haçan ýumuş buýursaň, ony haýal etmän ýerine ýetirerin" diýýär.

Patyşa oglany nökerlige kabul edýär-de, her gün bir müň rupiýa hak bermäge razy bolýar. Şonluk bilen oglan patyşadan her gün bir müň rupiýa hak alyp, onuň bir ýüzüni özi harçlap, iki ýüzüni ýoldaşlaryna berýär. Galan ýedi ýüz rupiýany bolsa her gün garyplara, ýetimlere, aç-ýalaňaçlara we şel-maýyplara haýyr-sahawat üçin harçlaýar.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň, ol şäheriň patyşasy şikara çykýar. Şikarda gezip ýörkä, onuň aýratyn gymmatbaha ýüzügi derýa gaçyp, suwuň düýbüne çümýär. Her näme etse-de, patyşa ýüzügi derýanyň düýbünden alyp bilmeýär. Ahyr, dagy alaç tapman ol oglany ýanyna çagyryp "meniň aýratyn bir gymmatbaha ýüzügim bardy, ol derýanyň düýbüne gaçdy. Ony her näçe çytyraşsam hem tapmagyň we almagyň alajyny tapmadym. Her nämede bolsa sen ony ýoluny tapyp, maňa getirip ber" diýýär.

Oglan ýoldaşlarynyň kömegine mätäç bolup, gelýär-de, patyşanyň buýrugyny aýdýar.

Ýoldaşlary: "Patyşanyň saňa buýurýan bu işi nätüýsli iş?" diýişýärler. Emma Mahlas: (gurbakga) "Hatyrjem bolsun, bu işiň hötdesinden men derrew gelerin" diýýär-de derrew gurbakga sypatyna öwrülýär we derýanyň düýbüne çümüp, patyşanyň ýüzügini tapyp getirýär. Oglan ol ýüzügi derrew patyşa getirip berýär.

Patyşa, bu ýagdaýa geň galýar we oňa köp mähribanlyk edýär.

Bu wakadan soň aradan birnäçe gün geçýär. Birden patyşanyň hiç bir kemsiz ýetişip oturan uly gyzyny ýylan çakýar. Muňa tebipleriň hiç birisi alaç edip bilmeýär. Dagy hiç bir alaç tapman, patyşa ýene oglany ýanyna çagyryp: "Gyzymy ýylan çakypdyr. Tebipleriň hiç birisiniň-de oňa nepi degmedi. Her niçik-de bolsa sen munuň alajyny et!" diýip, buýurýar.

Oglan öz ýanyndan: "Derman edeýin diýsem, men tebip däl, doga-tumar bereýin diýsem, molla däl. Dagy näme etjegimi bilmeýärin" diýip, pikir edip, öz ýoldaşlarynyň ýanyna gaýdyp gelýär. gaýdyp gelmek bilen hem bu ýagdaýy olara mälim edýär we "Bu dertden meniň başym çykmaýar, şeýle hem patyşanyň nä akyl bilen maňa beýle işi buýurandygyny hem bilmeýärin" diýýär. Onda ýoldaşlaryndan Halas: "Onuň üçin sen çigit ýaljak hem gam iýme! Onuň hötdesinden men özüm gelerin. Ol gyzy meniň ýanyma getiriň ony derrew bejererin" diýýär.

Oglanyň islegi bilen patyşanyň gyzyny Halasyň ýanyna getirýärler. Halas başga hiç bir zat etmän, agzyny ýylanyň çakan ýerine goýýar-da, ýylanyň zäherini gyzyň endamyndan sorup alyp, ysgyn-mydardan gaçan, heläk gyza: "Bar ötägit. Indi gutuldyň!" diýýär. Hakykatdan hem gyz öňküsi ýaly hiç bir kemsiz sagalýar. Bu ýagdaýy gören, gyzynyň sagalanyna çenden zyýat hoş bolan patyşa özüniň gyzynyň we hemme ýürekdeşleriniň razylyklary we oglany oňa örän laýyk bilmekleri bilen gyzyny oglana nikalap berýär we ony özüne wezir edinýär.

Oglan şeýle ullakan abraýa we derejä ýetenden soň, munuň ýoldaşlary Halas bilen Mehalas ikisi, oglana ýüzlenip: "Bize hem öýümize gaýdarça wagt boldy. Bize sap ýürekden rugsat ber" diýip, haýyş edýärler. Onda şazada olara: "Bu wagt rugsat islemegiňiz biwagt bolýar. Men, hemmämiziň hem deň mertebä ýetmegimizi we bütin ömrümize bir adam ýaly tüýs ýürekdeş bolup ýaşamaklygymyzy isleýärin. Onuň üçin-de özümiziň bir-birimizden aýra

bolmagymyzy makul bilmeýärin" diýýär. Onda olaryň ikisi iki ýerden: "Seniň ýüregiň şoldygyny bilýäris welin, biziň öz ilimize we öýümize gaýdyp barmaly wagtymyz geldi" diýýärler. Soňra Halas: "Meniň aslym adam däl-de ýylan. Maňa öz etiňden kesip berdiň. Men seniň şol eden ýagşylygyňy ödejek bolup adam sypatyna öwrüldim we saňa ýürekdeş ýoldaş boldum" diýýär. Ikinji Mehalas hem: "men hem adam neslinden däl. Men seniň ýylanyň agzyndan halas eden gurbakgaňdyryn. Men diňe şol eden ýagşylygyňy ödejek bolup ýörün. Häzir bolsa rugsat berseň, ikimiz hem öz mekanymyza gitmekçi bolýarys" diýýär.

Oglan öz ýoldaşlarynyň kimdigini we nä maksat bilen özüne ýoldaş bolandyklaryny häzirki pursat özlerinden açyk bilip: "Ikiňiz hem meniň üçin eliňizden gelen hünäriňizi gaýgyrman etdiňiz we oňat abraý aldyk. Diňe siziň kömegiňiz sebäpli-de men häzirki mertebä ýetdim. Bu zatlaryň gadyryny men ýagşy bilýärin. Onuň üçin hem siziň göwnüňizi ýykyp biljek gümanym ýok. Gitmän goýmajak bolsaňyz, menden size rugsat. Ýöne agyrdyp-ynjydan bolsam, geçiriň hem razy boluň!" diýip, ýoldaşlaryna rugsat berýär we olary uly hormat bilen ýola salyp goýberýär.

Toty bu hekaýasyny hem gutarýar-da, Hüjestä: "Haýal etmede, aşygyň ýanyna git, ol saňa garaşyp oturandyr. Besdir, wadaňa ýalançylygyň hem çeni bar" diýýär.

Hüjeste hem üstünden sowuk suw guýulan ýaly bolup böküp ýerinden galyp, howlukmaçlyk bilen aşygynyň ýanyna ugramakçy bolýar. Bir görse, bu sapar hem daň atyp, horazlar gygyryşyp başlapdyr. Şol sebäpli ol bu gije hem aşygyna ýalançy bolup, ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI IKINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişeki tertipde gün ýaşýar, garaňky düşüp ýyldyzlar pytraşýar, aý garaňky gijäni ýagtyldýar.

Hüjeste şol bir endik boýunça ukudan turýar, ýuwunýar, daranýar, geýinýär we nahar iýip-içýär-de howlukmaçlyk bilen şazadanyň ýanyna basymrak gitmek üçin rugsat dilemäge totynyň ýanyna gelýär. ol gussaly ýagdaýda totynyň

garşysyndaky hemişe gelip oturýan ýumşak, gymmatbaha kürsüsiniň üstünde oturýar. Ony bu ýagdaýda gören toty:

–Eý gözel Hüjeste! Bu gije näme üçin beýle gussaly geldiň?– diýýär. Onda Hüjeste:

–Meniň aşygym danadyr ýa-da nadandyr, alymdyr ýa-da kördür diýen pikir geçen gije kelläme geldi. Eger nadan bolsa, onuň söhbeti meniň janyma deger– diýip, jogap berýär.

Toty Hüjesteden bu sözi eşidip:

–Eý bibim, sen şu wagtyň özünde onuň öýüne bar we täjiriň gyzynyň hekaýatyny aýdyp ber-de, onuň akylyny syna. Eger ýagşy jogap berse, onda ol danadyr" diýip, jogap berýär. Onda Hüjeste:

–Ol gyzyň hekaýasy näzeýilli?" diýip soraýar.

Toty ol gyzyň hekaýasyny aýtmaga başlaýar.

"Käbil şäherinde tükeniksiz mal eýesi, uly ile meşhur bir täjir bolupdyr. Ol täjiriň diýseň owadan we ýaraşykly, edepli gyzy bar ekeni. Ol gyzyň adyna Zöhre diýer ekenler.

Bu gyzy isläp dürli-dürli şäherlerden gelýän adam her näçe kän hem bolsa, ol gyz olaryň hiç birisine hem göwnüni bölmeýän eken. Gyz öz atasyna: "Aýratyn dilewar ýa-da hünärment adam bolmasa, beýleki adamlaryň birisini hem özüme mynasyp görmerin" diýip aýdar ekeni.

Gyzyň bu şerti ähli şäherlere aýan bolupdyr.

Bir şäherde öz hünärine aýratyn ökde üç sany ýigit bolupdyr. Ýigitleriň üçüsi hem bir wagtyň özünde tirkeşip gidýärler-de käbil şäherine barýarlar. Ýigitler ol ýerde hem hälki owadan gyzly täjiriň ýanyna baryp: "Gyzyň hünärment adamyny kabul etjek bolsa, biziň üçümiz hem öz hünärimize aýratyn ökde. Birimiziň hünärimiz her näme ýitse onuň nirdedigini gelejekde we boljak zady öňünden derrew bilmek; ikinjimiziň hünärimiz üstüne münseň Süleýman pygamberiň tagty ýaly, al-howada uçup ýörýän aty agaçdan ýasamak we üçünjimiziň hünärimiz atan oky biderek gitmeýän aýratyn mergen-atyjylyk" diýýärler.

Täjir ýigitleriň üçüsiniň hem hünärini ýadynda saklap gidýär-de, gyzyna birin-birin aýdýar. Onda gyzy: "Bu gije ýagşy pikirleneýin-de, jogabyny ertir aýdaýyn. Garaz şu üçüsinden birisini kabul ederin" diýýär. Şol gijäniň özünde hem täjiriň gyzy öz jaýyndan gaýyp bolýar. Munuň niräk we nä wagt gaýyp bolanyny hiç kim bilmeýär. Her näçe sorag etseler hem, gördüm-bildim bolmaýar.

Täjir örän bikarar bolup hälki ýiteniň nirdedigini bilerin" diýýän ýigidiň ýanyna gelip:

–Hany bil, meniň gyzym häzirki wagt nirde?" diýýär. Onda ol ýigit bir sagat dymyp oturýar-da:

–Seniň gyzyňy bir peri äkidipdir. Ol şu sagat pylan dagyň başynda. Ol dagyň başyna adam ogly baryp bilmeýär – diýip jogap berýär.

Täjir agaçdan uçýan at ýasap bilýän ýigide ýüzlenýär-de: "Agaçdan aýratyn ýyndam uçýan at ýasap, atan oky biderek gitmeýän ýigide ber. Ol ýigit hem şol aty münüp, asmana uçsun we dagyň üstüne baryp, ol perini öldürsin-de, meniň gyzymy alyp gelsin!" diýýär.

Şonluk bilen ussa agaçdan ýyndam asmana uçýan at ýasaýar we ok atyjy mergen hem aty münüp asmana uçýar-da, hälki dagyň üstüne barýar. Bir saparky atan oky bilen perini öldürip, täjiriň gyzyny derrew alyp gaýdýar.

Gaýyp bolan gyzyň nirededigini bilen, agaçdan uçýan at ýasan we ol aty münüp gidäge-de perini öldürip gyzy alyp gelen üç sany ýigidiň üçüsi hem bu gyzy "men alaryn-da, men alaryn" diýişip öz aralarynda tükeniksiz dawa tutýarlar.

Toty aýny şu dawany gürrüň berip gutarýar-da, Hüjestä:

–Eý bikäm, aşygyň ýanyna baranyňda şu hekaýany aýdyp ber-de „”Gyzy şu üç hünärmen ýigidiň haýsysy almaga hakly?" diýip, ondan soraşyň, eger dogry jogap beräýse, aşygyňy akylly adam hasap et!–diýýär. Onda Hüjeste tota:

–Ol gyzy haýsy biriniň almaga haklydygyny öňürti maňa özüň aýt" diýýär. Toty oňa: "Özüniň heläk bolup biljekdiginden gorkman, howply ýere baryp, birnäçe mähnet çeken we perini öldürip, gyzy alyp gelen adam ol gyzy almaga hakly. Beýlekiler bolsa, öz hünärini görkezen adam bolup galýarlar" diýip jogap berýär.

Şonluk bilen hem toty bu hekaýasyny-da tamam edýär. Tamam etmek bilende ol Hüjestä ýüzlenip:

–Indi näme sortdyryp otyrsyň. Ýigit ýanyna bar. Bu hekaýat hakynda gürrüň ber, onuň akylyny synap gör, şeýle hem şazadany aldap ýörmegiňi bes et, wadaňa biwepalygyň aşagyndan çyk. Her bir zady özüňden hem bilmek gerek–diýýär.

Hüjeste hem:

– Örän dogry aýdýarsyň. Meniň söz berip barman, ýalançylygym çenden çykdy. Onuň ýanyna derrew baraýyn – diýip, ugramakçy bolýar-da, oturan ýerinden turýar, görse, ýene horazlar gygyryşyp, bu gije hem eýýäm daň atypdyr. Onuň üçin-de Hüjeste: "Maňa alaç boljak däl. Hiç wagt hem wadamda tapyljak däl" diýýär-de, ah çekip bu gije hem ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI ÜÇÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün batyp, garaňky düşdi we aý hem dogup, garaňky gijäni ýagtyltdy. Aýny, şol wagt Hüjeste hem ýatan ýerinden turdy. Ýuwundy, darandy, geýindi we kem iştäräk iýip-içip, öz ýanyndan bu sapara gijä galmaryn. Şazadanyň ýanyna eglenmän hökman giderin we mundan ozalky gijeleriň hem öwezini dolaryn diýen pikir bilen aşygynyň ýanyna gitmäge rugsat almak üçin totynyň ýanyna barýar. Baryp ol: "Eý akylly we dilewar toty! Rowa görseň wadaly ýerime gitmäge maňa rugsat ber. Mende sabyr karar galmady. Bolmasa hem gitmän kanagatlanmagyň ugruny salgy ber" diýýär. Onda toty: "Men saňa her gije hem rugsat berýärin. Neüçindir seniň bagtyň açylmaýar we ýigidiň ýanyna gidip bilmeýärsiň? Bu gije çaltyrak ýola düşmegiň gerek. Emma meniň nesihatymy eşit. Mysal üçin, gadym bir zamanda bir oglan Babyl şäheriniň patyşasynyň gyzyna aşyk bolýar. Netijede hiç bir päsgelçiliksiz, hiç kime zyýansyz onuň goluna magşugy hem tükeniksiz mal düşýär" diýýär. Onda Hüjeste bu ýagdaýa geň galyp, ol wakany gürrüň bermegini totydan talap edýär. Ol wagtda toty hekaýasyny aýtmaga başlaýar.

Gadym zamanda bir hoş-surat we akylly oglan öz şäherinden çykyp Babyl şäherine gidipdir. Bu ýigit bir gün bir bagda gezip ýörkä ol baga şol ýurduň patyşasynyň gyzy hem seýil etmäge gelýär. Gezip ýörkäler ýigitdir gyz bir-birine

gabat gelýär-de, aşyk bolýarlar. Soňra gyz öýlerine barýar. Oglan hem öz öýüne dolanyp baryp bimar bolýar. Bularyň ikisi-de näme etjeklerini bilmeýärler.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň ýigit bir jadygöýüňkä baryp, onuň hyzmatyny edip başlaýar. Ýigidiň hakyny alman jadygöýe hyzmat etmegi uzaga çekýär. Onuň üçin jadygöý bir gün oglana:

–Eger sen menden bir zady isleýän bolsaň, men ony saňa bereýin. Her näme hem gerek bolsa, menden çigit ýalyjak-da ýaşyrmagyn – diýýär. Oglan hem jadygöýe öz maksadyny doly mälim edýär. Onda ol: "Menden tylla dilärmikäň öýtdüm adamlary bir-biri bilen tapyşdyrmakda hiç bir kynlyk ýok" diýýär-de, bir hat ýazýar. Soňra ony ýigide berip: "Şu haty eger erkek adam agzynda saklasa we her kim ony görse, aýaldyr güman eder. Eger-de aýal agzynda saklasa we her kim ony görse erkekdir güman eder” diýýär.

Şol günüň ertesi jadygöý özüni jadygöýlük bilen oglan sypatyna salýar. Ýaňky ýigit hem hälki haty agzynda saklap aýal sypatyna geçýär. Şonluk bilen ikisi tirkeşip patyşanyň ýanyna barýarlar. Jadygöý patyşa: „”Bir oglum bardy. Ol diwana bolup, ymgyr çöle tutdyryp gidipdir. Bu duran hem onuň aýaly. Şol oglumy tapyp gelýänçäm bu aýaly öýüňde saklaýsaň diýip geldim" diýýär.

Patyşa onuň sözüni kabul edip ol "aýaly" öz gyzynyň ýanynda goýýar. Jadygöý bolsa ol ýerden yzyna çykyp gidýär. Şonluk bilen hem jadygöý hälki oglany patyşanyň gyzy-magşugynyň ýanyna ýetirýär. Öýlerine täze ýoldaş myhman gelen gyz bolsa, ol "aýala" köp mähribanlyk edýär.

Aradan bir-iki gün geçenden soň ýigit patyşanyň gyzyna: "Näme üçin gün-günden reňki-roýuň barha saralyp barýar. Özüň bolsa örän owadan we ýaraşykly gyz" diýip, öz maksadyna ýetmegiň küýüne düşýär. Emma ol gyz syryny ol aşygy ýigitden ýaşyrmakçy bolup, açyk bir zat diýmeýär. Oglan bu ýagdaýa düşünip: "Meniň göwnüme sen aşyk bolupsyň. Syryňy ýaşyrman we hiç bir zady pynhan saklaman, maňa aýtsaň, özüň üçin ýagşy bolar. Belkem seniň bu ýagdaýyň çäresini taparyn" diýýär.

Ýigidiň bu sözünden soň gyz hemme ahwalyny oglana birin-birin aýdýar. Ýigit:

–Şol oglany şu wagt görseň tanarmysyň?– diýýär. Gyz:

–Hökman tanaryn diýip, jogap berýär.

Ýigit bada haty agzyndan çykarýar. Gyz onuň öz aşyk ýigididigini tanaýar.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň patyşanyň gyzy bilen aşygy maslahatlaşyp şeýle netijä gelýärler: "Bu ýerden gidip, başga bir ýurtda mekan tutmagymyz gerek we öz göwnümiziň isleýşi ýaly edip ýaşasak ýagşy bolar".

Bu pikiri ýigitdir gyzyň ikisi hem makul bilýär. Onuň üçin hem patyşanyň gyzy, ýolda-yzda hor-zar bolmazlary we bütin ömürlerinde horluk garasyny görmän, hemişe aýşy-eşretde bol -elinlikde ýaşamaklary üçin zerur boljak her dürli gymmatbaha daşlary: zer, göwher, altyn we şulara meňzeş gymmatlyklary mümkin boldugyça köpräk toplamakçy bolýar.

Gyz öz hazynasyndaky baýlyklardan daşgyn atasynyň hazynasyndan-da gymmatbaha daşlary bir gije ogurlap, öz ýaşaýan jaýyna getirýär. Toplan baýlyklaryny we her tüýsli ýüpek parçalaryny we tirme şallaryny dört sany ullakan gaba salyp pugta ykjamlaýar. Bir gün gijäniň ýarymyndan soň iki sany zor, ýyndam, üstüne müneniňde we çökende-turanda hem ýörände jyňkyny çykarmaýan ýelmaýany öz jaýynyň alkymyna köçe tarapdan getirip, jaýyň kölegesinde çökerýär. Bulary çökerip goýmak bilen, öňürti iki adamlyk iň gowy haly düşeklerini ýelmaýalaryň howutlarynyň üstünde ýerleşdirýärler. Soňra her haýsynyň üstüne iki taý gymmatbaha zatlaryny ýükläp, ýüküň üstünde hem iki adamlyk iň gymmatbaha we gowy ýorgan-ýassyklary ornaşykly berkidip, her haýsysy bir ýelmaýa münýär.

Şeýlelikde, asyrynlyk bilen, ýigit öňde we gyz yzynda ýelmaýalary haýdap şäherden çykyp başlaýarlar. Il ýatyp, it uklandan soň, ýola düşüp ugranlary üçin bularyň gidenini hiç kim duýmaýar. Şol sebäpli şol gijäniň ertiri hem bularyň ýokdugyny hiç kim bilmeýär.

Ýigitdir gyz şäherden çykyp, ýelmaýalaryny ýüzin saldyryp, bir gije-gündizde bu patyşanyň ýurdundan, başga bir patyşanyň ýurduna geçýärler. Şonluk bilen bu patyşanyň ulurak şäherleriniň birinde ornaşyp we özlerine laýyk jaý, mülk edinýärler. Olar hiç kimden gypynç etmän, öz islegleri boýunça ýaşap, hemişe

eşretde döwran sürýärler. Şol aralykda gyzyň kakasy gyzynyň we myhmanynyň ýokdyklaryny bilýär-de, çar tarapa atly baryny ýollaýar. Her näçe agtarsalar-da olardan gördüm-bildim bolmaýar. Üstesine patyşa hazynasyndan örän kän gymmat daşlaryň, zer we jöwherleriň alnandygyny, şeýle hem iki sany gowy ýelmaýanyň-da ýokdugyny bilýärler. Şunluk bilen hem patyşanyň gyzynyň hut özüniň bu zatlary alyp, ýanynda goýlan "aýal" bilen gaçyp gidendigini takyklanýar. Onuň üçin-de patyşa gyzynyň beýle etmegine diňe haýran galmakdan başga alaç tapmaýar we eziz perzendiniň özüne şeýle uly ýamanlyk edenine namys edip içine urup galýar, sögünýär. „"Seni men ynjytdymmy hä? Sen gyzym, gyzjagazym meni uly ile ryswa eder ýaly. Ogurlap gaçmanymça ataň senden baýlygyny gysganjakmydy? Onuň üçin bagt tapmarsyň, çynymy aýdýaryn.

Toty hem sözüni ahyrlap bu hekaýasyny gutarýar we Hüjestä ýüzlenip: "Haýal etme, derrew tur-da islegliň ýanyna git!" diýýär. Hüjeste hem aşygynyň ýanyna gitmekçi bolup, howlukmaçlyk bilen daşary çykýar. Bir görse, horazlar gygyryşyp, daň atypdyr we namazholar howlynyň içinde elleri kündükli haýdaşyp ýörler. Şol sebäpli hem Hüjeste bu gije-de ol ýigidiň ýanyna gidip bilmeýär. Onuň üçin Hüjeste näalaç bolup bu gije hem ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI DÖRDÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşyp, garaňky düşen wagtynda, Hüjeste şol bir düzgün boýunça, aşygynyň ýanyna gitmäge rugsat almak üçin totynyň ýanyna gelip: "Meniň maksadym aşygymyň ýanyna barmak, ilki onuň aklyny synamak we ony akylly hasap etsem, onuň bilen soňra dostluk açmakdyr. Bardy-geldi akylsyz bolaýsa, onda bu işe sabyr etmekdir" diýýär.

Toty Hüjesteden bu sözleri eşidip: "Eý gözel Hüjeste! Seniň bu aýdan sözleriň örän dogry. Onuň üçin hem bu gije ýaryň ýanyna gidip, bir hekaýany oňa aýtmagyň we oňa birnäçe sowal bermegiň gerek. Eger, göwnejaý jogap beräýse, onda ony akylly bil. Eger-de bimany jogap beräýse hem ony akmak hasap etmegiň zerur" diýýär. Onda Hüjeste: "Näzeýilli hekaýa esaslanyp sowal bermeli bolar?" diýip totydan soraýar. Toty Hüjestäniň bu sözlerine jogap bermek üçin, hekaýasyny aýtmaga başlaýar.

Babyl şäheriniň patyşasynyň ogly bir gün buthana barýar. Buthanada ýüzi edil on dördi gijäniň aýy ýaly ýalkym salyp duran owadan hem bütin bedeni örän ýaraşykly bir gyzy görýär-de, oňa tüýs ýürekden aşyk bolýar. Aşyk bolmak bilen hem butuň aýagyna başyny goýup, her tüýsli şertler edip: "Şu gyz maňa nesip etse, men başymy saňa gurban ederin" diýýär. Şol maksat bilen hem patyşanyň ogly, ol gyzyň atasynyň ýanyna öz sawçysyny iberýär. Sawçy baryp patyşanyň oglunyň islegini gyzyň atasyna oňat düşündirip aýdýar we onuň kabul etmegini haýyş edýär. Gyzyň atasy ýigidiň sawçysynyň sözüni kabul edýär we kowumlarynyň dessury hem resimi boýunça uly şadyýanlyk bilen aýratyn dabaraly we kän märekeli toý tutup, gyzyny şazadaga nikalap berýär.

Şonluk bilen bu iki aşyk-magşuk bir-birine gowuşýar.

Aradan birnäçe wagt geçenden soň gyzyň atasy giýewsi şazadany öz öýüne çagyrýar. Şazada ýanyna gelnini alyp çagyrylan ýere ugraýar. Bular bilen birlikde şazadanyň ýürekdeş hemrasy molla hem gidýär. Gaýyn öýüne gidip barýarkalar gyza ilki aşyk bolan wagtynda buthanadaky butlara beren wadasyna wepaly bolmak gerek diýen pikir şazadanyň kalbyna galyp bolýar. Şunluk bilen hem şazada butuň ýanynda eden wadasyna ýalançy bolmagy özüne kemislik bilýär-de, buthana girip we butuň aýagynyň ýanynda çök düşüp, päkisi bilen öz başyny kesip taşlaýar.

Bir az salymdan soň molla: "Muňa näme boldy? Näme üçin beýle kän eglendi, gelmedi diýýär-de, buthana girýär. Bir görse, şazadanyň başy kesilip göwresi bilen kellesiniň her haýsysy bir ýerde çaşyşyp ýatyr. Bu ýagdaýy gören mollanyň bedeninde galpyldy peýda bolýar. Birdenem mollanyň göwnüne: "Şeýle ýagdaýdan soň diri galsam men öldürendir diýen betgümançylyk bolýar. Beýle betgümançylyk nähak hem bolsa, meniň üçin ullakan betbagtçylykdyr. Onuň üçin meniň hem butuň aýagynyň ýanynda çök düşüp, başymy kesip ölüp galmagym gerek" diýen pikir gelýär. şol pikir hem düşünje bilen bu hem butuň aýagynyň ýanynda çök düşüp, öz başyny kesip ölüp galýar.

Aradan ep-ýesli wagt geçýär. Bularyň hiç birisi buthanadan çykyp, gaýdyp gelmeýär. Şol zerarly şazadanyň gelni hem ullakan iňkise gidip ýanyndakylara

näme bolanyny bilmek üçin buthana girýär. Girmek bilen hem ärini we mollany başlary kesilgi hem göwreleri läş bolup ýatan halda görýär. Ol hem: "Bu nä betbagtçylyk, betnamçylyk we uly il içinde masgaraçylyk? Bularyň yzynda galyp ýaşamakdan, şeýle betnamçylyga galmakdan ölmek ýagşy" diýýär-de, bu hem öz başyny kesip taşlamakçy bolýar. Şol halatda buthananyň içinden: "Eý, gelip aýal! Ol läşleriň başlaryny ýerli-ýerine goýuşdyr, olar direlerler" diýen owaz eşidilýär.

Şazadanyň gelni şeýle owazy eşidenine tükeniksiz begenip, howlukmaçlyk bilen ýalňyşyp äriniň başyny mollanyň göwresine we mollanyň başyny äriniň göwresine ýelmeýär. Soňra olaryň ikisi hem direlýär we asgyryşyp ýerlerinden turýarlar. Aýak üstüne galmak bilen olaryň ikisi hem geň galşyp biri-biriniň ýzne seredişýärler. Gelin pahyr mollanyň başyny äriniň göwresine we erkegiň başyny mollanyň göwresine goýanyny bilip, beter aljyraýar, ondan ötiri olaryň haýsysysyny saýlajagyny bilmeýär.

Toty bu hekaýany aýdyp gutarýar we Hüjestä ýüzlenip: "Sen öz ýigidiň akylyny synajak bolsaň, derrew onuň ýanyna bar-da, iki sany göwräniň haýsy degişlidigini ondan soraş we beren jogabyny maňa aýt" diýýär. Onda Hüjeste totadan: "Ol gelniň haýsy birine degişlidigini şazadadan öňürti özümiň bilmegim zerur. Onuň üçin hem seniň maňa aýtmagyň gerek" diýýär. Toty: "ol gelin äriniň başy nirde bolsa şoňa degişlidir. Çünki adamynyň başy akylyň öýi we beýleki agzalaryň hemmesiniň serdarlarydyr" diýýär.

Şonluk bilen Hüjeste bu hekaýany doly eşidýär-de, howlukmaçlyk bilen ýigidiň ýanyna gitmekçi bolýar. Bir görse, daň atypdyr. Şol sebäpli bu sapar hem wadasyna ýalançy bolup, ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI BÄŞINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşyp garaňky düşen wagtynda Hüjeste totynyň ýanyna baryp: "Ýigidiň ýanyna barsam ol „”Näme üçin şu çaka çenli gelmediň. Meni şunça intizar edip garaşdyrdyň. Heý-de, şeýle masgaraçylyk we rehimsizlik bolarmy?” diýse, näme bahana tapjagymy bilmeýärin" diýýär. Onda toty: "Eý Hüjeste! Beýle pikiri endişe etme, çünki aýallar bahana tapmaga örän ökdedirler we jogabyny örän çalt bererler. Men aýallaryň bahana tapyşlaryny we jogap berişlerini örän kän eşitdim.

Bu zeýilli zada üns berýän bolsaň, onda gadym zamanda bir aýalyň äriniň öňünde bahana tapyşyny we haýýarlyk edişini saňa aýdyp bereýin" diýýär.

Hüjeste ol hekaýat bilen gyzygandan, toty ony aýdyp başlaýar.

Gadym zamanda bir adam öz aýalyna pul berýär, aýaly hem şeker alyp gelmek üçin bazara gidýär. Bazarda ol bir bakgalyň dükanyna barýar. Bu bakgal aýalyň ýüzüni görýär-de, oňa maýyl bolýar. Ol aýal şeker alyp ony gyňajynyň bir ujuna düwýär. Bakgal birnäçe şelaýyn sözleri aýdyp, öz maksadyny oňa duýdurýar. Emma aýal onuň gaýtargysyny berýär, ýöne bakgal ony ýüzüne alman, ol aýaly öýüne alyp gidýär. Aýalyň ujy şekerli gyňajy dükanda galýar. Bakgalyň şägirdi aýalyň gyňajynyň ujundaky şekeri emaý bilen alyp, onuň ýerine gum düwýär.

Aýal bakgalyň ýanyndan çykyp, ujy düşünçekli gyňajyny göterip, ärine eltip berýär. Äri pakyr düwünçegi çözüp görse, içinde gumdan başga zat ýok. Ol aýalyndan: "Men seni şeker alyp gelmek üçin iberdim welin, sen gum getiripsiň. Bu näboluş?” diýip, soranda aýaly oňa: "Öýden çykyp barýarkam bir öküz meni kowalap başlady. Ondan gaçyp barýarkam büdüräp erbet ýykyldym we elimdäki pullar pytrap gitdi. Men bolsam töweregimden çar tarapa geçişip barýan märekäniň arasynda masgara bolup çöpläp oturmajak bolup, pullara derek gumlary gyňajyma düwüp, alyp geldim. Galyberse-de, öküzden gorkyma aljyrap, şol ýykylan ýerimde näme edenimi hem bilmeýärin" diýip, jogap berýär.

Äri pakyr göwnüne hiç bir betgümanlyk getirmän, aýalynyň ýüzüni-başyny sypap öpýär-de, pul şol ýerde galanam bolsa zyýany ýok, çünki gumyny gyňajyňa düwüp alyp gelipsiň!" diýýär. Aýal adamsynyň bu bolşuna gynanyp we eden işine öýnden çykyp gidýär.

Toty bu hekaýasyny hem tamam edýär we Hüjestä: "Indi sen ýigidiň ýanyna bar. Eger ol senden dilgir bolaýsa, elbetde sen hem ýatkeşsiň, ýerlikli jogap taparsyň we ony öz jogabyň bilen kanagatlandyrarsyň" diýýär.

Hüjeste totynyň gürrüňlerinden kanagatlanyp, oturan ýerinden turýar-da, aşygynyň ýanyna gitmekçi bolýar. Şol wagtyň özünde bir görse daň atypdyr we

işine jür adamlaryň hemmesi aýak üstünde. Şol sebäpli Hüjeste wadaly ýerine gitmäge bu gije hem ýetişmän, goýbolsun edip, ol ýene ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI ALTYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşdy, garaňky düşdi we aý dogup, garaňky gijäni ýagtyltdy. Aýny şol wagtyň özünde Hüjeste hem ýatan ýerinden turup we ýüzüni turşudyp, totynyň ýanyna bardy. Barmak bilen hem ol: "Öňki zamanyň akylly adamlary, bihaýa aýal, beýleki aýallaryň ählisinden has ýamandyr" diýipdirler. Men indi ol bigäne adamyň ýanyna gitmän, sabyr edip öz öýümde otursam diýýärin" diýdi. Onda toty: "Eý Hüjeste! Seniň aýdýanlaryň dogry welin, eger sabyr etseň, seniň hem halyň öňde bir patyşanyňky ýaly bolarmyka diýip gorkýaryn" diýýär. Bu sözi eşiden Hüjeste: "Ol patyşa sabyr edip, näme ýamanlyk görüpdir, aýdyp ber" diýýär. Toty bu sapar hem Hüjestäni güýmemekçi bolup, hekaýasyna başlaýar.

Gadym zamanda bir şäherde uly döwletli, aty we pili örän kän bir söwdagär bar eken. Onuň çenden zyýada owadan we örän ýaraşykly gyzy bolupdyr. Ol gyzyň ady-owazasy her bir şäherlere ýetipdir. Bezirgenler we söwdagärler gyza aşyk bolup bu şähere her näçe kän gelip gitseler-de, ol gyzyň atasy hiç razy bolmaýar eken. Gyzy hiç bir kemsiz ýetişip we edep-terbiýe alandan, akyly goýalşandan soň, bir gün söwdagär ol ýurduň patyşasyna: "Meniň bir gyzym bar, gözellikde suraty aýa meňzeş, sözlände sözi bilbiliňkä meňzeş. Aňrujy kabul etseňiz ol size laýykdyr. Şonluk bilen hem il içinde meniň gadyrym artar" diýen mazmunly hat ýazyp iberýär.

Patyşa bu haty okap görýär we örän hoşal bolup, öz ýanyndan: "Her kim ýagşy bolsa, rysgaly alnyna gelýär" diýen pikire gidýär. Şonluk bilen ol özüniň dört sany wezirini ýanyna çagyryp: "Pylan söwdagäriň öýüne baryň we onuň gyzyny bir kemsiz synlap görüň. Eger maňa laýyk bolsa, guda bolup gaýdyň" diýýär.

Wezirler we söwdagärlere barýarlar we onuň gyzynyň syratyny gören batlaryna biri-birinden beter huşuny giderip, aňk bolup galýarlar. Özlerine gelenlerinden soň, öz aralarynda maslahatlaşyp: "Eger patyşamyz bu zeýilli owadan gyzy görse, ylaýta-da oňa öýlense, hökman diwana ýaly bolar, gije-gündiz

onuň gül ýüzüne serederde ýanyndan aýrylmaz, ýurda düýbünden üns bermez we şol sebäpli, ýurtda işleriň hemmesi bökdenip we weýran bolup galar. Onuň üçin-de biz gaýdyp baryp agzybirlik bilen dilleşip: "Gyz owadan däl, size mynasyp hem däl. Onuň ýaly gyz dergähiňde hem kän diýip aýdalyň" diýişýärler.

Bu maslahata wezirleriň hemmesi razy bolýarlar we yzlaryna gaýdyp gelip, patyşa ýokardaky pikirlerini aýdýarlar. Patyşa hem hiç bir oýlanman: "Eger siziň aýdyşyňyz ýaly bolsa, onda ol gyz maňa gerek däl" diýýär. Söwdagäre hem "patyşa siziň gyzyňyza öýlenmäge razy däl" diýip, jogap berýärler.

Patyşa tarapyndan şeýle jogap eşidenden soň söwdagär öz ýanyndan örän müýnli we patyşadan kineli bolup, gyzyny derrew uly toý tutup, şol şäheriň gurbaşysyna goşunbaşy nikalap berýär.

Aradan esli wagt geçenden soň, atasynyň sözüni ýykany üçin içinde kine saklap ýören, özüne göwni ýetýän namysjaň gyz her niçik-de bolsa amatyny tapyp, patyşa bolmanda bir görünmegi göwnüne düwýär: "Ol kimden ýüz öwürenini bir bilsin”. Şol günleriň birisinde patyşa gurbaşynyň öýüne tarap sowulýar. Gurbaşynyň aýaly muny bada görýär-de, özüne timar berip, balahana çykýar. Patyşa bada ony görýär. Görýär-de, derrew onuň kimiň gyzydygyny we kimiň gelnidigini bilýär. Gelniň gözel keşbi patyşanyň aklyny haýran edýär. Bada oňa aşyk bolup derrew yzyna gaýdyp gelýär. Gaýdyp gelmek bilen wezirlerini ýanyna çagyryp: "Näme üçin ýalan sözlediňiz? Gyzyň gözelligini, jemalyny bolşy ýaly edip aýtmadyňyz, ýamanladyňyz, saňa nämynasyp diýdiňiz?" diýýär. Onda wezirleri günälerini boýunlaryna alyp: „”Biz öz aramyzda maslahatlaşyp: "Patyşamyz bu gyzy görse we bardy-geldi oňa öýlense, onda ýurdy unudar. Aýalynyň gözelligine maýyl bolup hemişe onuň ýanynda wagtyny geçirer. Onuň üçin hem agzybirlik bilen mynasyp däl diýip aýdaly" diýen netijä geldik" diýip, jogap berýärler.

Wezirleriniň eden maslahatyny patyşa hem makul görýär. Her niçikde bolsa, patyşa ol aýalyň yşkyndan bimar bolýar. Şol sebäpli ol ýurduň adamlary dil birikdirip, ol aýaly gurbaşydan patyşanyň talap etmegini, razy bolmasa hem zorluk bilen almagyny maslahat bilip, bu pikirlerini patyşa hem aýdýarlar. Onda patyşa:

"Men bu ýurduň patyşasy bolup, beýle masgaraçylyga ýol bermerin, çünki beýle iş etmek akylsyzlyk we patyşaga nälaýyk we ynsapsyzlyk bolar" diýip, jogap berýär. Bolsa-da patyşa ol aýalyň gamyny we gussasyny çekip, wagtal-wagtal ullakan ah urar eken. Ahyrda hem şol aýalyň gussasyndan reňki-roýy saralyp we tükeniksiz kesele uçrap ölýär.

Toty bu sözleri aýdyp, hekaýasyny tamam edýär. Soňra ol Hüjestä ýüzlenip: "Seniň halyň aýalyňka däl, patyşanyňka meňzeýär. Onuň üçin hem haýal etme-de, derrew aşygyň ýanyna bar" diýýär. Hüjeste hem ýaňky hekaýadan soň totynyň sözüni makul bilip, howlukmaçlyk bilen şazadanyň ýanyna ugramakçy bolýar. Bir görse, horazlar daňyň atandygyny habar berşip gygyryşýarlar we Hüjestäniň ýola çykyp gitmegine mümkinçilik bolmaýar. Şol zerarly Hüjeste bu gije hem näalaç bolup wadasynda tapylman ýatyp galýar.

## ÝIGRIMI ÝeDINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem gün ýaşyp garaňky düşen wagtynda Hüjeste süýji ukudan turup, aşygynyň ýanyna rugsat almak üçin ýarym-ýaş bolup, totynyň ýanyna barýar. Tota "Bir garyp adam bir tüçjar baý adamynyň ýanyna baryp: "Men mekgä gitjek" diýende, ol tüçjar baý: "Gideniň gowy, bar git" diýýär. Onda ol garyp: "Mende zat ýok, gurbym ýetmeýär" diýende tüçjar gysgançlyk edip "Gitmäge zadyň bolmasa, mekgä gitmek hem saňa rowa we hajat däl. Hudaý müflise, garyba haç buýurmandyr" diýýär. Onda ol garyp "Men siziň ýanyňyza ýol harjylyk, birnäçe altyn beriň diýmäge gelipdim welin, sen maňa gury söz aýdýarsyň" diýipdir. Şol garybyň boluşy ýaly, men hem seniň ýanyňa aşygymyň ýanyna barmaga rugsat dilemek üçin hata etmän, her gije gelýärin welin, sen hekaýat aýtmak we gury öwüt-nesihat etmek bilen meniň ýolumy baglaýarsyň. Men seniň ýanyňa hekaýat diňlemäge gelmän, aşygymyň ýanyna rugsat dilemäge gelýärin. Ony özüň hem açyk bilýärsiň" diýýär. Toty Hüjestäniň bu sözlerini eşidýär-de: "Meniň gürrüňlerimden we öwüt-nesihatlarymdan göwnüňe hiç zat getirme. Çünki nesihatçylaryň öwütleri iki jahanda hem peýdalydyr. Onuň üçin-de meniň öwütlerimden saňa zyýan ýetjek gümany ýokdur" diýýär. Onda Hüjeste: "Seniň aýdýan hekaýalaryňy ahyryna çenli hemişe diňleýärin we berýän öwüt-

nesihatlaryňa hem gulak asýaryn. Emma bu gije aýratyn garaňky, onuň üçin hem bir özüm gitmäge gorkup öz ýanym bilen ýoldaş alyp gitmekçi bolýaryn. Özüň bilýärsiň aýal diýeniň ejiz oňa bolýar we ýolda-yzda her tüýsli päliazanyň sataşmagy mümkin" diýýär.

Toty bu sözlerden söň Hüjestä ýüzlenip: "Her niçik-de bolsa her bir zady saňa aýtmak meniň borjum. Şeýle bolsa-da, sen meniň hekaýalarym we öwüt-nesihatlarym zerarly menden öýkeli we dilgir ýaly bolup sözleýärsiň. Onsoňam seniň bu zeýilli işde özüňe ýoldaş edinjek bolmagyň akyla laýyk gelýän zat däl. Beýle ýagdaýda nähili adam bilen ýoldaş bolmalydygyňy küýzegär baradaky hekaýany eşiden bolsaň açyk bilerdiň" diýýär. Onda Hüjeste totydan: "Küýzegär baradaky hekaýa nähili? Ony hem maňa aýdyp ber!" diýýär.

Toty küýzegär baradaky hekaýaty aýtmaga başlaýar:

Gadym zamanda bir küýzegär köp meý içip, gaty serhoş bolupdyr. Entirekläp ýörkä küýzedir humlaryň üstüne ýykylyp, ýüz-gözüni we endamyny ýaralapdyr. Aradan birnäçe wagt geçenden soň ýaralary ýagşy bolupdyr. Küýzegäriň ýaşaýan şäherinde bir gahatlyk bolýar-da, küýzegär güzeran dolamak üçin başga ýurda çykyp gidýär. Ol ýurda barmak bilen hem talabançylyk agtaryp gezýär. Bu ýurduň patyşasy küýzegäriň ýüzündäki ýara ýerleri görüp, ony aýratyn batyr we gaýduwsyz edermen adamdyr hasap edip, nökerlige kabul edýär. Şonuň bilen birlikde muny beýleki nökerlerden hatyralyrak saklaýar.

Aradan esli wagt geçenden soň başga bir ýurduň patyşasy bilen uruşmakçy bolýar. Şol sebäpli hem bu ýurduň patyşasy hälki küýzegäri leşgerine serdar edip duşmanynyň garşysyna ibermekçi bolýar. Küýzegär bu ýagdaýdan gaty gorkýar we örän tukat bolup, patyşanyň ýanyna barýar-da: "Meniň asly kärim küýzegärçilik, men uruşda goşuna düýbünden serenjam berip bilmerin. Onuň üçin-de meni leşger serdarlygyndan boşadyň" diýip, haýyş edýär.

Patyşa küýzegäriň boýun almasyna hem özüniň ýalňyşyna ökünýär-de, ony serdarlykdan aýryp, ýerine başga birini serdar edipdir" diýip, toty bu hekaýany hem tamam edýär. Muny tamam etmek bilen hem ol Hüjestä: "Seniň bir özüň gitmegiň amatly we akyla laýyk" diýýär. Hüjeste diňe bir özi aşygynyň ýanyna

gitmeklige razy bolup, howlugyp ýerinden turýar. Emma bir görse, eýýäm daň atypdyr, horazlar hem gygyryşyp başlapdyr. Şol sebäpli hem Hüjeste bu gije hem ýigidiň ýanyna gitmän galmaly bolýar.

## ÝIGRIMI SEKIZINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişeki ýaly gün ýaşýar, garaňky düşýär welin, Hüjeste bu gezek has çynyny edip erkek adamynyň geýimlerini geýip, rugsat dilemek üçin, totynyň ýanyna barýar. Toty Hüjestäniň bu boluşyny görüp ulydan gülýär we: "Bu gije has garaňky. Erkek adamynyň geýimlerini geýip gelmegiň we hyzmatkäriňi ýoldaş edinmegiň örän ýagşy. Ýaşlykdan bile ýaşaşyp gelen tüýs ýürekdeş bir toty dostum bardy. Ol bu gün uçup barýarka meni kapasada görüp ýanyma geldi we bir az gürrüňdeş bolup otyrdy. Ol hem meniň geçen gijeki saňa aýdyp beren hekaýama meňzeşräk, emma has gyzyklyrak bir hekaýa aýdyp berdi. Onuň aýdan hekaýasyndaky waka men özüm hem gaty geň galdym" diýýär.

Hüjeste: "Ol nähili geň galar ýaly hekaýat, ony hem maňa aýdyp ber" diýip, totydan haýyş edýär.

Toty hekaýany aýtmaga başlaýar.

Gadym bir geçen zamanda ymgyr çöl-beýabanda bir şir öz maşgalasy bilen ýaşaýar eken. Munuň maşgalasynda bir aýaly we iki sany çagasy bolupdyr. Maşagalasyny eklemek üçin aw-awlamaga şiriň diňe bir özi gider ekeni. Günlerde bir gün aw-awlamak üçin düzlüge çykýar. Şunluk bilen seňkilläp düzlükde her näçe gezse hem hiç bir zat gabat gelmeýär. Ahyryn ýadaýar, ajygýar we suwsaýar. Onuň üçin hem näalaç bolup, boşja öz öýüne tarap gaýdýar. Gaýdyp gelýärkä şagalyň bir topar ýaşajyk çagalarynyň üstünden gelýär. Şir olaryň birini öýüne getirýär-de öz aýalyna berýär: "Şu günki gabat gelen aw diňe şu boldy. Muny hem iýmegi meniň keşdim çekmeýär. Her niçik-de bolsa, men-ä birki gün açlyga çydaryn welin, sen kanagat edip bilmersiň. Onuň üçin sen muny özüň şu wagt iý, soňuny hem görersiň-dä, belkem bir amatly zat gabat geläýedi-dä!" diýýär. Onda aýaly ärine "Sen dözümli hem birehim. Onuň üçin ýene hem sen saklanyp bilmän bujagaz çagany iýersiň. Meniň iki sany ýaşajyk çagam bar we meniň ýüregim seniňkiden rehimlidir. Eger razy bolsaň, bujagaz ýetim çagany hem men öz

çagajyklarym bilen birlikde eklärin we terbiýelärin" diýýär. Muňa äri hem razy bolýar.

Şondan soň şiriň çagalary şagalyň çagasyny öz uly agalary hökmünde görmäge başlaýarlar. Çagalaryň hemmesi hem bir ýerde oýnar we bir ýerde iýip-içer ekenler. Olar gün-günden ulalyp başlapdyrlar.

Aradan ep-ýesli wagt geçenden soň bularyň üçüsi hem tirkeşip şikäre gidýärler we şol barmana bir pile gabat gelýärler. Şiriň çagalary pile hüjüm edip topulýarlar welin, şagalyň çagasy yzyna gaçýar-da, bir agajyň düýbüne baryp bukulýar. Şiriň çagalary hem agalarynyň gaçanyny we agajyň düýbünde bukulanyny görüp we yzlaryna gaçyp onuň ýanyna barýarlar. Bir sagat geçenden soň bu çagalaryň hemmesi-de tirkeşip öýlerine gaýdyp gelýärler. Şiriň çagalary öz görüp-eşidenlerini enelerine aýdýarlar. Onda eneleri: "Ol şagal çagasydyr. Onda batyrlyk nireden bolsun. Onuň ýaly wakalarda şagalyň çagasynyň başarjak zady bolmaz" diýýär.

Toty bu hekaýany hem tamam edýär. Muny tamam etmek bilen ol: "Indi berin haýal etme-de derrew öz söýgüliň ýanyna bar" diýip, Hüjestä ýüzlenýär. Hüjeste wadaly ýerine gitmekçi bolýar. Bir görse, daň atypdyr we horazlar gygyryşýarlar. Bu ýagdaý Hüjestäniň bu sapar hem gitmän galmagyna sebäp bolýar.

## ÝIGRIMI DOKUZYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün hemişeki boluşy ýaly ýaşdy, garaňky düşdi we aý hem dogup gijäni ýagtyltdy. Şol wagtyň özünde Hüjeste gözüni ýaşdan dolduryp totynyň ýanyna geldi-de: "Yşkyň odundan ýüregim kebap bolupdyr. Her tüýsli hem bolsa, bu gije aşygymyň ýanyna bararyn!" diýýär.

Toty, Hüjestäni bu gün şazadanyň ýanyna has gidermen hasap edýär we şol sebäpli öz ýanyndan "hökman gider" diýip, endişe edýär. Soňra ol: "Eý Hüjeste! Seniň ol ýigidiň ýanyna basymrak barmagyňy men hem dileýärin we her gije hem saňa rugsat berýärin. Ýöne, seniň özüň haýal deprenýärsiň. Seniň bagtyň nätüýslidigini anyklap bilmeýärin. Derrew tur-da onuň ýanyna ugra! Emma welin her bir zatda ägä bol, duşmanyňy ökde tanamagyň we oňa ynanmazlygyň gerek.

Eger akmak bolsaň ol seni heläk eder. Gadym zamanda bir emir öz duşmanyna rehim we dözmezçilik edip, özi tas duşmanynyň elinden heläk bolan ekeni" diýýär.

Hüjeste bu sözi eşidýär-de, ýene hem durup bilmän: "Ol emiriň hekaýasy näzeýilli aýdyp ber" diýýär.

Toty hekaýany aýtmaga başlaýar.

Gadym zamanda bir emir bir gün ymgyr çöle şikäre çykýar. Gidip barýarka bir uly gara ýylan gaçyp, onuň ýanyna gelýär-de: "Yzymdan duşmanym kowalap gelýär, meni ondan gizlemeseň, ol meni hökman öldürer. Onuň üçin hem meni gizlener ýaly et, haýyş edýärin" diýýär.

Emir ol ýylana rehim edip, ony öz ýeňiniň içinde gizleýär. Az salymdan soň eli taýakly bir adam bu ýere ylgap gelýär-de: "Gaçyp gelýän bir ýylan görmediňizmi? Edil şu ýere gelende onuň yzyny ýitirdim we hiç tapyp bilmeýärin" diýip, hälki emirden soraýar. Emir hem: "Ýok, men görmedim" diýip jogap berýär. Ol adam daş-töweregini her näçe garanjaklasa-da, ýylanyň özüni-de, yzyny-da tapman gynanyp öz ugruna gidýär. Soňra ol emir, ýylana: "Duşmanyň gitdi, senem indi çyk-da öz ugruňa git" diýýär. Emma hälki rehim edilen gara ýylan: "Sen örän akmak adam ekeniň. Meniň saňa duşmandygymy bilmeýärmiň! Indi men seni çakyp öldürmän gitmerin" diýip–jogap berýär. Ol wagt emir oňa: "Men saňa ýamanlyk etmedim, gaýtam ýagşylyk etdim. Ýagşylyk edene ýamanlyk etmäge neneň gözüň gyýjak?" diýende ýylan: "Gadym zamanyň akyllylary, ýagşylygy öň ýetene etmeli däl, kime etmelidigini bilmeli we ony bilmeseň ýagşylyga ýamanlygyň bolmagy mümkin” diýipdirler. Indi men hem özümiň duşmandygymy we ýagşylyga ýamanlygyň bolýandygyny saňa görkezjek!" diýýär.

Emir, ýylandan bu sözleri eşidip, gaty gorkýar we eden işine puşman edip: „”Çakdyrman mundan nädip gutularkam we muny ýeňimiň içinden niçik çykaryp bilerkäm?” diýip, tükeniksiz endişe edýär. Şunluk bilen hem ol ýeňini içindäki ýylana ýüzlenip: "Meniň ýanyma ýene bir ýylan geldi. Ikimiziň aramyzdaky bolan gürrüňi oňa aýdaly we ol haýsymyzyňkyny makul bilse, ikimiz hem şoňa boýun bolaly" diýýär welin, hälki ýylan başyny yzyna öwrüp geldi diýilýän ýylany görjek

bolup garanjaklanda emir amatyny tapýar-da ony ýeňinden silkip gagaryp bada aýagy bilen kellesini mynjyradyp öldürip taşlaýar".

Hüjeste bu hekaýany doly eşidip, tota: "Seniň nesihatlaryň hemmesini kabul edýärin. Hekaýany hem eşitdim welin, meniň senden häzirki haýyşym–maňa ýigidiň ýanyna gitmäge hoşluk bilen rugsat bermegiňdir" diýýär. Onda toty oňa: "Eglenme-de aşygyň ýanyna derrew ýet. Meniň hoşlugym seniň şat ýaşamagyňdyr" diýende Hüjeste oturan ýerinden çusluk bilen gygyrap turýar we ýola düşüp ugraýar. Aýny şol wagtyň özünde hem daň atyp, horazlar gygyryşýar we käbir adamlar öz işleri üçin köçä çykyp başlaýar. Ol sebäpli Hüjeste edil elindäkini aldyran ýaly bolup we allaniçiksi tasanjyrap öýüne gaýdyp gelýär. gelmek bilen hem üsti-üstüne ah çekip ýatyp galýar.

## OTUZYNJY GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem adatdaky ýaly, gündiz geçip gün ýaşdy, garaňky düşdi we ýyldyzlar patraşyp çykdy. Şol wagt Hüjeste hem özüne kemsiz timar berip, gözlerine sürme çekip we ýagşy lybaslaryny geýip, şazadanyň ýanyna gitmek üçin rugsat dilemek maksady bilen totynyň ýanyna gelip niýetini mälim edýär. Toty: "Men saňa hemişe hem rugsat berýärin. Ýöne meniň nesihatymy ýadyňda pugta sakla we syryňy hiç kime aýtma! Bolmasa seniň hem syryň zergäriňki ýaly paş bolar. Şonluk bilen hem il masgarasy bolarsyň" diýýär. Hüjeste totynyň bu sözlerini eşidýär-de: "Zergäriň syry nädip paş bolupdyr, aýdyp ber" diýýär.

Toty ol hekaýany hem aýtmaga başlaýar.

Öň zamanda bir şäherde bir zergär bolupdyr. Onuň döwleti örän kän bolupdyr. Bir sypahy ony özüne ýürekdeş dost hasap eder eken. Ol sypahy bir gün bir tarapa gidip barýarka, içi doly halta tapýar. Açyp görse, onuň içindäkiniň hemmesi altyn diýýär, sanasa iki ýüz elli eşrepi bolupdyr. Sypahy muňa begenýär-de, tapan bir halta altynyny saklamak üçin dosty zergäre eltip berýär. Ol begenjinden ýyryş-ýyryş edip: "Muny ýaňy gelýärkäm tapdym, indi meniň hem bagtym açyldy" diýip, dostuna buşlaýar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň hälki sypahy dosty zergäriň ýanyna gelip goýan bir halta tyllasyny soraýar. Onda zergär: "Ol nämäň tyllasy? Ýalan

sözläniňde agzyňam gyşaranok, haçan sen maňa tylla berdiň. Sen baryp ýatan töhmetçi ekeniň. Men bolsa seni özüme ýürekdeş dost hasap edip ýördüm, gaty ýalňyşan ekenim. Sen maňa dost bolman duşman ekeniň! Utanman, menden nähak ýerden şeýle kän altyn aljak bolýarsyň! Maňa beýle töhmetçil dost gerek däl. Töhmet bilen menden tylla alyp bilmersiň! Seniň aldajak, gorkuzjak adamyň bu ýerde ýok" diýýär.

Sypahy näme etjegini bilmeýär-de, derrew kazynyň ýanyna barýar we bu işiň boluşyny bolşy ýaly kaza mälim edip, arz edýär. Emma zergär boýnuna almaýar we kaza "güwä ýok" diýýär. Her niçik hem bolsa kazy öz ýanyndan: "Zergär tüýs imansyz we örän ogry. Onuň alanlygyna we gaýdyp bermeýänligine şek-şübhe ýokdur" diýip, zergäri we onuň aýalyny ýene öz ýanyna getirýär.

Kazy bolan işiň hakykatyny her näçe çynlakaý sorasa-da, olar hiç boýun almaýarlar. Onda kazy zergäre: „”Onuň altynly haltasyny seniň alanlygyňy men açyk bilýärin. Hiç bir zorluk görmezden sen ony derrew eýesine gaýdyp ber. Bermeseň janyňy jähenneme ibererin!” diýip gorkuzýar. Zergär onda-da boýun almaýar. Kazy soňra içki jaýyna girýär-de, iki sany diňçi we synçy adamyny bir ullakan sandygyň içinde ýerleşdirýär. Soňra zergäri we onuň aýalyny hem şol jaýa salyp, jaýyň gapysyny gulplaýar-da: "Ertire çenli akyllanyň" diýýär.

Zergäriň aýaly, gijäniň ýarymynda ärinden: "Sypahynyň tyllaly haltasyny alan we nire gizlän bolsaň maňa aýt" diýýär. Onda äri: "Dogry ony aldym we pylan ýerde gömüp goýdum" diýip, düşnükli edip aýdýar. Onuň sözüni hem sandykdakylar birkemsiz eşidýär.

Ol günüň ertesi gün dogup, asmana galandan soň kazy ilki zergäri aýaly bilen, soň hem sandykdaky öz iki adamyny sorag jaýyna getirýär. Bulary getirip ýüzleşdirýär-de, kazy öz adamlaryndan: "Geçen gije näme görüp eşitdiňiz?" diýip, soraýar. Olar, zergäriň öz aýaly bilen eden gürrüňini ýüzlerine basýarlar. Soňra kazynyň adamlary gidip zergäriň özüniň görkezmegi bilen onuň gömen ýerinden sypahynyň içi altynly haltasyny çykaryp, alyp gelýärler. Şonluk bilen, kazy ol altynly haltany eýesi sypaha berýär we zergäri dara çekip çekýär.

Toty hem bu hekaýany tamam edip, Hüjestä: "Eger zergär öz syryny aýalyna aýtmadyk bolsa, onda onuň syryny hiç kim eşitmezdi we bilinmezdi". Ýöne zergär etmişine görä jezasyny hem aldy diýýär. Ýene ol: "Sen säginme derrew ýigidiň ýanyna bar" diýýär.

Hüjeste hem wadaly ýerine ugramakçy bolýar. Bir görse, horazlar gygyryşyp başlapdyr. Onuň üçin hem Hüjeste bu gije hem gidip bilmän, aşygyna ýene ýalançy bolýar.

## OTUZ BIRINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşdy, garaňky düşdi, ýyldyzlar patraşyp çykdy we aý hem dogup garaňky gijäni ýagtyltdy. Şol wagt Hüjeste her dürli gymmatbaha lybaslaryny geýip, özüne gowy timar berip we iýip hem içip, aşygynyň ýanyna gitmäge rugsat almak üçin totynyň ýanyna geldi-de: "Ýigidimiň ýanyna bu gün gije ýarymdan agandan soň gitjek. Onýança bir gysgajyk hekaýat aýdyp ber" diýýär.

Toty hekaýany aýtmaga başlaýar.

Bir şäherde döwletli uly ile meşhur bir söwdagär bolupdyr. Onuň asla perzendi ýok ekeni. Ýaşy hem bir çene baran ekeni. Bir gün ol tükeniksiz iňkise gidip oýlanyp: Döwletim her näçe kän bolsa-da mende perzent ýok. Ölenimden soň meniň döwletime kim eýe boljak? Hemmeden ýagşysy-ölmäkäm döwletimiň hemmesini derwüşlere, ýetimlere berişdireýin diýýär-de, döwletiniň hemmesini Hudaýýoly aýdýar. Şol gijäniň özünde ol düýşünde bir adamy görüp, ol munuň soragyna: "Men seniň bagtyň suratydyryn. Sen döwletiň hemmesini derwüşlere berip, özüň üçin hiç bir zat saklamadyň. Ertir men seniň ýanyňa molla sypatynda bolup bararyn welin, sen meniň başyma taýak bilen urgun. Soňra men taýaga çydaman ýere ýykylaryn we altyn bolaryn" diýýär.

Ertir ir bilen ol söwdagärlere bir molla gelýär. Söwdagär taýak alýar-da hälki mollanyň kellesine urýar. Molla bolsa urga ýere ýykylýar-da altyna öwrülýär. Ol söwdagär ýanyndaky derwüşe bir rupiýa pul berip: "Bu wakany hiç kime aýtmagyn" diýýär. Ol derwüşiň göwnüne "mollanyň başyna taýak bilen ursaň ol ýere ýykylyp altyn bolýar" diýen düşünje girýär. Onuň üçin hem ol öz öýüne barýar-da, tapan mollalarynyň hemmesini myhmançylyga çagyrýar. Olary

hormatlap oňat naharlaýar. Soňra eline ullakan taýak alyp hemmesiniň kellesine bar güýji bilen ýelmäp başlaýar. Mollalaryň kellesi ýarylyp, gan joralanyp akyp başlaýar. Emma biri hem ýere ýykylyp altyn bolmaýar. Bularyň galmagalyna goňşylarynyň bary üýşýär we ol derwüşi häkimiň ýanyna idirdedip äkidýärler. Ol ýerde derwüşiň boluşyny-bolşy ýaly doly aýdýarlar. Ol hem häkimiň soragyna: "Pylan gün ir bilen pylan söwdagäriň öýüne bardym. Şol halatda onuňka bir molla hem geldi. Hälki söwdagär eline ullakan taýak alyp, eliniň bar güýji bilen mollanyň kellesine urup ýere ýykdy. Ol molla ýere ýykyldy we özünden gitdi-de, bütin durşuna altyna öwrüldi. Men hem ol söwdagäriň edişi ýaly edip, tükeniksiz altynyň eýesi bolmak maksady bilen mollalary öýüme üýşürdim-de kellelerine urup başladym. Emma her näçe ursam-da, bularyň hiç birisi altyn bolmady. Gaýtam başlary ganap ullakan galmagal turuzdylar we meni il masgarasy etdiler" diýip jogap berýär.

Häkim dergazap bolýar-da, hälki söwdagäri çagyryp getirdýär we bu wakany aýdyp: "Sen molla ýençdiňmi we ol molla ýere ýykylyp altyn boldumy?" diýip, soraýar. Söwdagär hem: "Ýok beýle zat meniň görüp-eşiden zadym däl. Belkem, hiç kim hem başyna ýenjilende mollanyň altyn bolanyny gören däldir. Bu adam köp wagtdan bäri meniň hyzmatymda bolýardy, akyly üýtgedi we birnäçe günden bäri diwana boldy, däliredi" diýip jogap berýär.

Häkim söwdagäriň sözüni makul bilip, beýlekini kowup goýberýär.

Toty bu hekaýany tamam edýär we Hüjestä: "Haýal etme, basymjak ýeriňden tur-da, derrew islegliň ýanyna bar" diýýär. Hüjeste hasyr-husur ýerinden turup, şazadanyň ýanyna ugramakçy bolýar. Edil şol wagtyň özünde hem daňyň atmagy we horazlaryň gygyryşmagy, oňa köçä çykmaga ýol bermeýär. Şonluk bilen Hüjeste wadasyna ýalançy bolup bu sapar hem galýar.

## OTUZ IKINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşyp, garaňky düşen wagtynda Hüjeste totynyň ýanyna baryp aşygynyň ýanyna gitmäge rugsat diledi. Toty hem: "Eý bikäm! Şat bol, hiç pikir etmegin men seniň maksadyňa ýetmegiň tarapdary. Seni aşygyňa gowşuraryn" diýýär. Onda Hüjeste: "Eý toty! Sen meniň tarapdarym bolsaň hem edip bilýän işimiz ýok.

Bagtymyzyň beýle çuň laýa batanlygyna men düşünmeýärin" diýýär. Toty: "Eý Hüjeste! Bir gurbakganyň, bir arynyň we bir sany uzyn tumşuk guşuň iň güýçli haýwan pili öldürişlerini eşitmänmidiň? Diňe agzybirlik bilen işe ýapyşyp, maksada ýetip bolar" diýýär. Ol wagtda Hüjeste: "Piliň öldürilişiniň wakasyny gürrüň bersene, ol nähili bolupdyr" diýip, soraýar.

Toty bu hekaýany aýtmaga başlaýar.

Gadym zamanda bir şäherde çadyra meňzeş läheň bir agaç bolupdyr. Ol agajyň üstünde ullakan bir guş mesgen edinip çaga çykarmak üçin ýumurtga taşlapdyr. Bir gün bir pil ol ýere gelýär. Pil gelip bar güýji bilen ol agaja süýkenip, guşuň ýumurtgasyny agajyň üstünden ýere gaçyrýar. Ýumurtgasynyň ýere gaçyp çym-pytrak bolmagyna gyýnanyp guş ol şahadan ol şaha uçup we gonup, özüniň her ýan tarapa urýar. Emma hiç bir ýerde özüne rahatlyk tapmaýar. Ol ejiz bolandan soň kast eden piliň garşysyna hiç bir zat edip bilmeýär. Dagy hiç bir alaç tapman guş, bu duşmany diňe hile bilen ýok etmek bolar diýen netijä gelýär. Emma ol hiläni hem bir özi başarmaýar, şonuň üçin-de ol ýürekdeş dosty bolan tumşugy uzyn guşuň ýanyna baryp bolan işi aýdýar-da: "Pilden meniň arymy alyp ber, şonluk bilen dostlugyňy berjaý et" diýýär.

Tumşugy uzyn guş bir entek pikirlenýär-de: "Pil örän ägirt jandardyr. Onuň garşysyna iş etmek örän hatarlydyr. Golaýda ary diýilýän örän akylly we edermen dostum bar. Onuň ýanyna gideýinde, şonuň ýolbaşçylygy bilen işläli" diýýär.

Şol maslahat bilen ikisi hem arynyň ýanyna baryp öz maksatlaryny aýdýarlar. Ary hem: "Bu iş aňsat iş däl. Muny köpüň maslahaty we kömegi bilen etmeli" diýýär we: "Şu golaýda meniň aýratyn pähimli gurbakga dostum bar. Şonuň ýanyna baralyň we şonuň maslahaty bilen işe başlalyň. Ýogsa biziň başaran işimiz bolmaz" diýýär.

Üçüsi üç ýerden tirkeşip gurbakganyň üstüne barýarlar we wakany düşündirip, onuň pilden ar alyp bermegini haýyş edýärler.

Gurbakga ýumurtgalaryň döwülenine köp gynanyp: "Hatyryňyzy jem tutup hile bilen ne gözel dagy hem peseltmek bolar. Pili ýok etmek üçin ary piliň gulagynyň alkymynda üznüksiz ses etsin. Pil şeýle ýagdaýda mes bolup başlar.

Aýny şol wagt uzyn tumşuk guş uzyn çüňki bilen piliň iki gözüni oýsun-da, ýagty jahany oňa garaňky etsin. Şonda pil basymjak suwsar. Meniň sesimi tanaýandyr we hemişe suwly ýerde ýaşaýanlygymy ol bilýändir. Şonuň üçin hem men onuň golaýyna baryp warryklap başlaryn. Şonda ol meniň sesimi diňläp suwa ýetjek bolup, maňa tarap ugrar. Men hem barha ymgyr çöle tutdyryp garaňkylyga gidip, gaýdyp çykyp bilmez ýaly çuň we dar çukura ýykaryn. Şonluk bilen-de pil çukuryň içinde her ýan tarapa urup, horlanyp we her näçe gygyrsa hem sesini hiç kim eşitmän, öler we läşi mör-möjeklere iýmit bolup galar" diýýär.

Bu maslahaty bu dostlaryň hemmesi-de gaty makul bilýär. Ahyrda hem şu hiläni basymjak we doly peýdalanyp, pili ýok etmegiň hötdesinden gelýärler we arlaryny alyp hiç birkemsiz rahatlanýarlar.

Toty hekaýany tamam edýär. Tamam etmek bilen hem ol Hüjestä: "Gördüňmi? Iki-üç sany iň owunjak jandar iň güýçli pili hile bilen horlap öldürdiler. Ikimiz hem maslahaty we güýjümizi birikdirip, seniň bu işiň hötdesinden geleris. Häzir bolsa derrew tur-da, aşygyň ýanyna git" diýýär. Hüjeste hem oturan ýerinden turýar-da, gitmekçi bolýar, emma horazlaryň sesini eşidýär-de we daňyň atanyny görüp, gidip bilmän ýene ýatyp galýar.

## OTUZ ÜÇÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu sapar hem gün ýaşdy, garaňky düşdi, aý dogup garaňky gijäni ýagtyltdy. Aýny şol wagtyň özünde Hüjeste aladaly totynyň ýanyna geldi-de: "Meniň eşidişime görä, bir adam aýratyn akylly ulamalaryň birisinden: "Yşk näme?" diýip, soranda, ol muňa "Yşk-ölüm!" diýip, jogap beripdir. Dirilikde indi bu yşk meniň halymy harap edipdir, şol zerarly hem men yşkyň adyny tutmagy terk etmek isleýärin!" diýýär. Onda toty: "Aşyk magşuksyz niçik durmuş bolýar. Eger aýal ärsiz ýaşap bilýän bolsa, onda Melike ärsiz ýaşardy. Ol birnäçe ýyl ärsiz ýaşan bolsa-da ahyr bir äre barypdyr" diýýär. Hüjeste gyzygyp: "Ol nätüýsli hekaýa? Ony maňa aýdyp ber" diýýär.

Toty hekaýa başlaýar.

Öňkileriň aýtmaklaryna görä, öň bir wagtda Hytaý patyşasynyň bir akyldar weziri bolupdyr. Patyşa ukuda ýatan wagty, ir bilen hälki akylly weziri Melike

hakynda maslahat etmek üçin gelip, ony süýji ukudan turuzýar. Patyşa süýji ukydan turýar-da, gylyjyny gynyndan çykaryp, eli syrma gylyçly hälki wezirini kowalap başlaýar. Wezir hem aýak aldygyna gaçyp, ahyr başga bir adamyň öýüne girip gizlenmekçi bolýar. Emma patyşa hem sypdyrman, baryp onuň ýakasyndan tutýar, donuny ýyrtýar we aýylganç galmagal edip başlaýar.

Patyşanyň galmagalyny eşidenleriň hemmesi ol ýere üýüşýärler. Üýşen adamlar: "Saňa näme boldy? Bu boluş seniň adyňa laýyk däl" diýenlerinde patyşa olara: "Düýşümde bir jaý göründi we ol jaýyň içinde hiç wagt we hiç ýerde görülmedik owadan we bütin bedeni çenden zyýat ýaraşykly aýaly gördüm. Şol wagt bu wezir meni süýji ukydan turuzdy" diýýär.

Soňra patyşa ol aýaly dilinden düşürmeýär. Patyşanyň aýratyn ökde suratçy ýene bir weziri bardy. Bu wezir ol aýalyň suratyny edil aýdylyşy ýaly edip çeken ekeni.

Bu weziriň soňky günlerde bar pişesi ol aýalyň suratyny her gün şa ýoluna alyp gidip, uzak ýerden gelýän ýolagçylaryň hemmesine görkezmek hem "Suratdaky aýaly gören, bilen barmy?” diýip, soraşyp ýörmek bolupdyr.

Wezir şol gatnap sorag edip ýörşüne, ahyrym bir gün ýol bilen geçip barýan bir adam aýaly tanaýandygyny aýdypdyr. Ol: "Bu surat Melike Rumyň suratydyr. Ol şeýle owadan we ýaraşykly bolsa hem, şu çaka çenli är diýilýän zadyň adyny tutman we ony küýsemän ýaşap ýör" diýip, jogap berýär. Ol adam weziriň: "Ärsiz ýaşan ýörmeginiň sebäbini bilýärmiň?" diýen sowalyna: "Melike bir gün balahanasynda daş-töweregine syn edip otyrka, onuň bagyny ot alyp başlaýar. Ol bagda agajyň üstünde bir tawus öz mesgeninde ýumurtga taşlapdyr. Şol barmana bu agaç hem ýanyp başlaýar. Oduň ýalyny tawusyň mesgenine çabraýar. Aýal-erkek tawuslaryň ikisi hem aljyrap, çar tarapa urunyp başlaýarlar. Ahyrym erkek tawus ýalynyň yssysyna çydaman oduň daşyna gaçyp çykýar. Emma onuň aýaly öz basyran ýumurtgalarynyň üstünde perwazlap, ahyrym hem şol oduň içinde ýanyp galýar. Melike öz oturan ýerinden ol tawuslaryň boluşlaryny görýär we şol günden bäri: "Är diýilýän zadyň biwepadygyny öz gözüm bilen gördüm. Är diýilýän zadyň adyny tutmaryn, asla agzyma almaryn" diýip äht edýär.

Hakykatdan hem şondan bäri pylança ýyl geçipdir welin, eden ähtine wepaly bolup gelýär. Ýöne Melikä gözellikde, ýaraşyklylykda dünýäde taý ýokdur diýýär.

Ol nagyşçy wezir syýahatçynyň sözlerini eşidip, derrew şanyň ýanyna barýar. Barmak bilen hem onuň düýşünde gören-ýeşiden zatlarynyň hemmesiniň habaryny oňa mälim edýär.

Bu habar, patyşany çenden zyýada şatlandyrýar. Şeýle ullakan begenmek bilen ol: "Rum tarapyna bir adam ibereli. Baryp, Melikä meniň üçin söz aýtdyrsyn" diýeninde, hälki wezir: "Hergiz äre barmaryn, är biwepa bolýar diýip, öz-özüne äht edipdir" diýip, jogap berýär.

Patyşa wezirinden: "Beýle şerti etmek bilen Melikäniň maksady nämekä?" diýip soraýar. Wezir hem özüniň syýahatçydan eşidenlerini patyşa aýdýar.

Patyşa: :"Ol beýle äht eden bolsa, indi näme etmek bolar?" diýeninde, hälki wezir: "Buýursaňyz, men onuň şäherine gideýin we tärini tapyp siziň suratyňyzy we sizi düýşünde görüp aşyk bolup, siziň yşkyňyzda işdäden kesilip bikarar hassa diýip aýdaýyn" diýýär.

Patyşa hem weziriniň bu pikirini gaty makul bilýär.

Şonluk bilen hem wezir ýol enjamyny tutup Rum tarapyna ugraýar.

Ol ýurda barmak bilen hem öz hünäri bolan suratçylyk işini dowam etdirip başlaýar. Munuň ökde suratçylygy şäher halkynyň hemmesine we Melikä äşgär bolýar.

Melike munuň ökde suratçylygynyň tarypyny eşidýär-de: "Ol suratçyny getiriň, meniň jaýymy we eýwanymy özüniň başarýan iň gowy nagyşlaryny çekip hiç birkemsiz owadanlasyn" diýip, ýakyn adamlaryna buýurýar.

Wezir Melikäniň öýüne gelip, öňi bilen onuň eýwanynyň içinde öz patyşasynyň suratyny we her tüýsli haýwanlaryň suratyny aýratyn bir köşküň içinde nagyşlap çekýär.

Melike bu suratlary görýär-de: "Bu kimiň suraty we beýle ýaraşykly köşk haýsy ýurtda?" diýip, soraýar. Onda wezir: "Bu Pagpur Çynyň suraty, bu köşk we onuň töweregindäki her dürli jandarlar, keýikler hem onuňkydyr. Pogpur patyşa bir gün öz balahanasynda töweregine syn edip otyrka, bir keýigiň guzlap ýatanyny,

derýadan suw agyp, sil üstüni basar hala ýetende çagalaryny taşlap gaçyşyny we onuň äriniň çagalarynyň ýanynda galyp olar bilen birlikde suwa gark boluşyny görüpdir. Şol ýagdaýy görmek bilen hem aýal diýilýän zady ärine we çagalaryna wepasyz hasap edip, şu çaka çenli aýal küýsemän we aýal adyny hem tutman ýaşap gelýär" diýýär.

Melike bu sözleri suratçydan eşidýär-de: Pagpuryň kyssasy hem meniň kyssama meňzeş ekeni. Men tawusyň äriniň biwepalygyny görüp är diýilýän zady terk eden bolsam, Pagpur weli urkaçy keýigiň birehimligini, doňýürekliligini görüp aýal diýilýän zady terk edipdir. Düşünjämiziň şeýle meňzeşligi bilen ol ikimiziň aramyzda nika bolan bolsa has hem ýagşy bolardy" diýýär we şonluk bilen özüniň Pagpur patyşa aşyk bolandygyny äşgär edýär.

Şeýlelikde Melike işi uzaklaşdyrman, ol günüň ertesi Pagpur patyşa ilçi ýollap, onuň bilen nikalaşmaga razydygyny bildirýär.

Toty bu hekaýany şu ýerine çenlisini aýdyp bes edýär we Hüjestä: "Eý gözel bikäm! Sen hem dymyp oturma-da derrew aşygyň ýanyna bar" diýýär.

Hüjeste ýigidiň ýanyna gitmekçi bolup howluksa-da, daň atanlygy üçin, bu gije hem gitmän ýatyp galmaga mejbur bolýar.

## OTUZ DÖRDÜNJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Gün ýaşdy, garaňky düşdi, az salymdan soň aý dogup we garaňky gijäni ýagtyltdy. Şol wagtyň özünde Hüjeste hem rugsat dilemek üçin totynyň ýanyna bardy we: "Eý meniň söhbetdeş totym! Könelerden eşidişime görä, Omar halypa gije we gündiz ýatman wagt geçirer ekeni. Oňa: "Näme üçin hiç wagt ýatman, uklaman çydap bilýärsiň?" diýilende, ol: "Gije uklasam, Hudanyň ybadatyny ýerine ýetirip biljek däl we gündiz uklasam hem raýat harap boljak. Ine, şu zatlar sebäpli gije-de-gündiz-de uklamaýaryn" diýipmiş. Men hem aşygyma göwün bersem, är elden gidermikä we ärime wepaly bolsam aşygym bilen aramyza sowuklyk düşermikä diýip, gorkýaryn. Onuň üçin näme etjegimi bilmeýärin" diýýär.

Onda toty: "Eý, Hüjeste! Her bir zadyň öz wagty bolar, kadasy bolar bir eşegiň kesekiniň bagynda otlap ýörkä, öz mesligine çydaman, aňňyryşy ýaly

bolaýmasyn" diýip, jogap berýär. Onda Hüjeste: "Ol nätüýsli hekaýat, hany ony hem eşideli" diýýär.

Toty hekaýany aýtmaga başlaýar.

Öňkileriň aýtmaklaryna görä, bir eşek bilen bir gulan gaty dost ekenler. Bularyň ikisi-de iň gowy otluk ýerde otlap gezer ekenler. Ýylyň ýaz paslynda oňat gülälekli sonar otlukda otlap ýörkäler bir gije eşek öz mesligine çydaman we gorkyny-ürküni ýadyndan çykaryp: "Gije içi müşk ysly gür bagyň içinde ýakymly aýdym aýtsaň bagyň içi has hem ýaraşykly bolar" diýip, bogazyna sygdygyndan aňňyrypdyr. Şol pursat onuň dosty gulan: "Eý dostum! Sen özüň nirde we kimiň bagynda ot otlap ýöreniňe üns berýärmiň? Seniň bu ýerde aňňyrmaň düýbünden bolanok. Ikimiz häzir ogrularyň boluşy ýaly başganyň bagynda gaçgak bolup ýörüs. Ogurlyk edip ýöreniňi ýadyňdan çykarma-da, bu zeýilli ýerde aňňyrmagyňy bes et. Bardy-geldi gulak asmak aňňyraýsaň, bu bagyň bagbany we golaýymyzdaky jaýyň eýesi duýup, derrew geläge-de ikimizi hem tutup daňar. Sen bilýärmiň, öň bir zamanda birnäçe ogry bir döwletli adamynyň öýüniň dulundaky doly küýze şerabyny alyp meýdana çykarypdyr. Olar ol ýerde oturyp: "Entek ogurlyk ederden ir, goý, il ýatyp, itler uklasyn, soňra biziň baranymyzy, gelenimizi hiç kim duýmaz. Oňa çenli bolsa küýzäniň içindäkini gutaralyň, jyňkydalyp diýýärler. Bu maslahaty ogrularyň hemmesi makul bilýär. Kän içip, mes bolup bögürşip, ogrudyklaryny ýatlaryndan çykaryp, ile ryswa boljakdyklary olaryň hiç biriniň samsyk kellesine gelmeýär.

Netijede, ogrular hälki bir küýze şeraby içip gutarýarlar, mes bolýarlar we bogazlaryna sygdygyndan gygyrşyp başlaýarlar. Bularyň galmagalyna töwerekdäki ýaşaýanlar çozuşyp gelýärler we bularyň ogrudyklaryny tanap, hälki küýzäniň eýesiniň ýolbaşçylygy bilen hemmesini bir-birine daňyşdyryp, soňra il masgarasy edipdirler. Biziň hem şular ýaly bolmagymyz mümkin. Onuň üçin-de öz heddiňi bilmek gerek" diýipdir. Gulanyň bu aýdan sözleri we getiren mysallary eşege çigit ýaljak hem täsir etmändir. Tersine: "Gulan, sen çölde önüp-ösen, aýdymyň gadyryny näbilýärsiň? Saňa aýdym aýt diýýän ýok" diýýär-de, meslikden bogazyna sygdygyndan gygyryp, birnäçe gezek üsti-üstüne aňňyrýar. Ol ýerdäki

jaýyň eýesi hem bagban ylgaşyp gulanyňdyr-eşegiň gelip ikisini hem urup-urup daňýarlar.

Toty bu hekaýany tamam edýär we Hüjestä: „”Her bir zadyň öz wagtyny, ýagdaýyny bilmek gerek. Bolmasa ýokardakylaryň boluşlary ýaly, il masgarasy bolmak hiç kime hem daş däldir. Häzir bolsa basymjak tur-da, aşygyň ýanyna bar we köşeş" diýýär.

Totynyň şeýle diýmegi bilen Hüjeste ýigidiniň ýanyna haýdap gitmekçi bolýar. Bir görse, ýene daň atypdyr we horazlar gygyryşyp başlapdyr. Şol zerarly hem Hüjeste bu gije-de gidip bilmän ýatyp galýar.

## OTUZ BÄŞINJI GIJÄNIŇ HEKAÝaSY

Bu gün hem hemişeki boluşy ýaly gün ýaşdy, garaňky düşdi, aý dogup, garaňky gijäni ýagtyltdy. Edil şeýle wagtyň özünde Hüjeste hem totynyň ýanyna geldi. Gelmek bilen hem ol: "Eý toty! Näçe gijeden bäri aşygymyň ýanyna gitmek maksady bilen seniň ýanyňa gelýärin welin, seniň hekaýatlaryň zerarly mydama ýetip bilmän, hemişe wadama ýalançy bolup galýaryn. Meniň ýarama öňküden zyýat duz sepme. Basymjak rugsat ber, men hem isleglimiň ýanyna baraýyn we myradyma ýeteýin!" diýýär.

Toty onuň igençli sözlerini eşidip: "Eý bikäm! Her tüýsli hem bolsa, sen bu gije özüňi dostuň ýanyna ýetir, ýogsam köp gepläp sen hem Kaýsaryň gyzynyň syryny ile mälim edişi ýaly, ahmal bolaýmagyn" diýýär.

Onda Hüjeste: "Ol gyzyň syry nätüýsli? Ol nädip ile paş bolupdyr, ony hem eşideli" diýip, haýyş edýär.

Toty hekaýany aýtmaga başlaýar.

Geçen bir zamanda bir patyşa bolupdyr. Onuň ýurdy Rum welaýatyna ýakyn eken. Bir gün onuň weziri patyşa "Rum patyşasynyň on dördi gijäniň aýy ýaly owadan bir gyzy bar. Ol gyz tüýs size mynasyp. Aňrujy alyp bolsa, oňa siziň öýlenmegiňiz gerek" diýýär.

Patyşa hem weziriniň sözüni makul bilip, ol gyzyň atasynyň ýanyna öz sawçysyny iberýär. Gyzyň kakasy kabul etmeýär. Onuň üçin-de patyşanyň sawçysy yzyna boş gaýdyp gelýär. Isleginiň kabul edilmänligine patyşanyň gahary

gelýär we kän leşger toplap gyzyň atasynyň üstüne hüjüm edýär we onuň ýurdunyň bir entek ýerini harap edip, barha üstüne sürünýär.

Ahyryn gyzyň atasy ejizläp, gyzyny ol patyşa berýär. Bermek bilen hem ol gyzyna: "Öňki äriňden galan ogluňy bu äriňe hiç wagt görkezmegin" diýip, tabşyrýar.

Bu gyz patyşanyň öýüne gelenden beýläk oglunyň aýralygy sebäpli hemişe gamgyn ýaşaýar. Emma ol ahyr bir bahana tapyp, ogluny getirdip, ony gizlemän, patyşa aýtmak islýär. Emma uzak wagt geçýär. Bu maksadyna ýetip bilmeýär.

Bir gün patyşa aýalyna içi jöwahyrdan doly enaýy sandyk bagyşlaýar. Şonda aýaly: "Atamyň ýanynda bir gullukçy bardy. Eger ol bu ýerde bolan bolsa jöwahyryň ýagşy-ýamanyny aýdardy" diýýär. Onda äri: "Ony islesek, ataň bize berermi?" diýeninde aýaly: "Ýok bermez. Çünki atam ony öz ogly hökmünde terbiýeläp saklaýar. Emma hökman getirmekçi bolsazaňyz, onda bir söwdagäri oňa öz nyşanymy berip we pugta wada edip, atamyň üstüne ibereýin". Ondan soň belkem goýberer" diýýär.

Şeýlelikde, patyşa bir bezirgeni mal-gara bilen gurnap gaýyn atasynyň üstüne ýokardaky maksat üçin iberýär. Aýaly hem ol söwdagäre: "Oglan gullukçy däldir, meniň öz oglumdyr. Başga bir sebäp bilen patyşa gullukçy diýip aýtdym. Onuň üçin-de ony gullukçy hökmünde saklamaň” diýýär.

Söwdagär ol oglany patyşanyň huzuryna getirýär. Patyşama ol oglany halap onuň gelmegine gaty begenýär. Onuň üçin hem ony getiren söwdagäre örän kän halat-serpaý berýär. Oglanyň enesi hem uzakdan bularyň boluşlaryny görýär we amanlyk-saglyk soraşyşlaryna öz ýanyndan gaty guwanýar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň, patyşa şikäre çykyp gidýär. Patyşanyň aýaly ogluny öz öýüne çagyryp, onuň ýüzünden gözünden öpýär we başyndan geçen gamly günleri oňa aýdýar. Bu ýagdaýdan derwezeban habardar bolup, olaryň boluşlaryna betgümançylyk edýär.

Patyşa şikardan gaýdyp gelýär. Derwezebandan: "Näme görüp, näme eşitdiň?" diýip, soraşanda, derwezeban öz görenlerini birme-bir aýdýar.

Patyşa derwezebanyň sözüni eşidip dergazap bolýar we göwnüne müňkürlik gidip: "Bu aýal mekirlik bilen keseki adamy köşke çagyrypdyr" diýip, derrew hareminiň içine girýär.

Aýaly gijeki ahwalyň eýýäm patyşa mälim edilenligini aňýar-da, özüniň parasatly we mylaýymlylygy bilen ärine: "Saňa näme boldy, näme beýle tukat?" diýýär. Içi ot patyşa: "Mekirlik bilen öz aşygyňy bu ýere getirip, onuň bilen wagtyňy hoş geçirip, indem meniň keýpimi soraýarmyň?" diýip, aýalyna azgyrylýar. Emma ýene hem ony aşyk bolup alany üçin, gahary-gazabyny ol oglandan çykarmakçy bolýar. Ol özüniň ýakyn adamlarynyň birini çagyryp: "Bu oglany alyp git-de, derrew başyny kesip taşla!" diýýär. Ol adam bu oglany alyp çykýar-da: "Sen onuň patyşanyň aýalydygyny bilmediňmi we näme üçin onuň öýüne girdiň?" diýip, soraýar.

Onda ol oglan: "Men ol aýalyň hut öz ogly. Onuň öňki ärinden galan oglydyryn. Patyşadan utanjyma men muny oňa aýtmaýardym. Meni öldürmek ýa-da öldürmezlik indi seniň ygtyýaryňda halanyňy et. Emma ýagdaý şeýledir" diýip, tüýs ýürekden jogap berýär.

Ol adamyň bu oglana rehimi inýär-de ony öldürmeýär. Gaýtam oňa mähribanlyk edýär. Soňra ol: "Belkem, bu syr patyşama mälim bolsa we ol menden bu oglany islese, ol wagt giç bolar. Iň ýagşysy oglany birnäçe günläp öldürmän saklaýyn" diýýär-de öldürmeýär. Soňra ol şol günüň ertesi patyşanyň ýanyna baryp: "Ol oglany öldürdim" diýýär.

Patyşa ol oglanyň öldürilmegi bilen tukatlykdan açylsa-da, aýalyna ynamy galmaýar. Bu ýagdaýa aýaly haýran galyp: "Oglum öldürildi özümiňem ärimiň ýanynda abraýym ýok" diýip, gussa çekip başlaýar.

Köşkde bir garry kempir ýaşaýardy. Ol bir gün patyşanyň aýalynyň ýanyna baryp: "Sen näme üçin beýle tukat?" diýip, soraýar. Patyşanyň aýaly bolan wakalaryň hemmesini oňa gürrüň berýär-de aglaýar. Ol kempir bu wakany eşidýär-de: "Sen tukat bolma, bir hile tapyp, patyşany senden razy bolar ýaly ederin" diýýär.

Patyşanyň aýaly kempirden bu hoş söz eşidip: "Eý ene! Meniň bu derdime dowa et. Men seniň etegiňi we jübüňi jöwahyrdan dolduraryn" diýip, birneme giňeýär.

Ol kempir bir gün tapyp  amatly pursat patyşanyň ýanyna gelip: "Patyşamyz siz bu günler näme üçin beýle gamgyn görünýäňiz? Gamgynlyk patyşa adyna laýyk zat däldir" diýýär. Onda patyşa:

–Eý ene! Meniň bir derdim bar, ony hemme adama aýdyp ýörmek bolmaýar. Meniň aýalym bir guly mekirlik bilen Rumdan çagyryp getirdi. Bu oňa aşyk ekeni. Men ol guly öldürtdim. Onda hem göwnüm aýalymdan razy däl, muny hem öldüräýsem diýip, içimi gepledip ýörün– diýip jogap berýär.

Kempir patyşadan bu sözleri eşidýär-de: "Bir zadyň anygyna ýetmän, beýle ýowuz iş etmek adyňa laýyk gelmez. Mende bir tumar bar. Aýalyň süýji uka giden wagtynda ony göwsüniň üstünde goýsaň, bu wakanyň takygyny aýalyň düýşünde edil oýalygyndaky ýaly birme-bir aýdar. Ine, şunluk bilen-de bu işiň anygyna ýetersiň" diýip, patyşa aýdýar we patyşanyň talap etmegi boýunça, tumaryny wagtlaýynça oňa berýär.

Şonuň bilen birlikde kempir ýene patyşanyň aýalynyň ýanyna baryp: "Gije ýatanyňyzdan soň, patyşa göwsüň üstünde tumar goýsa, sen süýji uka giden kişi bol-da, düýşürgän bolup, hakykaty oňa birin-birin bolşy ýaly aýt" diýip çykyp gidýär.

Gün ýaşýar, garaňky düşýär patyşa hem aýaly bilen ýatýar. Gijäniň köpi geçenden soň, aýaly edil süýji uka giden ýaly bolup sarsman ýatýar. Şol wagtyň özünde patyşa hälki kempirden alan tumaryny aýalynyň göwsüniň üstünde goýýarda, gulak salýar.

Sähelçe salymdan soň aýaly hem basyrganan kişi bolup, öňki äriniň we oglunyň kyssasyny birin-birin aýdyşdyrýar. Patyşa aýalynyň aýdanlaryny eşidýär-de, onuň ýüzünden-gözünden we saçyndan öpüşdirip, aýalyny oýaryp: "Bu zatlary näme üçin maňa öň wagtynda aýtmadyň!" diýýär. Onda aýaly: "Aýtmaga ejap etdim, aýdyp bilmedim" diýip, aýdanyndan hem oguljygyny ýatlap, aglap jogap berýär.

Patyşa şol wagtyň özünde ol oglanyň başyny kesmäge iberen adamsyny derrew çagyrdyp ýanyna getirdýär we: "Ol oglanyň başyny kesdiňmi, eger kesen bolsaň onuň mazary nirde?" diýip soraýar. Onda ol adam: "Ýok, kesemok ol oglan şindi diri, ony men öz öýümde saklaýaryn" diýip, jogap berýär. Bu sözi eşidenlerinden soň patyşa we aýaly edil täzeden tapyşan ýaly bolýarlar. Tukatlyk we gamgynlyk ýaly  zatlar düýbünden ýatlaryndan çykýar we bir-birlerinden gaty hoşal bolýarlar. Şonluk bilen hem ol oglany derrew öz ýanlaryna getirýärler we onuň öldürilmän galmagyna tükeniksiz şükür edýärler.

Toty bu hekaýany şu ýere gelýänçä aýdyp bes edýär-de, Hüjestä garap:

–Eý bikäm! Sen hem şu zeýilli iş başyňa düşäýse, şunuňky ýaly päkligiňi mälim etgin– diýýär. Hüjeste bu gezek hem ýigidiň ýanyna ugramakçy bolup, daş işige çykýar. Bir görse, horazlar gygyryşýar we daň hem atypdyr. Şol zerarly bu gije hem wadasyna ýalançy bolup aşygynyň ýanyna gidip bilmän ýatyp galýar.

Ertesi Hüjestäniň äri Meýmun hem sapardan öz öýüne gaýdyp gelýär. Görse, beýlekiler bar emma Şarigi görmeýär. Onuň üçin hem: "Hany Şarik, oňa näme boldy, ol nirde – diýip, soraşyp başlaýar.

Aýaly Hüjeste jogap berip ýetişmänkä toty: "Şarigi we Hüjestäniň ahwalyny menden soragyl" diýýär. Onda Meýmun: "Hany, aýt eşideli!" diýýär.

Şonuň bilen hem toty, Hüjestäniň ahwalyny, bir ýigide aşyk boluşyny, her gije daň atýança hekaýat aýdyp berip, ony şu çaka çenli goýbermän saklaşyny we Şarigi bolsa Hüjestäniň pylçap ýere urup öldürişini birin-birin doly beýan edýär. Bu sözleri eşidýärde Meýmun dergazap bolup, aýaly Hüjestäniň şol wagtyň özünde ýoguna ýanýar.

## PERZENT

Gadym zamanda, bir şa bar eken. Günlerde bir gün iki sany aýal şanyň ýanyna gelipdir-de: "Şa ikimiziň size arzymyz bar tagsyr" diýip, ýüz tutanlar. Şa hem: "Aýdyň" diýenmişin.

Gepiň tümmek ýeri, uzyn sözüň gysgasy, ol iki aýalyň birisiniň ogly bar eken. Ol çaga iki-üç ýaşlaryna ýetende çagany ikinji aýal ogurlapdyr we ony terbiýeläpdir. Çagany tapyp tanandan soň, onuň hakyky dogran enesi: "Çaga meňki" diýip, dawa tutup başlapdyr. Bu dawany çözmek üçin bolsa şanyň ýanyna gelipdirler.

Gepuň tümmegi çaganyň hakyky enesi däl-de, ony ogurlan aýal çaga edinip ýörenmişin. Çaga-da: "ejem" diýip, diňe şony görkezýärmiş. Şa oýlanyp-oýlanyp dawanyň arasyny açyp bilmän görgä galypdyr. Şu iki arada bu işiň arasyny açyp bilmän kakasy kösenip oturandan soň, şahyň 13 ýaşly ogly kakasyna ýüzlenip: "Kaka, rugsat etseň bu işiň arasyny men çürt-kesik açaýyn" diýipdir.

Kakasy: "Aç oglum göreli, "düýe garrasa köşegine eýerermiş" diýipdir, köneler".

Oglan: "Kaka, siz olara "men şu ýalňyz çagany dikligine iki bölüp, her biriňize ýarty çagadan berjek" diýiň. Ana, şonda çaganyň hak enesi belli bolar" diýip, öwredenmişin.

Şa hem oglunyň aýdyşy ýaly, aýallara: "Çagany dikligine iki kesip, her biriňize ýarty oglan bölüp berjek" diýen. Çagany ogurlan aýal bada "bölüň-bölüň el ýaly ýetse-de, aljak" diýenmiş. Çagany dogran hakyky enesi bolsa, ýüregi ýarylan ýaly ör-gökden düşüp, "Bölmäweriň balajygymy, beräýiň bu aýala" diýipdir.

Şa çagany "bölmäň" diýen aýala berip, beýlekini bolsa: "Bar nepiňden galma" diýip, kowup goýberenmiş.

## ENE SÜÝDI

Gadym wagtlarda bir garry ene ýaşap, onuňam ýer ýüzünde ýekeje ogly bolupdyr. Ene ony özi iýmän iýdirip, geýmän geýdirip, daýaw, sagdyn ýigit edip

ýetişdiripdir. Bir gezek oba ýagy dökülip, şol söweşde ýigit edermenlik görkezip, at-abraýa eýe bolupdyr. Ýigidiň görkezen gahrymançylygy patyşa ýetip, patyşa ony öz goşunyna serkerde edip belläpdir.

Patyşa ýigide göwni ýetensoň, oňa öz ýalňyz gyzyny nikalap, toý tutup berip, köşkde saklaýar.

Günler aýlanyp, ýyllar geçip patyşa amanadyny tabşyrandan soň, şol ýigit patyşa bolup, onuň at owazasy dünýä ýaýraýar. Emma aradan  ençeme ýyl geçse-de, şol abraýly patyşanyň özüni adam eden enesi ýadyna düşmeýär.

Bu ýagdaýyň tersine, enesi oglundan göwün-kine etmän, onuň ýüzüni görüp, didaryndan doýmak üçin köşke gelýär. Emma köşküň ýasawullary enäni köşge goýbermeýärler. Garry ene özüniň patyşanyň enesidigini aýdanyndan soň, ony oglunyň huzuryna eltýärler.

Patyşa garry eleşan aýaly görüp: "Ony güm ediň, meniň beýle enem bolmaz" diýip, garryny kowup goýberýär.

Göwnüne deglen garry ene: "Oglum, men saňa ak süýt berip adam etdim. Sen bolsaň meniň azabymy ýüzüme urduň. Pikir etme, men seniň köşgüňe zada mätäç bolup gelmedim, Hudaýa ýüz-de müň şükür, meniň ilim-günüm bar, kem zadym ýok. Men seniň didaryňa zar bolup geldim, sen ony maňa rowa görmediň. Saňa beren süýdüme razy däldirin" diýipdir.

Onda patyşa garra ýüzlenip: "Ene, sen ene süýdüň gürrüňini edýäň, gerek bolsa, men saňa näçe küýze diýseň süýt tapyp bereýin" diýipdir. Garram: "Asyl sen maňa ýekeje käse süýt tapyp berip bilseň, men razy" diýipdir.

Patyşa öz ýurduna jar çekdirip, öýme-öý aýlanyp, süýdüň agramyna görä gyzyl berjegini aýdypdyr, emma çagasynyň agzyndan kesip patyşa süýdüni berip biljek ene tapylmandyr. Patyşa ene süýdüniň hiç bir zat bilen, gyzyl bilen-de, kümüş bilen-de çalşylmaýanlygyna, onuň mukaddesligine göz ýetirip, enesinden ötünç sorap, ony köşge ýaşamaga çagyrýar. Emma göwnüne deglen ene razy bolmaýar.

## AKYLLY OGLAN

Öňki zamanda bir basybalyjy han bolupdyr. Ol öz gylyjynyň we golunynyň güýji bilen köp şäherleri we ýurtlary zorluk bilen basyp alypdyr. Soňra ol kiçiräk bir türkmen obasyny gan çaýkap özüne tabyn etmek üçin şol obanyň bir çetine gelip çadyryny dikipdir we özüniň şeýle permanyny ýaýradypdyr: "Kim meni söz bilen ýa-da güýç bilen ýeňse, oba degjek däl. Ýeňip bilmeseňiz ýerden ýöräniňizi gyrjak" diýipdir.

Obada ähli halaýyk ýygnanyşyp maslahat geçiripdirler. Ahyrda şeýle netijä gelipdirler. Ýagny, bäş-alty sany oba ýaşulusyny töwella goýbermeli. Ol ýaşulular hem hanyň ýanyna baryp: "Biz Hudanyň bendesi, biziň hiç kime zyýanymyz degenok, biz azat erkin, parahat ýaşamak isleýäris" diýip, aýtmaly.

Şeýlelik-de, ýaňky ýaşulular hanyň ýanyna baryp, ýaňky sözleri aýdypdyrlar. Han bolsa: "Meni şu ýerik kim getirdi" diýip, baran ýaşulylardan sorapdyr. Ýaşulular bolsa: "Sen Hudaý tarapyn gelipsiň" diýipdirler.

Han bulardan başga hiç zat soramandyr, geplemändirem-de ýaňky ýaşululary öldüripdir.

Soňra halaýyk ikinji gezek maslahat edip, adamlaryň ikinji tapgyryny goýberipdirler.

Ikinji baranlar hem birinji töwellaçylaryň aýdanlaryny aýdýarlar. Han bulara-da ýene öňki soragyny beripdir. Töwellaçylar hem: "Seniň özüň geldiň" diýipdirler. Han bularyň hem kellesini alypdyr.

Üçünji gezek halk ýygnanyşyp näme etjeklerini bilmändirler. Güýç bilen hany ýok etmäge halkyň güýji ýetjek däl. SöÇ bilenem onuň haýsy tarapyndan baryp ýeňjek. Baranyňam kellesini alyp otyr. Halk çykgynsyÇ ýagdaýda galýar.

Şol maslahatda märekäniň çetinde oturan bir ýaş ýigit ýerinden galyp oturanlara ýüzlenip şeýle diýýär: "Eger meniň talapymy ýerine ýetirip bilseňiz, men synanaýyn diýýär we bir garry düýe we erkeç tapyp bermeklerini soraýar. "Meniň özümde bolsa hiç hili malym ýok" diýip, hem dogrujasyny aýdýar.

Halk bada düýe bilen erkeji tapyp beripdirler.

Oglan düýäni münüp, geçini bolsa öňüne alyp, hanyň çadyrynyň ýanyna barýar. Han baran ýigide göwniýetmezçilik bilen: "Eri ýigit, näme işe geldiň? Maksadyňy aýdyp otur" diýýär.

Oglan öz halkynyň isleglerini hana aýdýar. Han ýigide:

— Hany ýaşulyňyz bolmazmy siziň gürleşer ýaly" diýýär. Onda ýigit:

— Ýaşuly gerek bolsa, halha dur – diýip erkeji görkezýär.

— Has garrysy gerek bolsa olam gapdalynda dur – diýip, düýäni görkeÇýär, hem: "Şulardan başga sen biÇde ýaşuly goýduňmy, garry goýduňmy? Başga-da näme adam bilen gürleşjek bolsaň, ynha men bar" diýibem üstüne goşýar.

Han ýigidiň gürrüňlerine geň galyp, esli salym böwrüni diňläp oturýar. Ahyrda oglana hem: "Meni bu topraga kim getirdi" diýipdir. Oglan az salym pikirlenip oturandan soň şeýle diýipdir:

— Seni biziň pälimiz getirdi. Biz päli ýaman.

Bu ýigidiň han düşünse seni bize päliň getirdi. Seniň päliň ýaman diýdigidi. Mundan-da han oglana şeýle diýipdir: "Dogry, sen bu aýlawly sözleriň bilen diňe öz janyňy gutaryp bildiň, obaňy bolsa gyrjak. Ýöne indi senem näme islegiň bolsa aýt, men şony bitirin" diýipdir. Onda ýigit:

— Maňa diňe bir öküziň hamynyň ýetjek ýerini berseň bolýar diýipdir. Han köp pikir edip içini hümledip oturypdyr. Onuň göwnüne güman gidipdir. Bir öküziň hamynyň ýetýän ýerinde tükenmez hazyna ýa-da ýene bir şonuň ýaly bir baýlyk barmyka? – diýip ýaýdanypdyr. Ahyrda öz beren sözüniň üstünde tapyljak bolup, razy bolupdyr.

Ýigit obasyna gelip maslahat edip bir uly öküzi soýdurypdyr. Onuň etini garyplara paýlap, hamyny bolsa bütin alypdyr we ýedi-sekiz sany ökde ussany tapyp, olara hamy inçejik ýüplük ýaly edip gyýyp biri-birine seplemegi tabşyrypdyr. Şeýlelikde hamdan uzyn ýüplük emele gelipdir. Ýigit ýaňky hamdan edilen ýüplügi obanyň üstünden atanaklaýyn günbataryndan gündogaryna we demirgazygyndan günortasyna ýetiripdir.

Birnäçe günden soň han ýigidiň ýanyna gelipdir. Ýigit öküziň hamynyň ýeten ýerini hana görkezipdir.

Han oglanyň eden işine we akylyna gaty geň galyp hiç kime hiç zat diýmändir.

Şeýlelikde, oglan bütin obasyny ölümden gutarypdyr.

## MYHMAN ATAŇDAN ULY

Gadym zamanda bir ýigit öýlenmekçi bolupdyr. Oňa durmuşa çykjak gyz ýigidiň öňünde şert goýanmyşyn. Eger şol şerte razy bolsa oňa durmuşa çykjakdygyny aýdanmyşyn.

Şerte görä, ýigit hiç wagt yzyna adam düşürip öýüne myhman getirmeli dälmişin.

Ýigit şol şerte razy bolup öýlenipdir. Bir gün gije ýatyrkalar daşardan bir ses eşidilipdir. Ýigit daş çykyp seretse, bir adam sowukdan ýaňa gagşap durmuş. Eden şerti ýadyna düşen öý eýesi ötegçiniň bolup durşuna gynansa-da, ýaýdanyp ol adamy öýüne çagyryp bilmändir. Ýöne öýüne girip, aýalyna gören wakasyny aýdypdyr we "Adamçylyk edip sowukda myhmany öýe salaýsa-ga, alkyş alardyk" diýip, aýalyna ýalbarypdyr.

Aýaly:

– Eger bir adam bolsa salaý, diýip razylyk beripdir.

Ýigit ol adamy öýe çagyrypdyr welin öýe iki adam giripdir. Ertesi myhman gaýtjak bolanda olar üç bolupdyrlar.

Myhman gaýdandan soň, aýaly ýigide igenipdir:

– Sen myhman ýeke adam diýip iki adam alyp geldiň, birinem aýnadan salan bolmaly, göreňokmy olar gidenlerinde üç bolup çykyp gitdiler.

Adamsy bir wagt kakasynyň myhman hakynda aýdyp beren gyzykly gürrüňi ýadyna düşüp, aýalyna ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Agşam-a öýe çagyranym bir adamdy, girende iki bolup girdi. Sebäbi ikinji giren myhmanyň ryskydy, üç bolup çykyp gidenleriniň sebäbi, myhman derdi-belalarymyzy hem alyp gidipdir. Onuň yzyna düşüp haýdap barýan şol seniň üçünji adam diýýäniň. "Myhman atańdan uly" diýip, ata-babalarymyz ýöne ýere aýtmandyr.

# PERZENT

Gadym zamanda bir daýhanyň üç sany gyzy bar eken. Onuň gyzlarynyň üçüsi hem ýetişen ekeni. Günlerde bir gün onuň aýaly wagty ýetip, ýurduny täzeläpdir. Soň ol adam bir aýal alanmyş. Ol aýalyň gyr kakyny üç gyz bolanmyş. Nahary hem ol diňe gije gyzlary ýatansoň, ogryn iýer eken.

Bir gün iň kiçi gyzlary uklaman eneliginiň ogryn nahar iýýänini görüpdir. Olam turupdyr-da eneliginden galan nahary gije iýenmiş. Ertesi öwEý ene görse, galan nahar ýok. Ol aýal çişip bolmajysy bolupdyr:

— Är han, men gitjek, seniň bu doýar-dolmaz hajrowlaryň derdinden agzyňa nahar ýetenok. Onda äri:

– Gitme, keýwany, diliň geplese bolar. Sen näme isleseň, men şony ederin diýipdir. Aýal:

– Diýenim bolýar dälmi? Onda men aş saýlaýaryn, maňa şu üç gyzyňy öldürip, bagryny alyp ber. Şuny etseň-ä bar, ýogsa-da gitdim diýip, hekerjekläpdir.

Gyzlaryň kakasy olary öldürmäge dözmänmiş-de: "Ýörüň gyzlarym, igde çöplemäge tokaýa gideliň" diýip, üç gyzyny hem tokaýa alyp gidenmiş. Eltibem olara şeýle diýipdir: "Gyzlarym asmana garamaň-da igde çöpläberiň. Eger-de asmana garasaňyz, onda kakaňyz garga öwrüler" diýipdir.

Gyzlar kakalarynyň gürrüňine geň galypdyrlar. Ýöne, ynansalar, ynanmasalar onuň islegini berjaý edipdirler.

Gyzlar gün ýaşýança igde çöplänmişler. Ahyr kiçi gyz ýüregi gysyp asmana garapdyr weli, güýz aýy bolansoň, igde-de gargalar oturanmyş.

— Wah kakam jan, aýdyşy ýaly garga bolaýypdyr, diýip gargalary doganlaryna görkezipdir.

Gije üç gyz aglaşyp meýdanda ýatypdyrlar. Ertesi irden bularyň ýanyna üç sany ýaş ýigit gelipdir. Olar:

— Gyzlar, siz bu ýerde näme üçin otyrsyňyz?! diýşip, gezekli-gezegine sorapdyrlar. Gyzlaram bolan wakany bolşy-bolşy ýaly edip aýdyp berenmişler.

Onsoň üç ýigidiň biri: Siziň eliňizden nähili hünär gelýär? diýip sorapdyr. Iň uly gyz aýdypdyr:

— Men köp ogul doguryp bilerin.

Ortanjysy aýdan:

— Men bolsam bir gozadan köýnek hem balak dokap bilerin.

Iň kiçisi aýdan:

— Menem bir däne bugdaýdan hem nan, hem aş edip bilerin.

Ol üç ýigidiň birisi baý ekeni, emma aýalyndan perzendi bolmaýar eken. Ol gyzlaryň "köp ogul dogrup bilerin" diýenine öýlenýär. Ol iki ýigit hem öýlenmedik garyp ýigit eken. Olaryň hem gyzlaryň hersi birine öýlenýär.

Uly gyzy alan ýigidiň öňki aýaly gaýynenesine:

— Eý gaýnym, gaýyn janym, meniň çagam bolanok, bu gelmişek gelniňiz köp ogul dogursa, men nalaçlar ederin. Ogluňyz ýüzüme-de seretmez diýen. Onda gaýny:

– Sen arkaýyn bol gelnim, men özümjik bir zat ederin diýen.

Şeýlelik bilen ýigidiň ejesi obalaryndan pişik-güjük çagalaryny ýygnaşdyryp, bir ýerde ogrynça bakyp ýörenmiş.

Aýy güni ýeten täze gelniň ogly bolýar, gaýyn bolsa göbegini kesip, bir sandyga salyberen. Her ogly bolanda daşary bir pişik ýa güjük çagany oklaberen. Soň çagalaryň sany eslije bolandan soň olary sandyga salyp derýa akdyryp goýberen.

Aradan esli wagt geçipdir. Ýigit gelinden ogla garaşypdyr. Ogul ýok diýýär. Jaýynyň töweregi bolsa harys urşup ýören pişik bilen güjükden doly diýýär.

Bir gün ýigit ejesinden: "Eje, bu belalar näme?" diýip, sorapdyr. Onda ejesi:

– Seniň şol ýaraşykly gelniň ogla derek dogran jandarlary diýenmiş.

Baý ogly gaharyna pişikdir-güjükleri howludan aşyryp zyňypmyş.

Indi habary derýa taşlanan sandykdan alyň.

Sandyk derýa bilen akyp gidiberipdir. Derýanyň boýunda bir garryja baba aýaly bilen ýaşaýar eken. Garryja babanyň kempirinden başga ýekeje garry eşegi

bar eken. Goja derýadan akyp gelýän porruklary (ýekeniň damary) çöpläp şony satyp günamasyny dolar eken.

Bir gün gojanyň gözi, derýadan akyp gelýän sandyga düşüpdir. Goja ony tutup, alyp öýüne getiripdir, içini açsa "ene-de ata, mama-da–baba" boluşyp, ýaňyja aýak bitenje hem oňa görä ulurak oglanjyklar çykanmyş. Böküşip töweregi alaýaz edýän çagajyklara gözi düşüp, iki garry begençlerinden tas uçan ekenler.

Ertesi goja oglanjyklary-da derýanyň boýuna alyp gidipdir. Ýaş ýigidiň ýoly bularyň üstünden düşüpdir. Ýigit imrinip çagajyklara esli salym seredip durupdyr-da, haýran galyp goja ýüzlenipdir:

— Çagajyklaryňyzyň bary eşiksiz-le ýa bilgeşleýin etdiňizmi?

Onda goja:

— Aý oglum, garybyň çagasy eşiksizem oňar, kempirim olaryň haýsy birine eşik tiksin, in-dä gözem çöňňelipdir – diýen.

— Bardyr-a öz ejesi-kakasy, eşigi näme olara enesi tikmelimi? diýip ýigit ýene sorag beripdir.

— Bujagazlaryň ejesi-kakasy ýok, diýip goja çagalary gabansa-da sandykly wakany ýigide gürrüň beripdir.

Birden ýigit goja:

— Gel, babam, sen şujagazlary maňa ber, özüňdenem gowy seredeýin, ýaşajyk gelnim bar, ýöne perzende zar biz. Eliňe-de ýüz müň tylla bereýin – diýen.

Goja:

— Men bir hany, kempirime sala salaýyn. Bizden oňat seretjek bolsaňyz, onam kempire düşündireli. Hany näme diýýär.

Ýöne tyllaly gürrüňiňi oňa aýtma, çaga satyn alynýan däldir.

Ýigit çagalar elinden gidip barýan ýaly aljyrap:

— Ýok, ýok, men tyllany size sowgat bermekçi diýipdir.

Çagajyklara imrinen kempir, olary ýigide berip goýbermäge birbada razy bolmandyr.

Ýöne gojanyň şojagaÇ gaÇanjy bilen olary eklemegiň kyndygyny hem oýlanyp görüpdirdir. Ýigidem ýalbaryp durandan soň ahyr ylalaşypdyr.

Ene ýüregi çagalary görenden tanapdyr.

Ýigit bu zatlaryň anygyna ýetip, başky aýalyny öýden çykaryp kowup goýberipdir. Enesine bolsa:

— Beren ak süýdüň üçin saňa jeza berip bilmerin, eje, jezany ynsabyňdan çek diýipdir.

Ýigit soň çagalaryny halas eden iki garryny ýanlaryna göçürip getirip, olary Çada Çar etmändir. Garrylar hem çagajyklara guwanyp ýaşaberipdirler.

## PATYŞA WE DÖRT OGRY

Bir bar eken bir ýok eken, gadym eýýamda bir adyl patyşa bar eken. Ol patyşanyň bir-iki sany gowy görýän weziri hem bar eken.

Bu patyşanyň käri, gündizine ýurdy dolandyryp, gijelerine özüni bir galandar sypatyna salyp, şäher köçelerinde gezip aýlanyp ýörmek ekeni.

Günlerde bir bu patyşa gije bir çene baranda galandar sypatyna girýär-de, şäher köçelerine aýlanyp başlaýar. Ol gidip barýarka, öňünden bir adam çykan. Patyşa oňa: "Kimsiň, näme işleýärsiň?" diýip, sorag beren.

Ol adam:

– Aý şu bimahal çagy gezip ýöreniňem, näme işläp işlemezi bolarmy diýen.

Onda patyşa oňa "Hany onda bärik gel, ikimiz dertdeş ýaly-la" diýen.

Ol adam sowulyp patyşanyň ýanyna gelen. Oňa deňeç, olaryň gabadyndan ýene bir adam geçip ugran. Patyşa ony hem çagyran. Ol adam hem öz maksadyny aýdanmyş.

Soň ýene birki sany adam görünen. Olary hem özlerine goşanlar. Soňkylar hem özleriniň ogurlyk etmäge barýandyklaryny, bassyr-ýussursyÇ boýunlaryna alypdyrlar.

Şeýdip, bular patyşa bilen bäş adam bolup, etmeli işlerini, gitmeli ýerlerini oturyp maslahat edenler. Soň patyşa:

– Ýigitler, geliň ilki bir-birimiziň häsiýetimiz, kärimiz bilen tanyşalyň, kimiň elinden näme gelýär, onsoň biziň etjek işimiz tälim bolar diýen.

Bularyň biri: "Meniň elimden gelýän zat itleriň diline dşdünýärin" diýipdir. Beýlekisi: "Men bir doga bilýärin, şonuň güýji bilen dünýäde näçe berk gulp bolsa-da, ony açýaryn" diýip, aýdan.

Başga biri: "Men bir doga bilýärin, onuň güýji bilen hiç kimiň gözüne görünmän, etjegimi edip bilýärin" diýen.

Dördünjisi:

— Meniň elimden gelýän zat ýok, ýöne gara hyzmatdan gaçýan adam däl. Ýeriň astyndan ýol gazmaly, ýük götermeli bolsa-da güýjümi gaýgyrýan adam däl diýen. Soň patyşa: "Beýle bolsa, hany onda nirä gideris" diýen.

Ýoldaşlarynyň biri:

– Aý gitmesine-hä ynha pylan söwdagär, ýaňy pylan ýurtdan gelipdir, zady örän köp getiripdir, şoňa gidäýeris, ýöne, hany seniň eliňden näme iş gelýär diýip patyşa ýüzlenipdir.

Patyşa:

– Meniň elimden gelýän zat, eger-de siz gola düşäýseňiz, her hili ýagdaýda-da, hat-da dara çekjek bolsalar-da men sizi ölümden sypdyraryn diýen.

Ýoldaşlar bir ýurtdan gelen söwdagäriňkä gitmekçi bolupdyrlar.

Patyşa:

— A-how, dostlar, her haýsymyzyň elimizden bir kär gelip durka, biz näme diýip söwdagäriňkä, ýa-da ýene biriniňkä gitmeli. Ynha, patyşanyň hazynasyny ýaryp bilsek weli, bize tä ölünçäk eklenç bolar, ýörüň köşge gideliň diýipdir.

Birimiz her hili berk gulpy açyp biljek bolsak, ýene birimiz hiç kime görünmän ogurlyk edip biljek bolsak, ýene birimiz itiň diline düşünsek, beýlekimiz bardy-geldi tutulaýanymyzda-da, ölümden gutarjak bolup durkak gideliň, patyşanyň hazynasyna diýen.

Şunluk bilen bular maslahatlaryny bir ýere jemläp, patyşanyň hazynasyny ýarmaga ugrapmyşlar.

Bäşisi bäş ýerden, patyşanyň howlusyna girenlerinde, it üýrmäge başlapdyr.

Patyşa ýoldaşlarynyň birine:

— Ýeri, itiň diline düşünýän bolsaň, aýt, it näme diýip üýrýär – diýen. Ýoldaşy:

— Şu gelýänleriň arasynda patyşa bar diýip üýrýär – diýen. Onda ýoldaşlary:

— Aý akmak, dile düşünişiňmi şu. Gijäniň bir wagty biziň ýaly ogrylaryň arasynda patyşa näme işlesin – diýişip gülüşenler.

Şeýdip, olar patyşanyň gaznasynyň saklanýan jaýyna baranlar, görenler, ol gulply eken. Ýaňky gulplary açyp bilýän garawula duýdurman gulplary açypdyr-da özünden göwni hoş: "Ynha muňa patyşanyň hazynasy diýýärler" diýen. Hälki göze görünmeýäni orta çykanlar we oňa: "Sen baryp bäş-alty çuwaly doldur" diýenler. Göze görünmeýän baryp, derrew ýeke-ýekeden bäş-alty çuwaly gyzyldan dolduryp ýoldaşlarynyň ýanyna süýräp getiren. Duranlaryň her haýsy bir haltany alyp, öz öýlerine gaýdanmyş. Emma bu wakany patyşanyň garawullaryndan hiç biri duýmandyr. Oňa deňiç hem ýalançy ýagtylypdyr.

Daň atypdyram welin, ynha, "hazyna ýarylypdyr" diýip, şähere gowur düşen.

Wezirler ylgaşyp baryp, patyşa habar berenler.

Patyşa çar tarapa adam iberip, ogrylaryň dördüsini hem tapyp zyndana saldyrypdyr.

Ogrylar zyndanda otyrkalar derdinişipdirler: "Wah, biziň şol her iş düşse sypdyraryn" diýen ýoldaşymyzy tutup bilmändirler, bolmasa, onam tapdyralyň, belki kömegi deger".

Ogrylar öz aralarynda maslahat edýärler-de, şeýle-şeýle biziň ýene bir ýoldaşymyz bolmaly, diýişip şugullaýarlar. Wezirler, ýasawullar ogrylaryň sözlerini patyşa habar berenmişler.

Patyşa: "Bolýar, ony hem taparys" diýipdir-de, «ogrylary getiriň-de dardan asyň" diýip, buýruk beren.

Wezirler jellatlary çagyryp, ogrylary hem zyndandan getirip, dar agajynyň astyna alyp baranlar.

Bäşinji ýoldaşlaryndan hem tamalary çykmandan soň ogrylar bir-biri bilen razylaşyp, janlaryndan umyt üzüpdirler.

Ýüpi "çek-hä çek" bolşup durkalar, patyşa:

— Ogrylary dara çekmäň, boşadyň-da, hammama salyp, täze eşik, halat beriň, soň meniň ýanyma alyp geliň – diýip, buýruk beren.

Patyşanyň buýrugyny derrew ýerine ýetiripdirler. Ogrylary hammamda suwa düşürip, eşik beripdirler-de: "Hany ýörüň patyşanyň ýanyna" diýipdirler. Ogrylar patyşanyň huzuryna baryp, öz gözlerine ynanmajak bolupdyrlar, patyşa diýilýäni bularyň bäşinji ýoldaşy bolsa näme?

Patyşa ogrylary gören dessine ýerinden turup, olara hezzet-hormat edip, nahar-çaý berdiren. Nahar-çaýdan köklänlerinden soňra, olara:

— Ýeri dostlar, men sözümiň üstünde tapylyp bildimmi? – diýen. Ýoldaşlary geň-taň galyp, hiç hili jogap bermändirler.

Patyşa olaryň her birine özüne mynasyp kär berip, öz ýanynda alyp galan. Şeýdip, bular ogurlygy goýup, her haýsy bir kethuda bolupdyr, gulplary açyp bilýän hazynaçy bolan, göze görünmän zat alyp bilýäni bir aýýar edip belläpdirler. Itiň diline düşünýäni bolsa wezir edipdirler, dördünji birini bolsa goşunbaşy edenmişler.

Bularyň gitdigiçe abraýy artyp başlapdyr. Patyşa bulardan bimaslahat hiç bir iş etmändir. Patyşanyň bulary ileri tutup, her bir işde olara sala salmagy öňki wezir-wekillere ýaramandyr. Olar:

— Biziň patyşamyz birnäçe ölümli günäkärleri, ogrylary, özüniň hazynasyny ýaran adamlaryň günäsini geçdi-de, özüne wezir we ygtybarly adamlar etdi, biÇi gyraklatdy, siltedi. Edişi şu bolsa bizem dek ýatmalyň – diýişip geňeş edenler. Bu geňeşi hälki göze görünmeýän aýýar aňan. Emma ol göze görünmänden soň, wezir-wekiller aýýaryň aňanlygyndan bihabar galýar.

Şonluk bilen, wezirler şeýle netijä gelýärler. Patyşany awy berip öldürmeli, onuň ýerine täze bir patyşa saýlamaly. Bu ýagdaýda täze patyşa bellenende, ilat biziň yzymyza düşer. Sebäp diýseň ogrylary ölüm günäli adamlary halk bilýär. Eger-de täze patyşa saýlap bilsek, onuň üsti bilen biz bularyň başyna ýetip bileris.

Şeýlelik bilen, wezirleriň biri patyşany myhmançylyga çagyryp, onuň naharyna awy atyp, öldürmekçil bolýar.

Aýýar hem duýdurman olaryň yzyna düşüp ýören. Wezir agşam patyşany çagyryp mEý berip mes edip, kelleleri gyzanda: "Nahar getiriň" diýip, buýruk beren.

Aşpezler derrew nahary getirip, goýýanlar. Hälki wezir ýaňky awy sepilen aşy patyşanyň öňünde goýan.

Patyşa nahara elini uzadandan, beýlekileriň şeraply käsäni başlaryna çekmäge duranlaryndan peýdalanyp, häki aýýar ýaňky patyşanyň öňünde goýlan awyly çanagy weziriň öňüne süýşürip, weziriň iýjek aşyny patyşanyň öňüne goýup ýetişýär.

Şeýlelikde, wezir öz gazan çukuryna özi düşüp, patyşa derek amanadyny tabşyrýar.

Patyşa entek bu bolýan işden habarsyz galýar.

Weziri uly matam tutup, oňa uly hormat-sylag edip, jaýlaýarlar. Patyşa weziriň maşgalasyna kän kömek belleýär.

Ýaňky wezir bilen maslahat eden adamlar bolsa, bu işe aňka-taňka bolup galýarlar we maslahaty ikinji gezek hem birikdirýärler. Aýýar ony-da duýýar.

Şonluk bilen, ýene-de bir wezir, patyşany nahara çagyryp, awy bermekçi bolup, patyşanyň öňünde nahar goýan.

Aýýar ýene-de bir tär bilen ikisiniň naharyny çalyşan. Ahyrda ýene-de bir-iki gün geçensoň, patyşa zat bolman wezir ölen. Bu ýagdaý wezir-wekilleri oýlandyrýar. Olar bu gezek nahary aşpezlere ynanman, özleriniň birine ynanyp awyny şoňa atdyrmaly diýen netijä gelýärler.

Aýýar bu sapar hem olaryň yzyna düşüp ýörýär.

Ahyr ýene bir gün wezirler meýlisi gyzdyryp, patyşanyň başyny aýlaýarlar-da, häki awyly nahary onuň öňünde goýýarlar.

Aýýar gelip tapyp weziriň öňündäki tabagy patyşanyň öňüne, patyşanyň öňündäki tabagy weziriň öňüne süýşürýär. Ýöne bu gezek onuň hereketini hemmeler görýär.

Wezirler gorkup, ýaňky nahary yzyna gaýtarmakçy bolýarlar, şol wagtda aýýar patyşanyň gözüne görünmän, gulagyna ýuwaşja çawuş çakan: "Kyblaýy älem, siz şol özüňize goýulan nahary gapydaky ite berdirip görüň.

Patyşa ol nahary itiň öňüne dökdürýär welin, it derrew ölýär.

Patyşa päliýaman wezirleri bada tussag eden. Aýýar bolsa patyşanyň huzuryna gelip, bolan wakalary doly gürrüň beren.

Patyşa bu aýýara köp sylag berip ony, özüne wezir bellän hem ynamdar adamlaryny töweregine jemläp, rahat ýurdy dolandyrmaga başlanmyş.